# Döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin IKT Akademiýasy

## Modul 3

# Elektron hökümeti ulanmak

Nag Ýeon Li

ÖSÜŞ ÜÇIN INFORMASIÝA WE KOMMUNIKASIÝA
APCICT TEHNOLOGIÝALARY BOÝUNÇA AZIÝA–ÝUWAŞ OKEAN
OKUW MERKEZI

UDK 004
BBK 32.88
N 16

IKT Akademiýasynyň döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin modullarynyň tapgyry

Nag Ýeon Li

Modul 3: Elektron hökümeti ulanmak

ISBN 978-9967-25-632-3
ISBN 978-9967-25-638-5 (umumy)

Bu iş Creative Commons Attribution 3.0. ygtyýarnamasy boýunça goýberildi. Ygtyýarnamanyň nusgasy http://creativecommons.org.icenses/by/3.0/ salgy boýunça elýeterlidir.

Bu çap edilişde beýan edilen pikirler, suratlar we bahalandyrmalar boýunça jogapkärçilik awtorlardadyr, hem-de olar hökmany ýagdaýda Birleşen Milletler Guramasynyň makullan nukdaýnazary ýa-da materiallary hökmünde seredilmeli däldir.

Bu çap edilişdäki ulanylýan belgilemeler we materialy beýan ediş ol ýa-da beýleki ýurduň, territoriýalaryň, şäheriň ýa-da etrabyň, ýa-da olaryň administrasiýasynyň, ýa-da olaryň serhetleriniň delimitasiýasynyň hukuk statusy barada Birleşen Milletler Guramasynyň Sekretariatynyň adyndan haýsy hem bolsa bir pikiri aňlatmagy göz öňünde tutmaýarlar.

Firmalaryň ýa-da telekeçilik önümleriniň atlarynyň ýatlanylmagy olaryň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan makullanylmagyny aňlatmaýar.

Ösüş üçin Informasiýa we Kommunikasiýa Tehnologiýalary boýunça
Aziýa-Ýuwaş okean okuw Merkezi (UN–APCICT)
Bonbudong, 3-nji gat, Songdo Tehniki Parky,
7-50 Songdo-dong, Yeonsu-gu, Inçeon şäheri, Koreýa Respublikasy

Telefon: +82 32 245 1700-02
Faks: +82 32 245 7712
Elektron poçta: info@unapcict.org, http://www.unapcict.org

H 2303010000-09 UDK 004
ISBN 978-9967-25-632-3 BBK 32.88
ISBN 978-9967-25-638-5 (umumy)

Awtorlyk hukuklary degişlidirler © UN –APCICT 2009

## DÖWLET DOLANDYRYŞYNYŇ LIDERLERI ÜÇIN IKT AKADEMIÝASYNYŇ MODULLARYNYŇ TAPGYRYNA SÖZBAŞY

21-nji asyr globallaşýan dünýäde adamlaryň artýan özara baglanyşygy bilen häsiýetlenýär. Bu adamlaryň durmuşyny ymykly gowulandyryp we garyplygy azaltmaga hemaýat berip biljek täze tehnologiýalaryň, zerur maglumatlara we bilimlere elýeterliligiň giňeldilmeginiň kömegi bilen adamlaryň millionlary üçin mümkinçilikler açylýan dünýädir. Emma bu diňe, eger-de, ösýän özara baglanyşyk gymmatlyklaryň alyş-çalşygy, progresiň ähli halklara gulluk edýän ählumumy we durnukly ösüş üçin eýerjeňlik we raýdaşlygy bilen ugurdaş alnyp barlan ýagdaýynda mümkindir.

Informasion–kommunikasion tehnologiýalaryň (IKT) ösüşi babatynda soňky ýyllarda Aziýa we Ýuwaş okean "üýtgeşik ýokary derejede sebit" boldular. Halkara elektriki aragatnaşyk Birleşiginiň maglumatlaryna görä sebitde fiksirlenen aragatnaşygyň müşderileriniň 2 milliarddan köprägi we mobil aragatnaşygyna ýazylanlaryň 1,4 milliarddan köprägi ýaşaýar. 2008-nji ýylyň ortasynda diňe Hytaýda we Hindistanda dünýäniň mobil telefonlarynyň dörtden biri bar diýlip hasaplanyldy. Aziýa – Ýuwaş okean sebitine dünýäniň Internet ulanyjylarynyň 40 göterimi düşýär we dünýäniň möçberinde 39 göterim paý bilen giň zolakly Internediň dünýäde iň uly bazary bardyr.

Çalt tehniki progresiň fonunda köpler sifrleýin deňsizligi aradan aýyrmagyň mümkinçiligi barada soragy özlerine berdiler. Gynansak hem, bu soraga jogap – häzire çenli "entek ýok". Hat-da Ženewada 2003-nji ýylda bolup geçen informasion jemgyýetiň soraglary boýunça ýokary derejedäki Bütindünýä duşuşygyndan (IJSÝDBD) bäş ýyl geçeninden soňra, hem-de ähli täsir galdyryjy tehnologiki üstünliklere we sebitdäki esasy oýunçylaryň borçnamalaryna garamazdan, aragatnaşygyň esasy serişdeleri entek hem adamlaryň agdyklyk ediji, aýratyn hem garyplaryň elýeterliliginden daşda bolmagyna galýarlar.

Sebitiň 25 ýurdundan gowragynda, esasan hem, adalarda ýerleşýän uly bolmadyk döwletlerde we deňze çykalgasy bolmadyk ösýän ýurtlarda 100 adama Internedi ulanyjylardan 10-dan azy düşýär, hem-de bu ulanyjylar, esasan, uly şäherlerde toplanandyrlar, şol bir wagtda bolsa sebitdäki käbir ösen ýurtlar 100 adama Internedi ulanyjylaryň 80-den gowragyna eýedirler. Giň zolakly Internet bilen üpjün edilişde ösen we ösýän ýurtlar bilen aradaky tapawut has-da täsir galdyryjydyr.

Sifrleýin deňsizligi ýeňip geçmek maksatlary bilen we sebitde ählumumy sosial-ykdysady ösüş üçin IKT-iň potensialyny durmuşa geçirmek boýunça ösýän ýurtlarda syýasaty işläp düzüjilere öňe sürülýän meseleleri kesgitlemek, syýasaty kabul etmek, kadalaşdyryjy-hukuk esaslary işläp düzmek, maliýe serişdelerini bölüp bermek, hem-de bolsa IKT-senagatynyň pudagynyň we öz raýatlarynyň

arasynda IKT ugrunda endikleriň ösüşine hemaýat berýän hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryna ýardam bermek gerekdir.

Hereketleriň IJSÝDBD meýilnamasynda “... her adam informasion jemgyýetiň we bilimler ykdysadyýetiniň artykmaçlyklaryna düşünmek, gatnaşmak we ulanmak üçin gerekli endikleri we bilimleri gazanmaga mümkinçilige eýe bolmalydyr” diýlip aýdylýar. Bu maksat üçin hereketleriň Meýilnamasynyň çäklerinde IKT oblastynda ýokary kär derejeli (kwalifikasiýaly) hünärmenleriň we bilermenleriň kritiki massasyny döretmeklige aýratyn üns bermek bilen, potensialy ösdürmek oblastynda halkara we sebitleýin hyzmatdaşlyga çagyryş bar.

Hut şu çagyryşa jogap hökmünde Ösüş üçin Informasion we kommunikasion tehnologiýalar boýunça Aziýa – Ýuwaş okean okuw merkezi (IKTÖ AÝOM) ösüş üçin IKT-i okatmak boýunça bu ählitaraplaýyn okuw maksatnamasyny – döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin IKT Akademiýasyny – işläp düzdi, ol syýasaty işläp düzüjilere IKT oblastynda has netijeli görnüşde başlangyçlary meýilleşdirmäge we amala aşyrmaga kömek etjek esasy bilimleri we tejribäni ýaýratmaga gönükdirilen häzirki wagtdaky sekiz özbaşdak, emma özara baglanyşykly modullardan durýar.

IKTÖ AÝOM Aziýa we Ýuwaş okean üçin Ykdysady we sosial iş toparynyň (AÝOYSIT, ESKATO) bäş sebitleýin institutlarynyň biri bolup durýar. AÝOYSIT Aziýada we Ýuwaş okean sebitinde durnukly we ählitaraplaýyn sosial-ykdysady ösüşe derňew, kadalaşdyryjy iş, potensialy, sebitleýin hyzmatdaşlygy we bilimleriň alyş-çalşygyny ösdürmek esasynda hemaýat berýär. BMG-iň beýleki agentlikleri, halkara guramalary, milli hyzmatdaşlar we gyzyklanýan taraplar bilen hyzmatdaşlykda AÝOYSIT guramasy IKTÖ AÝOM üsti bilen Akademiýanyň bu modullarynyň dürli ýurtlarda ulanylmagyna, kämilleşdirilmegine we terjimesine, hem-de bolsa hökümetiň ýokary we orta derejeli wezipeli adamlary üçin milli we sebitleýin maslahatlaryň üsti bilen regulýar esasda olaryň okadylmagynyň guralmagyna goldawy bermäge borçlanýar, bu işleriň maksady artan potensialyň we alnan bilimleriň IKT-iň bähbitlerine ulalýan düşünmelere we ösüş oblastynda maksatlara ýetmäge anyk çärelere öwrülmeginden ybaratdyr.

Noelin Heýzer<br>Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretarynyň Orunbasary,<br>AÝOYSIT-iň Ýerine ýetiriji sekretary

## SÖZBAŞY

Döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin IKT Akademiýasynyň modullarynyň tapgyryny işläp düzmek prosesine syýahat hakykatdan hem ylham beriji we öwrediji tejribe boldy. Ol diňe bir IKT oblastynda potensialy döretmekde boşluklary doldurmak üçin hyzmat etmedi, eýsem köpsanly adamlaryň gatnaşmagy we prosese dahyllylyk duýgusy arkaly okuw kurslarynyň maksatnamalaryny işläp düzmek üçin täze ýoly geçirdi.

Akademiýa IKTÖ AÝOM maksatnamalarynyň flagmanydyr, ol bar bolan okuw materiallaryň güýçli we pes taraplarynyň işeňňir barlaglarynyň we derňewiniň esasynda, hem-de öňdebaryjy bilermenleriň arasynda resenzirlemek prosesinde işlenilip düzüldi. Köp sebitlerde Akademiýanyň okadyjy maslahatlary geçirildi, olar dürli ýurtlardan bolan gatnaşyjylaryň arasynda tejribäni we bilimleri alyş-çalyş etmek üçin bahalandyryp bolunmajak mümkinçiligi üpjün etdiler, bu proses Akademiýanyň uçurymlaryny modullary laýyklaşdyrmakda we emele getirmekde alyp baryjy oýunçylara öwürdi.

Akademiýanyň başdaky sekiz modullaryny milli derejede okatmaga başlamak ähli sebit boýunça ösüş üçin IKT syýasatyny işläp düzmek (IKTS) oblastynda potensialy güýçlendirmek üçin bar bolan hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny berkitmek we täzelerini gurmak boýunça kemala getiriji prosesiň döremegini aňladýar. IKTÖ AÝOM syýasaty ähli işläp düzüjileri Akademiýa tarapyndan gurşap almak prosesini üpjün etmekde özüniň esasy çemeleşmesi hökmünde milli Akademiýalaryň işleriniň başynda tehniki goldawy bermäge taýýardygyny aňladýar. Merkez merkezi, döwlet we ýerli dolandyryş edaralary bilen eýýäm göni baglanyşygy bolan sebitleýin we milli okuw edaralarynyň birnäçesi bilen, olaryň IKTS oblastynda potensialyny güýçlendirmek üçin, Akademiýanyň milli zerurlyklara we öňe sürülýän meselelere aýratyn üns berýän modullaryny anyklamak, terjime etmek we olary okatmak ýoly bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edýär. Bar bolan modullaryň çägini we gurşap alşyny mundan hem buýanky giňeltmek we täzelerini işläp düzmek boýunça meýilnamalar hem bar.

Ondan başga-da, IKTÖ AÝOM Akademiýanyň modullarynyň mazmunynyň sebitde has uly auditoriýa ýetmegini üpjün etmek üçin köp derejeli çemeleşmäni ýarag edinýär. Sebitleýin we milli Akademiýalaryň üsti bilen Akademiýanyň materiallaryny gös-göni okatmak bilen bir hatarda IKTÖ AÝOM öz IKTÖ AÝOM Wirtual Akademiýasyny esaslandyrdy (APCICT Virtual Academy, AVA), ol Akademiýanyň torlaýyn distansion okadyjy platformasy bolup durýar, hem-de ol gatnaşyjylary öz saýlawy boýunça materiallary öwrenmek mümkinçiligi bilen üpjün etmek üçin niýetlenilen. AVA prezentasiýalaryň slaýdlary we tematiki barlaglar ýaly Akademiýanyň ähli modullarynyň we bilelikdäki materiallarynyň torda ýüklemek, köp gezek ulanmak, kämilleşdirmek we ýerleşdirmek üçin ýeňil

elýeterlidigini kepillendirýär, hem-de ol dürli wezipeleri, şol sanda wirtual leksiýalary, okatmak prosesini guramak we täze mazmuny işläp düzmek we ygtyýarnamalaşdyrmak üçin okuw serişdelerini özünde saklaýar.

Sekiz sany moduldan ybarat başdaky tapgyr we olaryň Akademiýanyň sebit, sebitden daşary we milli maslahatlarynyň çäklerinde okadylmagy köp adamlaryň we guramalaryň işe wepalylygy we başlangyçly gatnaşmagy bolmasa mümkin bolmazdy. Men Akademiýanyň uçurymlarynyň we döwlet pudaklaýyn edaralaryndan, okuw jaýlaryndan biziň hyzmatdaşlarymyzyň, hem-de Akademiýanyň maslahatlaryna gatnaşan sebitleýin we milli guramalaryň tagallalaryny we ýeten sepgitlerini bellemek üçin bu mümkinçilikden peýdalanmak isleýärin. Olar modullaryň mazmunyna gymmatly goşant goşmakdan başga, has wajyp zat, olar öz ýurtlarynda Akademiýanyň tarapdarlaryna öwrüldiler, onuň netijesinde IKTÖ AÝOM we milli, sebitleýin edaralaryň – hyzmatdaşlaryň birnäçesiniň arasynda Akademiýanyň kurslaryny kämilleşdirmek we ýurtlarda regulýar kurslaryny geçirmek maksatlary bilen ylalaşyklar baglaşyldy.

Ondan başga-da, men bu adaty däl syýahaty mümkin eden köp öňdebaryjy adamlaryň özüni aýamazdan görkezen tagallalaryna aýratyn minnetdarlygymy aýtmak isleýärin. Bu Şahid Akhtar, Akademiýanyň taslamasynyň maslahatçysy; Patrisia Arinto, redaktor; Kristina Alikul, goýberiji redaktor; Akademiýanyň modullarynyň ähli awtorlary we IKTÖ AÝOM komandasy.

Akademiýada beýan edilen gymmatly bilimleriň Aziýanyň we Ýuwaş okeanyň ähli burçlarynda adamlaryň arasynda rezonans döredip ýaýramagy üçin IKTÖ AÝOM we onuň ähli hyzmatdaşlary Akademiýanyň terjimesini we mazmunyny ýerleşdirmegiň üstünde üznüksiz işlediler. Hut şu tagallalar bilen biz häzirki wagtda Akademiýanyň rus wersiýasyny çap edýäris.

Akademiýanyň rus wersiýasyny taýýarlamak boýunça komanda terminologiýanyň dilde häzirki wagtda ulanylýana laýyk gelmegi, nýuanslaryň we inçelikleriň şöhlelendirilmegi, mazmunyň terjimesiniň bolsa esaslandyrylmagy üçin köp wagty sarp etdiler. Bu manyda olar Akademiýanyň modullarynyň ikinji awtorlary boldular. Men Informasion maglumatlaryň Gyrgyzystandaky Milli merkezine, onuň işgärlerine olaryň özüni aýamazdan görkezen tagallalaryna we bu başlangyja wepalylygy üçin meniň çuňňur minnetdarlygymy aňlatmak isleýärin. Hususan-da, Almaz Bakenow, Munar Usubaliýewa, Bella Moldobaýewa, Andreý Smirenskiý, Dmitriw Petrenko, Amanbek Bawlankulow, Emil Albanow we Meder Mamutow tarapyndan ýerine ýetirilen ajaýyp işleri bellemek isleýärin.

Men Akademiýanyň IKT oblastynda adam resurslarynyň ýetmezçiligini azaltmak, IKT-i ornaşdyrmak ýolunda barýerleri aradan aýyrmak, sosial-ykdysady ösüşi tizleşdirmekde IKT-i ulanmaga hemaýat bermek we müňýyllygyň ösüşiniň maksatlaryna ýetmekde halklara hemaýat berjekdigine çyndan umyt bildirýärin.

Heun-Suk Ri, IKTÖ AÝOM Direktory

## OKUW  MODULLARYNYŇ TAPGYRY BARADA

Häzirkizaman “maglumat asyrynda” maglumata ýönekeý elýeterlilik biziň ýaşaýyş, iş we dynç alyş keşbimizi  üýtgedýär. “Sifrleýin ykdysadyýet”, ol “bilimler ykdysadyýeti”, “torlaýyn ykdysadyýet” ýa-da “täze ykdysadyýet” hökmünde hem belli, harytlary öndürmekden ideýalary döretmäge geçmek bilen häsiýetlendirilýär. Bu ykdysadyýetde we umuman alanyňda tutuş jemgyýetde maglumat  we kommunikasion tehnologiýalarynyň (IKT) rolunyň baştutanlygyny bolmasa-da, artmaklygyny nygtaýar.

Netijede tutuş dünýäde hökümetler ösüş maksatlary üçin IKT (IKTÖ) has uly ünsleri berýärler. Bu ýurtlaryň hökümetleri üçin IKTÖ diňe bir IKT senagatynyň ýa-da ykdysadyýetiň sektorynyň ösmeginde däl-de, eýsem sosial, şonuň ýaly-da syýasy ösüşi höweslendirmek üçin IKT-iň ykdysadyýete girizilmeginden ybaratdyr.

Şonda-da, IKT oblastynda syýasaty işläp düzmekde hökümetiň duçar bolýan kynçylyklary bilen bir hatarda, syýasaty işläp düzüjileriň köplenç özleriniň milli ösüş maksatlary üçin ulanýan tehnologiýalary bilen tanyş däl bolmak fakty hem bardyr.  Hiç kimiň tanyş däl zadyny dolandyryp bilmejekdigi sebäpli köp syýasatçylar IKT oblastynda syýasaty işläp düzmekden gaça durýarlar. Emma IKT oblastynda syýasaty işläp düzmegi “tehnarlara” bermek hem dogry däldir, sebäbi köplenç olarda tehnologiýalary işläp düzmegiň we ulanmagyň berjek syýasy netijeleri barada düşünjeler ýok.

IKT Akademiýasynyň döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin modullarynyň tapgyry BMG-yň Ösüş maksatlary üçin Informasiýa we Kommunikasiýa Tehnologiýalary boýunça Aziýa-Yuwaş okean okuw Merkezi (UN–APCICT) tarapyndan aşakdakylar üçin işlenilip düzüldi:

1. IKT oblastynda syýasaty işläp düzmek üçin jogapkär umumymilli we ýerli derejeli  dolandyryş syýasatçylary;
2. IKT esasynda amalyýetleri işläp düzmek we ornaşdyrmak üçin jogapkär döwlet wezipeli adamlary;
3. Döwlet sektorynyň IKT serişdelerini taslamalary dolandyrmak üçin ulanmaga ymtylýan ýolbaşçylary.

Modullaryň tapgyrlary IKTÖ bilen syýasat, şonuň ýaly-da tehnologiýa nukdaýnazaryndan bagly bolan amaly ähmiýetli soraglar bilen tanyşdyrmaga ymtylýar. Maksat IKT boýunça tehniki gollanmany işläp düzmekden däl-de, eýsem, häzirkizaman sifrleýin tehnologiýalaryň mümkinçiliklerine ýa-da onuň haýsy ugurda ösjekdigine, hem-de syýasy çözüwleri işläp düzmek üçin onuň nämäni aňladýandygyna gowy düşünmegi üpjün etmekden ybaratdyr. Modullarda

açylýan temalar okatmakda zerurlyklaryň derňewi we dünýäniň beýleki ýurtlarynda ulanylýan okuw materiallary esasynda kesgitlenildiler.

Bu modullar olar aýratyn okyjylar tarapyndan özbaşdak öwrenmek, ýa-da taýýarlanyşda ýa-da maksatnamanyň gidişinde resurs hökmünde ulanylyp bilner ýaly görnüşde işlenilip düzüldiler. Bu modullar özbaşyna awtonomdyrlar, emma şol bir wagtda öz aralarynda baglanyşyklydyrlar, hem-de tapgyryň modullaryndaky temalary we ara alyp maslahatlaşmalary öz aralarynda baglanyşdyrmak üçin tagallalar edildiler. Modullary degişli ygtyýarnamalaşdyrmakdan geçip biljek bitewi kursa birleşdirmek uzak möhletleýin maksat bolup durýar.

Her modulyň başynda okatmagyň maksatlary we wezipeleri beýan edilýärler, olar boýunça okyjy öz üstünliklerini bahalandyryp biler. Modulyň mazmuny aýratyn bölümlere bölünendir, olara esasy baş ýörelgeleri çuň düşünmäge kömek edýän tematiki barlaglar we gönükmeler girýärler. Gönükmeleri özbaşdak we toparlarda hem ýerine ýetirip bolýar. Ara alyp maslahatlaşmagyň kesgitli aspektlerini şöhlelendirmek üçin modula tablisalar we suratlar girizildi. Okyjylaryň ünsüne edebiýat çeşmelerine we Internet resurslaryna ýüztutmalar berlendir, olar goşmaça maglumaty we bilimleri almak mümkinçiligini berýärler.

IKTÖ-i ulanmak dürli taraplaýyndyr, şonuň üçin okuw modullarynda seredilýän käbir tematiki barlaglar we mysallar biri-birine gapma-garşy durýan hökmünde görünmekleri mümkin. Muňa garaşmalydyr, sebäbi bu örän täze we çylşyrymly ders, hem-de dünýäniň ähli ýurtlary ösüş üçin gural hökmünde IKT mümkinçiliklerini öwrenmek prosesine girişmeli diýlip göz öňünde tutulýar.

Akademiýanyň modullarynyň tapgyryny çap edilen formatda goldamak torda interaktiw distansion okatmagyň platformasynda – IKTÖ AÝOM-iň Wirtual Akademiýasynda – (AVA – http://www.unapcict.org/academy) – amala aşyrylýar, onda okuw modullarynyň PowerPoint wideo formatynda we prezentasiýalarynda mugallymlaryň çykyşlary görkezilýär.

Ondan başga-da, IKTÖ AÝOM bilelikdäki iş üçin IKTÖ-iň elektron merkezini işläp düzdi (e-Collaborative Hub) (e-Cob Hub – http://www/unapcicit.org/ecohub), ol praktiki işgärler we syýasatçylar üçin okatmak we sapak bermek oblastlarynda olaryň tejribesini ýokarlandyrmak maksatlary üçin bölünip berlen torlaýyn resursdyr. E-Co Hub IKTÖ-iň dürli aspektleri boýunça bilimleriň resurslaryna elýeterliligi berýär hem-de bilimleri we tejribäni alyş-çalyş etmek, IKTÖ-i öňe sürmekde hyzmatdaşlyk üçin interaktiw giňişligi üpjün edýär.

## MODUL 3

Modulda elektron hökümete syn, şol sanda, esasy elementlere we düşünjelere, ýörelgelere we ulanylmagyň görnüşlerine syn berilýär. Onda aýratyn ulgamlaryň jikme-jik derňewini bermek we konstruksion çözüwleri ýüze çykarmak ýoly bilen elektron hökümet ulgamynyň nähili gurulýandygy beýan edilýär.

### Modulyň maksatlary

Bu modul aşakdaky maksatlary yzarlaýar:

1. Elektron hökümetiň esasy elementleriniň synyny bermek;
2. Elektron hökümetiň hyzmatlarynyň görnüşlerini beýan etmek we mysallaryny getirmek;
3. Elektron hökümetiniň hyzmatlary oblastynda üstünligiň gerekli faktorlaryny, hem-de bolsa üstünlige ýetmek ýolunda päsgelçilikleri ara alyp maslahatlaşmak.

### Okatmagyň netijeleri

Moduly öwrenmegi tamamlanyndan soňra okyjylar başarmalydyrlar:

1. IKT-i ulanmagyň hökümetiň işini nähili gowulandyryp biljekdigini ara alyp maslahatlaşmagy;
2. Döwlet dolandyryşynyň dürli oblastlarynda IKT-i ulanmagyň dürli usullaryny beýan etmegi;
3. Elektron hökümetiň aýratyn goşundylarynyň üstünligine ýa-da şowsuzlygyna getirýän faktorlary derňew etmegi.

# MAZMUNY


Döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin IKT Akademiýasynyň modullarynyň tapgyryna sözbaşy ..... 3
Sözbaşy ..... 5
Okuw modullarynyň tapgyry barada ..... 7
Modul 3 ..... 9
Modulyň maksatlary ..... 9
Okatmagyň netijeleri ..... 9
Tematiki barlaglaryň sanawy ..... 11
Suratlaryň sanawy ..... 11
Ara goşmalaryň sanawy ..... 11
Tablisalaryň sanawy ..... 12
Gysgaltmalar ..... 12
Şertli belgilemeleriň sanawy ..... 13

1. IKT goşundylarynyň syny ..... 15
   1.1. Elektron hökümetiň kesgitlemesi ..... 15
   1.2. Raýatlar üçin innowasion hyzmatlar (G2C) we biznes üçin hyzmatlar (G2B) (Front-ofisi – daşarky özara gatnaşygy goldamak boýunça ulgamy üpjün etmek) ..... 17
   1.3. Hökümetiň işiniň usullaryny kämilleşdirmek (G2G) (Bek-ofisi – içerki biznes-prosesleriň ulgamyny goldamagy üpjün etmek) ..... 18
   1.4. IKT-i hökümetde üstünlikli ornaşdyrmagyň artykmaçlyklary . 19
   1.5. Üstünligiň kritiki faktorlary ..... 20
   1.6. Elektron hökümet ýaýbaňlandyrylanda töwekgellik faktorlary. 22
   1.7. Elektron hökümetiň perspektiwalary ..... 23

2. Elektron hökümetiň modelleri, strategiýasy we “Ýol kartasy” ..... 25
   2.1. Elektron hökümetiň modelleri ..... 25
   2.2. Ösýän ýurtlarda elektron hökümeti ösdürmek üçin öňe sürülýän ugurlar ..... 27
   2.3. Elektron hökümeti strategiki meýilnamalaşdyryş..... 31
   2.4. Elektron hökümeti ornaşdyrmak we bahalandyrmak ..... 36
   2.5. Elektron hökümetiň býujeti ..... 38

3. IKT goşundylarynyň görnüşleri we olary ornaşdyrmak ........ 41
3.1. Goşundylar “hökümet – raýatlara” (G2C) ........ 41
3.2. Hökümet – biznese (G2B): biznes üçin innowasion hyzmatlar........ 51
3.3. Hökümet – hökümete (G2G): hökümetiň işiniň innowasion ýoly ........ 61
3.4. Elektron hökümetiň infrastrukturasy ........ 72
3.5. Bilimleri dolandyrmagyň ulgamy ........ 77
3.6. Saglygy goraýyş we telelukmançylyk üçin goşundylar: saglygy goraýşyň hyzmatlarynyň elýeterliligini ýokarlandyrmak ........ 81
3.7. Tebigy betbagtçylyklar bilen göreş üçin ulanmak: tebigy betbagtçylyklar bilen göreş boýunça toplumlaýyn milli gulluklar ........ 86

Goşundy. ........ 90
Goşmaça edebiýat ........ 90
Glossariý ........ 91
Instruktor üçin bellikler ........ 92
Awtor hakynda ........ 94

## Tematiki barlaglaryň sanawy

1. PFnet 29
2. Bangladeşde sifrleýin jemgyýetçilik merkezleri 30
3. Koreýa Republikasynyň elektron hökümetiniň “Ýol kartasy” 33
4. Mongoliýanyň elektron hökümetiniň “Ýol kartasy” 35
5. Kambojada döwlet dolandyryşy boýunça informasion ulgamyň taslamasy (GAIS) 45
6. Hindistanyň Andra Pradeş ştatynda elektron satyn almalar 52
7. Filippinlerde gümrükhana reformasy 54
8. Koreýa Respublikasynda elektron telekeçilik 58
9. Tailanda elektron telekeçilik 59
10. Filippinlerde e-LGU taslamasy 66
11. Koreýa Respublikasynyň bilimleri dolandyrmagyň elektron ulgamy 79
12. Hindistanda betbagtçylyklaryň howplaryny peseltmek üçin bilimleri dolandyrmak 80
13. Tebigy betbagtçylyklar ýagdaýynda Sahana dolandyrmak ulgamy 86

## Suratlaryň sanawy


| | | |
|---|---|---|
| Surat 1. | Elektron hökümet ornaşdyrylanda üstünligiň kritiki faktorlary | 20 |
| Surat 2. | Elektron hökümet oblastynda hyzmatdaşlyk shemalary | 27 |
| Surat 3. | Elektron Meksikanyň milli ulgamyny ýaýbaňlandyrmak | 28 |
| Surat 4. | Koreýa Respublikasynyň elektron hökümetiniň “ýol kartasyny” durmuşa geçirmek boýunça ýyllyk meýilnama | 36 |
| Surat 5. | Däp bolan býujet we IKT-e maýa goýum | 39 |
| Surat 6. | Koreýa Respublikasynyň elektron hökümetiniň konseptual binýat esasy | 41 |
| Surat 7. | Bitewi penjire ýörelgesi boýunça elektron hökümet | 42 |
| Surat 8. | Koreýa Respublikasynda G2C gullugyny ulanmak | 44 |
| Surat 9. | Koreýa Respublikasynyň raýatlary üçin elektron hökümetiň bitewi penjiresi | 44 |
| Surat 10. | Koreýa Respublikasynyň maglumatlaryň toplumlaýyn bazasyna esaslanan sosial ätiýaçlandyryş boýunça maglumat gullugynyň Internet-portaly | 47 |
| Surat 11. | Koreýa Respublikasynyň rezidentlerini hasaba almak ulgamy | 48 |
| Surat 12. | Koreýa Respublikasynyň gozgalmaýan emlägi dolandyrmak ulgamynyň konseptual shemasy | 49 |
| Surat 13. | Koreýa Respublikasynyň ulag serişdelerini hasaba almak gullugynyň konsepsiýasy | 50 |
| Surat 14. | Bitewi penjire ýörelgesi esasynda satyn almalaryň döwlet ulgamy | 51 |
| Surat 15. | Koreýa Respublikasynyň elektron gümrükhana ulgamy | 53 |
| Surat 16. | Koreýa hökümetiniň maliýe reformasynyň hereketlendiriji güýji | 62 |
| Surat 17. | Koreýa Respublikasynda dolandyryşyň ýerli edaralarynyň kompýuterleşdirilen ulgamynyň konsepsiýasy | 64 |
| Surat 18. | Koreýa Respublikasynda bilimi sifrleýin umumymilli dolandyryşyň konsepsiýasy | 69 |
| Surat 19. | Dolandyryşyň toplumlaýyn ulgamyny döretmek ýolunda | 73 |
| Surat 20. | Döwlet toplumlaýyn hasaplaýyş merkeziniň arhitekturasy | 74 |
| Surat 21. | Ýuwaş okean adalary üçin telewizion maslahat bermeleriň topologiýasy | 84 |

## Ara goşmalaryň sanawy


| | | |
|---|---|---|
| Ara goşma 1. | BMG-yň synynda ulanylýan döwlet Internet-hyzmatlarynyň ösüşiniň indeksi | 37 |
| Ara goşma 2. | Elektron söwda degişli hukuk soraglaryny çözmek | 56 |
| Ara goşma 3. | Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy elektron saglygy goraýyş barada | 84 |


## Tablisalaryň sanawy


| | | |
|---|---|---|
| Tablisa 1. | Elektron hökümeti ornaşdyrmagyň netijesinde hökümetiň iş prosesinde üýtgemeler | 19 |
| Tablisa 2. | Koreýa Respublikasynyň elektron hökümetiniň ösüşiniň tapgyrlary | 23 |
| Tablisa 3. | Gyzyklanýan taraplaryň arasynda bilelikdäki hereketleriň görnüşleri boýunça elektron hökümetleriň modelleri | 26 |
| Tablisa 4. | Ýerli hökümet maliýe ulgamynyň dört esasy meseleleri | 63 |
| Tablisa 5. | Döwlet edaralarynyň arasynda elektron resminamalary we elektron tassyklamalary alşyp-çalyşmagyň paýy (2006-njy ýylyň iýunyndaky ýagdaý boýunça) | 67 |
| Tablisa 6. | Koreýa Respublikasynda elektron okadylyşyň bazarynyň paýy | 71 |
| Tablisa 7. | Koreýa Respublikasynyň elektron hökümetiniň öňe sürülýän umumy gulluklary | 76 |
| Tablisa 8. | Maglumatlaryň, informasiýanyň we bilimleriň arasynda deňeşdirmek | 78 |
| Tablisa 9. | Elektron saglygy goraýşyň mysallary | 82 |


## Gysgaltmalar

| | |
|---|---|
| IKTÖ AÝOM | Ösüş üçin Informasiýa we Kommunikasiýa Tehnologiýalary boýunça Aziýa-Yuwaş okean okuw Merkezi |
| AÝIÖM | Aziýa-Ýuwaş okean sebitindäki ýurtlarda informatizirlemegi ösdürmek maksatnamasy |
| GMAU | Gümrük maglumatlarynyň awtomatlaşdyrylan ulgamy |
| AusHÖA | Awstraliýanyň Halkara Ösüş Agentligi |
| B2B | Biznes – Biznes |
| B2C | Biznes – Raýatlar |
| B2G | Biznes – Hökümet |

| | |
|---|---|
| FGM | Filippin Gümrük Müdiriýeti |
| BPR | Biznes-prosesleriň reorganizasiýasy |
| JMM | Jemgyýetçilik Maglumat Merkezleri, Bangladeş |
| MEALÇ | Maglumatlary elektron alyş-çalyş |
| eGESU | Gozgalmaýan emlägiň salgyt ulgamy, Filippinler |
| AÝOYSIT | Aziýa we Ýuwaş okean sebiti üçin ykdysady we sosial iş topary |
| AKEPÜ | Açyk kodly erkin programma üpjünçiligi |
| G2B | Hökümet - Biznes |
| G2C | Hökümet – Raýatlara |
| G2G | Hökümet - Hökümete |
| DDMU | Döwlet dolandyryşy boýunça maglumat ulgamy, Kamboja |
| APH | Andra-Pradeş Hökümeti, Hindistan |
| IKT | Informasion-kommunikasion tehnologiýalar |
| IKTÖ | Ösüş üçin Infromasion-kommunikasion tehnologiýalar |
| HÖÖM | Halkara ösüşi öwrenmek Merkezi, Kanada |
| IOM | Internet-okatmagyň Merkezleri, Bangladeş |
| IOT | Informasion Oba Tory, Koreýa Respublikasy |
| ISM | Informasion strategiýany meýilnamalaşdyrmak |
| IT | Informasion Tehnologiýalar |
| SMÖKA | Sifrleýin mümkinçilikleri ösdürmegiň Koreý Agentligi |
| BDU | Bilimleri dolandyrmagyň ulgamy |
| ÝT | Ýerli tor |
| ÝDE | Ýerli dolandyryş edaralary, Filippinler |
| DDIISM | Döwlet dolandyryşynyň we içeri işler soraglary boýunça Ministrlik, Koreýa Respublikasy |
| DDHM | Döwlet dolandyryşy we Howpsuzlyk Ministrligi, Koreýa Respublikasy |
| KMA | Kompýuterleşdirmek boýunça Milli Agentlik, Koreýa Respublikasy |
| MHM | Milli hasaplaýyş Merkezi, Filippinler |
| BMDU | Betbagtçylyklar ýagdaýynda dolandyryşyň milli ulgamy |
| HDBG | Hökümete degişli däl guramalar |
| IJMA | Informasion jemgyýetçiligiň Milli Agentligi, Koreýa Respublikasy |
| MRE | Milli resurs Edarasy, Hindistan |
| MSG | Milli salgyt gullugy |
| YHÖG | Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasy |
| HK | Hususy kompýuter |
| PFnet | “Birinji halk tory” (People First Network) |
| IKTOM | IKT-iň Oba merkezleri, Bangladeş |
| OTM | Oba tehnologiki merkezleri, Bangladeş |

| | |
|---|---|
| KOK | Kiçi we orta kärhanalar |
| TW | Telewideniýe |
| BMG | Birleşen Milletler Guramasy |
| BMGSÖK | Birleşen Milletler Guramasynyň söwda we ösüş boýunça Konferensiýasy |
| PROON | BMG-iň Ösüş Maksatnamasy |
| TGBMG | BMG-iň taslamalara hyzmat etmek boýunça Müdiriýeti |
| BSG | Bütindünýä Saglyk Guramasy |

## Şertli belgilemeleriň sanawy


Tematiki barlag


Oýlanmak üçin soraglar


Amaly gönükmeler


Özüňizi barlaň

# 1. IKT GOŞUNDYLARYNYŇ SYNY

## 1.1. Elektron hökümetiň kesgitlemesi

Umuman aýdanyňda elektron hökümeti däp bolan döwlet wezipeleriniň we hyzmatlarynyň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin informasion we kommunikasion tehnologiýalary (IKT) ulanmak hökmünde kesgitläp bolar. Hususan-da, “täsirliligi, netijeliligi we hyzmaty ýokarlandyrmak maksatlary bilen döwlet dolandyryşyny özgertmek üçin sifrleýin tehnologiýalary ulanmak” [1] elektron hökümet bolup durýar.

Elektron hökümet – bu ýöne bir wagtyň gysga döwründe bir wagtlaýyn selçeň waka bolman, eýsem raýatlara hyzmat bermek prosesine aýratyn üns bermek bilen, uzak wagtlaýyn perspektiwada döwlet dolandyryşyny özgertmegiň ewolýusion prosesidir. Şeýlelikde, ýerine ýetirmegiň jikme-jik meýilnamasy bilen (aşakdan ýokary ugra) elektron hökümetiň ýokary derejeli “ýol kartasyny” (ýokardan aşaklygyna ugurda taslamalaşdyrmak) döretmek gerek. IKTÖ AÝOM tarapyndan işlenilip düzülen döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin IKT Akademiýasynyň modullarynyň tapgyrynyň 2-nji Modulynda elektron hökümetiň “ýol kartasyny” döretmek boýunça baş ýörelgeler we strategiýalar ara alnyp maslahatlaşylýarlar. Bu modulda durmuşa geçirmek meýilnamasy beýgelýän tertipde ara alnyp maslahatlaşylýar.

Elektron hökümeti döretmegiň maksady raýatlara döwlet hyzmatlaryny has netijeli bermekdir. Umuman aýdanyňda, hyzmatlaryň Internetde näçe köpsanlysy elýeterli bolsa we bu hyzmatlary ulanmak näçe giň bolsa, şonçada elektron hökümetiň täsiri uly bolar. Şeýlelikde, elektron hökümet döwlet dolandyryşynyň içerki netijeliliginiň we aýdyňlygynyň çäklerinde durnukly täsire eýe bolmak üçin “elektron raýatlaryň” (e-citizens) we “elektron-kärhanalaryň” (e-business) kritiki massasyny talap edýär. Şol bir wagtda bolsa, bu kritiki massa ýetmek ýönekeý däldir. Bütindünýä Bankynyň elektron raýatlara we elektron biznese elýeterli bolan onlaýn gulluklaryň köpsanlysyny döretmegiň möhümligi baradaky derňewleri, mysal üçin, aşakdakylary ýüze çykardylar:

> Ilkinjileriň biri bolup 5-10 ýyl ozal elektron hökümet maksatnamalaryny durmuşa geçiren ýurtlaryň köpüsi, döwlet hyzmatlaryny Internetde hemişelik elýeterli etmäge

[1] Mark Forman, e-Hökümet: *Hökümetiň netijeliligini we täsirini özgertmek üçin IT-i ulanmak* (2005-nji ýyl), 4 (e-Government: *Using IT to transform the effectiveness and efficiency of government* (2005), 4, http://siteresources.worldbank.org/INTEDEVELOPMENT/Resources/FormanEgov(6_05).ppt.)

> mümkinçilik beren teklipleri ösdürmek üçin döwlet maýa goýumlarynyň ep-esli göwrümine garamazdan, elektron döwlet hyzmatlarynyň kabul edilmeginde we ulanmagynda jemgyýetçiligiň gatnaşmagynyň derejesiniň ýeterlik pes bolup galýandygyna tiz wagtdan düşündiler.[2]

Elektron hökümet diňe haçan-da oňa ilatyň köplügi tarapyndan uly isleg we goldaw bolanda üstünlikli bolar. Bu islegiň bölegi döwlet hyzmatlaryny gowy we has çalt bermekden gelip çykýan mümkinçilikler barada habardarlygy ýokarlandyrmagyň hasabyna ýüze çykýar. Raýatlar we biznes hem ynandyryjy, aktual we elýeterli sifrleýin mazmuny (kontenti) bermegiň üsti bilen elektron hökümetiň hyzmatlaryny ulanmaga gyzyklandyrylmalydyrlar. Hususan-da, elektron hökümete bolan islegi we goldawy ýokarlandyrmak üçin aşakdakylar amala aşyrylmalydyrlar:

- “bitewi penjire” ýörelgesi boýunça hyzmatlary bermegiň köpkanally ýönekeý infrastrukturasy işlenilip düzülmelidir, şol sanda, “fiziki” raýatlar üçin hyzmatlar merkezleri we jemgyýetçilik elýeterliliginiň beýleki nokatlary, aýdalyň: telemerkezler, operator merkezleri, web-portallar we mobil portallar;
- Ilatyň IKT esasynda transaksiýalara we sifrleýin gurşawda ähli beýleki bilelikdäki hereketlere ynamyny berkitmäge goldaw berjek çäreleri kabul etmek;
- Laýyk, ynandyryjy we ulanyjylar üçin oňaýly onlaýn we mobil kontenti, şol sanda, goşundylary – “bazary basyp alyjylary” (“killer applications”) diýlip atlandyrylýanlary işläp düzmäge hemaýat bermek;
- Onlaýn we mobil kontentiň hem-de IKT-iň elýeterliligini we tygşytlylygyny ýokarlandyrmaga gönükdirilen maksatnamalary amala aşyrmak.

### Amaly gönükme

[2] Bütindünýä Banky, *Hemmeler üçin e-Hökümet – Jemgyýetçiligiň Elýeterliligini Güýçlendirmekde Halkara Tejribesine Syn, e-Hökümet Hyzmatlarynda Isleg we Gatnaşyk: Gazagystan üçin Sifrleýin Birikmek Strategiýasyna Tarap*, ISG e-Hökümet Tejribelikleriniň Tehniki Maslanatçysynyň Bellikleri (2006-nji ýylyň 30-njy iýunyndan taslama wersiýasy), 11 (World Bank, *e-Government for All – Review of International Experience with Enhancing Public Access, Demand and Participation in e-Government Services: Toward a Digital Inclusion Strategy for Kazakhstan*, ISG e-Government Practice Technical Advisory Note (Draft version 30 June 2006), 11).

1. Elektron hökümetiň Siziň ýurduňyzda raýatlar we biznes tarapyndan uly islege we goldawa eýe bolup biljek bir hyzmatyny kesgitläň. Bu hyzmatyň meşhur bolmagyny näme üçin Siziň hasaplaýandygyňyzyň sebäplerini sanaň.
2. Elektron hökümetiň № 1 meselede Siziň getiren hyzmatyňyz ýaly meşhur bolmadyk hyzmatyny kesgitläň. Bu hyzmaty ulanmaga çekmek üçin Siziň ýurduňyzda raýatlary we biznesi höweslendirmek üçin ulanylyp bilinjek anyk usullary sanaň.

Şu dört maksatlara elektron hökümetiň taslamalary üstünlikli durmuşa geçirilende ýetilip bolnar:

- Torlaýyn döwlet hyzmatlary
- Işleri kagyzsyz alyp barýan hökümet
- Bilimler esasynda hereket edýän hökümet
- Aýdyň hökümet

Bu dört maksatlara ýetmek üçin federal, welaýat we ýerli derejelerde elektron hökümet gurulmalydyr. Dolandyryşyň bu derejeleriniň hersinde üç esasy meseleler bar: a) raýatlar üçin innowasion hyzmatlar (G2C); b) biznes üçin innowasion hyzmatlar (G2B); ç) hökümetiň işiniň innowasion ýoly (G2G).

Raýatlar üçin innowasion hyzmatlar (G2C), biznes üçin hyzmatlar (G2B) we hökümetiň işiniň usullarynda IKT-i ulanmagy mundan buýanky ara alyp maslahatlaşmakda esasy demonstrasion mysal hökmünde Koreýa Respublikasynyň Elektron hökümet Meýilnamasy ulanylar. Koreýa Respublikasy BMG-iň elektron hökümeti ornaşdyrmaklyga taýýarlygyň indeksi boýunça 2008-nji ýylda dünýäde altynjy ýere çykdy, bu indeks torlaýyn ulanmak indeksinden, telekommunikasion we infrastruktura indeksinden, hem-de bolsa adam kapitalynyň indeksiniň toplumyndan durýar. Ol elektron hökümetiň aspektlerini ölçeýär: “raýatlar üçin hökümet” (government-to-citizen, G2C) we “hökümet üçin hökümet” (government-to-government, G2G). 2008-nji ýylyň syny “biznes üçin hökümetiň” (government-to-business, G2B) käbir aspektlerini hem gurşap alýar.

## 1.2 Raýatlar üçin innowasion hyzmatlar (G2C) we biznes üçin hyzmatlar (G2B) (Front-ofisi – daşarky özara gatnaşygy goldamak boýunça ulgamy üpjün etmek)

G2C hyzmatlar öz içine ilatyň arasynda maglumaty ýaýratmagy we raýatlara hyzmat etmek boýunça esasy hyzmatlary, şol wagtda bolsa G2B transaksiýalary

hökümet we işewür toparlar arasynda alyş-çalşygyň dürlu hyzmatlaryny öz içine alýarlar.

G2C elektron hyzmatlar ýa-da IKT goldawy boýunça amala aşyrylýan hyzmatlar hökümetiň çäginde we Internediň esasyndaky täze goşundylar arasynda maglumaty alşyp-çalyşmak ulgamy bilen häsiýetlenýärler, bu “bitewi penjire” ýörelgesi boýunça işleýän Internet-portaly ulanmak bilen informasiýa we beýleki hyzmatlara raýatlara elýeterlilik almak mümkinçiligini berýär. Beýle portal raýatlara hyzmat etmek boýunça şu hyzmatlary hödürläp biler:

- Dürli rugsatnamalary/şahadatnamalary we sertifikatlary gaýtadan işlemek we bermek
- Kanunçylyk/administratiw resminamalar we degişli kanunlar barada maglumatlar
- Töleg hyzmatlary, şol sanda, salgytlary gaýtarmak we sosial ýygymlar
- Jemgyýetçilik diňlemelerini talap etmek we elektron ses bermeleri yglan etmek ýoly bilen döwlet dolandyryşyna gatnaşmak mümkinçiligi.

Raýatlara hyzmat etmek boýunça portaly we informasiýanyň alyş-çalşygynyň jemgyýetçilik ulgamyny guramak üçin ýaşaýjylary hasaba almak, gozgalmaýan emläk, ulag serişdeleriniň, salgyt we ätiýaçlyk tölegleriniň maglumatlar bazalary integrirlenen bolmalydyrlar.

G2B elektron hyzmatlaryny bermek biznes üçin “bitewi penjire” ýörelgesi boýunça hyzmat etmek görnüşinde bolmalydyr. Berilýän hyzmatlar birleşdirilen raýat administratiw işlerini, önümçilik maglumatlaryny, elektron transaksiýa hyzmatlaryny, meselem, satyn almalar, tenderler hem-de dürli salgytlary we döwlet gatançlaryny tölemek üçin hyzmatlar ýalylary öz içine almalydyrlar. G2B-i netijeli ulanmak IKT goşundylarynyň şu aşakdakylaryny talap edýär:

- Elektron satyn almalaryň toplumlaýyn ulgamy, ýagny “bitewi penjire” ýörelgesi boýunça hereket edýän döwlet satyn alyş ulgamyny, onda hasaba almak, tender, şertnama we töleg ýaly satyn almalar bilen bagly ähli prosesler Internediň üsti bilen amala aşyrylýarlar
- Elektron gümrükhana ulgamy, ol import we eksport sferasynda gümrükhana dolandyryşyny rasionallaşdyrar we kontrabanda bilen netijeli göreşmäge mümkinçilik berer
- Harytlary we hyzmatlary Internediň üsti bilen satyn almagy we satmagy goldamak üçin elektron telekeçilik

Bu goşundylara 2.0 bölümde has jikme-jik seredilýär.

### Özüňizi barlaň

Ýokarda getirilen kesgitlemeleri hem-de döwlet hyzmatlary barada öz hususy bilimleriňizi ulanyp, aşakdaky mysallaryň haýsylarynyň G2C we G2B hyzmatlary bolýandygyny kesgitläň

1. Salgytlary hödürlemek we tölemek ýaly salgyt hyzmatlary
2. Satyn alma hyzmatlary, şol sanda, tender arzalary, teklipleri we berilmeleri
3. Sosial ätiýaçlandyryş hyzmatlary: lukmançylyk, pensiýa, zähmet ätiýaçlandyryşy we betbagtçylyk ýagdaýyndan ätiýaçlandyryş
4. Raýatlary-rezidentleri hasaba almak we seredişde saklamak
5. Biznesi hasaba almak
6. Gozgalmaýan emläk barada maglumatlary dolandyrmak
7. Ulag serişdelerini hasaba almak boýunça administratiw ulgam

## 1.3. Hökümetiň işiniň usullaryny kämilleşdirmek (G2G) (Bek-ofisi – içerki biznes-prosesleriň ulgamyny goldamagy üpjün etmek)

Elektron G2G-i işe goýbermegiň maksady netijeliligi ýokarlandyrmak üçin hökümetiň işiniň içerki proseslerini reformirlemekdir. Hususan-da, döwlet önümçilik proseslerini IKT-i ulanmak bilen reformirlemek şu netijelere getirer diýlip garaşylýar:

- Dolandyryşyň merkezi we ýerli edaralarynyň hasabatlylyk ulgamlary öz aralarynda baglanyşarlar, bu takyklygyň ýokarlanmagyna getirýär.
- Edaralaryň arasynda maglumatlary alşyp-çalyşmak görnüşinde informasiýanyň alyş-çalşygy bar. Bu netijeliligi ýokarlandyrýar.
- Döwlet edaralary ideýalary we resurslary alşyp-çalyşýarlar.
- Çözüwleri bilelikde kabul etmek wideokonferensiýalaryň kömegi bilen mümkin bolýar.

Dolandyryşyň döwlet edaralarynda resminamalary gaýtadan işlemegiň sifrleýin görnüşde bolmagy we hökümetiň kagyzsyz işe geçmegi G2C başlangyçlarynyň esasylarynyň biridir. Elektron resminama dolanşygy adatça dolandyryşda netijeliligi, howpsuzlygy we ygtybarlylygy üpjün edýär.

Aşakda Koreýa Respublikasynda G2G hyzmatlarynyň mysallary getirilendirler:

**Maliýe boýunça Milli toplumlaýyn maglumat ulgamy**: Milli býujet-maliýe işlerini real wagt režiminde dürli döwlet edaralarynda özbaşdak hereket edýän, özara baglanyşykly 23 maliýe ulgamlarynyň kömegi bilen dolandyrmak.

**Ýerli derejede elektron hökümetiň informasion ulgamy**: rezidentleri we gozgalmaýan emlägi hasaba almak, şäher, okrug we etrap derejelerinde maliýeni we salgytlary hasaba almak ýaly işler bilen meşgul bolýan 232 sany ýerli administratiw edaralaryň işini informatizirlemek.

**Bilimiň we elektron okadylyşyň maglumat ulgamy:** mekdepleri, welaýat bilim beriş edaralaryny we olaryň şahamçalaryny, hem-de bolsa Bilim we adam resurslaryny ösdürmek ministrligini birleşdirýän umumymilli maglumat tory.

**Döwlet elektron resminama dolanşygy:** ähli döwlet resminamalarynyň, elektron gaýtadan işlenilişi, şol sanda, taýýarlanylyşyny, tassyklanylyşyny, ýaýradylyşyny we saklanyşyny öz içine almak bilen.

G2C ulgamalary üçin aşakdakylar talap edilýärler:

- Elektron önümçilik proseslerini döretmek
- Resminamalaryň elektron gaýtadan işlenilişi
- Bilimleri dolandyrmak ulgamlary

Bu soraglar 2.0 we 3.0 bölümlerde has jikme-jik ara alnyp maslahatlaşylýarlar.

Amaly gönükme

Siziň guramaňyzda önümçilik prosesleriniň gowulandyrmaly aspektlerini kesgitläň. Siziň guramaňyzyň iş proseslerini gowulandyrmak üçin IKT-iň nähili ulanylyp bilinjekdigini kesgitläň.

## 1.4. IKT-i hökümetde üstünlikli ornaşdyrmagyň artykmaçlyklary

1-nji tablisada hökümetiň iş prosesinde IKT-iň goldamagy bilen bolan netijeli reformalaryň getirip biljek položitel üýtgemeleri görkezilýär.

Tablisa 1. Elektron hökümeti ornaşdyrmagyň netijesinde hökümetiň iş prosesinde üýtgemeler

| Ondan | Şuňa |
|---|---|
| Kagyz resminama dolanşygy esasynda döwlet iş prosesleri | Elektron resminama dolanşygy esasynda prosesler |
| Müdiriýetleriň işine gönükdirilen prosesler | Hyzmatlary bermäge gönükdirilen prosesler |
| Köpsanly kontaktlaryň we döwlet edaralaryny şahsy (gaýybana däl) baryp görmeleriň gerekdigi | Kontaktyň ýeke-täk nokady we onlaýn elýeterlilik, bu döwlet edaralaryna şahsy barylmagyny gerekli däl edýär |
| Gaýtalamalaryň köp sany bilen we dürli müdiriýetleriň arasynda artykmaç, köp bolan informasion resurslary müdiriýetleriň derejesinde dolandyrmak | Umumy standarty ulanmak bilen informasion resurslary hökümetiň çäklerinde dolandyrmak, ol konwergensiýa hökmünde häsiýetlendirilýär |

Bu üýtgemeler transaksiýalaryň wagtynyň azalmagynyň we artykmaç býurokratiki gatlaklaryň ýatyrylmagynyň hasabyna döwlet dolandyryşynyň netijeliligini, aýdyňlygyny we hasabatlylygyny ýokarlandyrarlar. Ondan başga-da, elektron hökümet raýatlar bilen hökümetiň arasynda ynamy berkitmäge hemaýat berýär, sebäbi ol döwlet edaralary bilen raýatlaryň arasynda göni özara täsiri artdyrýar, hem-de şol bir informasiýany uniwersal we umumy elýeterli edýär.

Ahyrsoňunda, IKT-i ornaşdyrmak dolandyryşyň reformasyny ýönekeýleşdirip biler. IKT-i ulanmagyň Aziýanyň ähli jemgyýetçilikleri boýunça okgunly ýaýrandygy sebäpli merkezleşdirilen we býurokratiki döwlet guramalary täze talaplar bilen hem-de raýatlar we işewür toparlar tarapyndan konkurent basyşa sezewar bolýarlar. Tutuşlygyna alanyňda, elektron hökümetiň taslamalary raýatlarda we bisnesde hökümetiň döwrebaplaşýandygy we öňe hereket edýändigi barada düşünmekligi artdyrýarlar.

## Oýlanmak üçin soraglar

Siziň ýagdaýyňyzda döwlet dolandyryşynda IKT-i ulanmak bilen getirilen ähli üýtgemeler peýdalymy? Elektron hökümet oblastyndaky başlangyçlaryň raýatlar

tarapyndan oňyn kabul edilmeýän ýagdaýlary barmy? Beýle ýagdaýlary beýan ediň.

## 1.5 Üstünligiň kritiki faktorlary

Elektron hökümet ornaşdyrylanda üstünligiň möhüm faktorlary bäş esasy ugurlar boýunça toparlanyp bilnerler:

Surat 1. Elektron hökümet ornaşdyrylanda üstünligiň kritiki faktorlary
(Çeşme: Soh Bong Yu, "Koreýanyň elektron hökümeti: Biz ony nähili işläp düzdük" (KADO prezentasiýasy), 25, https://www.kado.or.kr/koil/bbs/board_view.asp?config_code=362&offset=0&board_code=3246)




Görüş, maksatlar, strategiýalar

Dürs formulirlenen konsepsiýaly we strategiýaly uzak möhletleýin meýilnama elektron hökümetiň durmuşa geçirilmegi üçin möhüm ähmiýete eýedir. Bu ýerde fragmentar çemeleşmeler ýa-da çalt düzedişli çemeleşmeler işlemeýärler. Has netijeli çemeleşme masştablaýyn pikirlenmekde we has uly kartina (ýokardan-aşak

taslamalaşdyrmak) görnüşe eýe bolmakdan ybaratdyr, emma ornaşdyrmak prosesiniň barşynda kiçi we prioritet meselelerden başlamaly (aşakdan-ýokarlygyna).

Umuman aýdanyňda, üstünlikli elektron hökümet üçin gerekdir:

- Liderlerde aýdyň görüş
- Raýatlar tarapyndan güýçli goldaw
- Hereketleriň yzygiderliligini formulirlemek

Kanunlar we kadalaşdyryjy namalar

Täze prosesleri durmuşa geçirmegi goldamak üçin talap edilip bilinjek kanunçylyk üýtgemeleri üçin ýeterlik wagtyň we tagallalaryň meýilleşdirilmegi möhümdir. Elektron hökümetiň üstünligi üçin aşakdaky kanunlar talap edilýärler:

- Şahsy häsiýetli informasiýa baradaky kanun we ugurdaş soraglar
- Biznes-proseslerde we informasion ulgamlarda üýtgemeler bilen baglanyşykly kanun
- Informasion tehnologiýalar oblastynda we integrirlenen hasaplaýyş merkezini döretmekde döwlet arhitekturasy baradaky kanun

Guramaçylyk strukturasy

Bu oblastda zerur tagallalara kembaha garamak gerek däldir. Guramaçylyk restrukturirlemegi, adatça, umumy tagallalaryň 30-dan 50 göterimine çenli düzýär. Guramaçylyk strukturalaryndaky üýtgemeler gowy meýilleşdirilmelidirler we ulgamlaýyn esasda amala aşyrylmalydyrlar.

Guramada üýtgemeleri amala aşyrmakda möhüm roly oýnaýarlar:

- Güýçli ýolbaşçylyk we jogapkärçilik
- Meýilnamalaşdyrmak – IT oblastynda menejment we üýtgemeleri dolandyrmak
- Býujeti taýýarlamak we ýerine ýetirmek
- Utgaşdyrmak we hyzmatdaşlyk
- Monitoring we öndürijiligi ölçemek
- Hökümet liniýasy boýunça hyzmatdaşlygyň bilelikdäki hereketleri – Hususy sektor – Raýat sektory

Biznes-proses

Biznesi alyp barmagyň bar bolan usulynyň iň kabul ederlikli ýa-da netijeli bolmagy hökmany däldir. Biznes-prosesleriň innowasiýasynyň gurallarynyň biri biznes-prosesleri täzeden guramakdyr (BPTG, Business Process Reengineering). BPTG işçi akymyň içerde ýa-da müdiriýetler derejeleriniň arasynda prosesiň netijeliligini artdyrmak üçin (ýagny işçi prosesde netijesizligi aradan aýyrmak üçin) täzeden guramaklygy göz öňünde tutýar.

Informasion tehnologiýalar

Informasion tehnologiýalar okgunly üýtgeýärler. Tehnologiýalary we üpjün edijileri saýlamakda hasaba alynmaly faktorlar bolup durýarlar:

- Ulanylýan tehnologiýalaryň talap edilýän derejesi
- Torlaýyn infrastruktura
- Ylalaşyklyk
- Standartlaşdyrmak
- Tehniki we kadr potensialynyň bar bolmagy

### Amaly gönükme

Eger-de Siziň ýurduňyzda elektron hökümeti ösdürmek boýunça meýilnama bar bolsa, onda oňa üstünligiň bu bölümde getirilen kritiki faktorlarynyň sanawyny ulanmak bilen serediň.

## 1.6. Elektron hökümet ýaýbaňlandyrylanda töwekgellik faktorlary

Köp ýurtlarda elektron hökümeti durmuşa geçirmekligiň ýokary garaşylmalary ödemändigi hakynda giň ýaýran pikir bar. Bir barlagda ähli dünýä boýunça elektron hökümeti durmuşa geçirmegiň maksatnamalarynyň 35 göteriminiň başa barmandygy, 50 göteriminiň bölekleýin şowsuz bolandygy hem-de diňe 15 göterimini şowly diýip hasaplap boljakdygy görkezilýär.[3]

---

[3] Milli Informasion Jemgyýetiň Agentligi, "Aziýany e-Hökümetiň üsti bilen baglanyşdyrmak" (Aziýa e-Hökümet Forumy 2007, Seul, Koreýa Respublikasy, 2007-nji ýylyň 20-nji Sentýabry (National

Ösýän ýurtlarda elektron hökümetiň ýaýbaňlandyrylmagynda şowsuzlyga eltýän faktorlar öz içine alýarlar:

- Döwlet dolandyryşynyň ulgamynyň çäklerinde ylalaşygyň bolmazlygy: hökümet tarapyndan içerki garşylyk
- Adekwat däl meýilnamalar we strategiýalar: elektron hökümet bölekleýin we ulgamlaýyn däl ornaşdyrylýar
- Ýeterlik adam resurslarynyň bolmazlygy: ýeterlik däl institusional we adam potensialy
- Maýa goýum meýilnamasynyň bolmazlygy
- IT-i we ulgamlary üpjün edijileriň ýeterlik bolmazlygy
- Bişişmedik tehnologiýalar: tehnologiýalara çakdanaşa köp üns berilmegi ýa-da tehnologiýalara gönükdirilen ýaýbaňlandyrmak
- Laýyk barlagsyz we taýýarlyksyz çalt ornaşdyrmak

Iň möhüm mesele çözüwleriň hiç biriniň ähli ýagdaýlar üçin ýaramajagyny ykrar etmek bolup durýar. Aziýa-Ýuwaş okean sebiti dürli çemeleşmeleri talap edýän örän dürli syýasy, ykdysady, sosial we hökümet gurşawlary bilen häsiýetlenýärler.

Amaly gönükme

Öz ýurduňyzda şowsuz bolan ýa-da bölekleýin üstünlige ýeten elektron hökümet oblastynda başlangyç ýa-da taslama barada pikir ediň. Taslamany beýan ediň we onuň şowsuzlygynyň sebäplerini düşündiriň.

## 1.7. Elektron hökümetiň perspektiwalary

Tehnologiýalardaky okgunly progres elektron hökümeti ýaýbaňlandyrmak üçin wariantlaryň giň spektrini berýär. Täze tehnologiýalar raýatlar we biznes üçin has hilli hyzmatlary bermek potensialyna eýedirler. Şeýlelikde, elektron hökümeti döretmegiň tapgyrlary, 2-nji Tablisada görkezilişi ýaly kesgitlenilip bilnerler.

---

Information Society Agency, “Bridging Asia through e-Government” (Asia e-Government Forum 2007, Seoul, Republic of Korea, 20 September 2007).

Tablisa 2. Koreýa Respublikasynyň elektron hökümetiniň ösüşiniň tapgyrlary

| **Kompýuterleşdirmek (Tapgyr 1)** | **Onlaýn režim (Tapgyr 2)** | **Integrirlemek (Tapgyr 3)** | **Hemme ýerde/Bilniksiz (Tapgyr 4)** |
|---|---|---|---|
| 1980-nji ýyllar, 1990-njy ýyllaryň başyna çenli | 1990-njy ýyllaryň ortasyndan 2000-nji ýyla çenli | 2000-nji ýyldan 2007-nji ýyla çenli | 2010-njy ýyl töweregi |
| Awtomatlaşdyrmak | Tora birikdirmek | Konwergensiýa | Içden gurlanlyk |
| Maglumatlar binýady maglumatlar binýadyna | Kompýuter kompýutere | Adamlar – adamlara | Obýekt obýekte |
| Bölünen hyzmat ediş | Onlaýn hyzmat ediş | Elýeterliligiň ýeke-täk nokady | Bitewi/görünmeýän hyzmat beriş |

Çeşme: IT oblastynda strategiýa boýunça Bölüm, Kompýuterleşdirmek boýunça Milli Agentlik, 2006, IT oblastynda strategiýa we Koreýa Respublikasynyň elektron hökümeti.[4]

Koreýa Respublikasy ýagdaýynda birinjiden üçünjä çenli tapgyrlar 2007-nji ýylda tamamlandylar. Giň zolakly özgerdiji tor (Broadband Conversion Network) ýaly täze tehnologiýalar we umumy (hemme ýerde bar bolan) tehnologiýalar mundan buýanky ösüşe alyp barýarlar (Tapgyr 4). IKT oblastynda bu täze işlenilip düzülenler Döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin IKT-iň ösmeginiň Tendensiýalarynyň 4-nji Modulynda seredilýärler. Ýagdaýlaryň köpüsinde her hökümete raýatlar üçin bitewi gullugy üpjün etmek maksatlary bilen 3-nji tapgyra çenli ýetmek gerek. Ondan soňra, eger-de onuň üçin zerurlyk ýüze çyksa, raýatlar üçin hyzmatlaryň hilini gowulandyrmak üçin täze tehnologiýa kabul edilip bilner.

[4] Milli kompýuterleşdirmek Agentligine (MKA) 2006-njy ýylyň Oktýabrynda Milli Informasion Jemgyýetiň Agentligi diýlip at berildi.

# 2. ELEKTRON HÖKÜMETIŇ MODELLERI, STRATEGIÝASY WE “ÝOL KARTASY”

## 2.1 Elektron hökümetiň modelleri

Köp döwlet guramalary sifrleýin rewolýusiýany kabul etdiler hem-de elektron hökümetiň gyzyklanýan gatnaşyjylary üçin döwlet informasion we hökümet onlaýn hyzmatlarynyň giň spektrini ösdürýärler. Gyzyklanýan taraplar bolup durýarlar:

- raýatlar
- biznes
- döwlet gullukçylary
- ministrlikler, döwlet müdiriýetleri we agentlikler
- kärdeşler arkalaşyklarynyň liderleri
- jemgyýetçilik toparlarynyň liderleri, telekeçilik däl guramalar
- syýasatçylar
- daşary ýurtly maýadarlar
- beýlekiler

### Oýlanmak üçin soraglar

1. Aýratyn şahsyň elektron hökümete gyzyklanýan taraplaryň dürli kategoriýalaryna degişli bolmagy mümkinmi?
2. “Beýlekiler” kategoriýalaryna kim ýa-da adamlaryň haýsy toparlary degişli bolýarlar?

Fang [5] gyzyklanýan taraplaryň arasyndaky bilelikdäki hereketiň görnüşine baglylykda elektron hökümetiň sekiz modelini kesgitledi (seret, Tablisa 3)..

---

[5] Žiuýan Fang, “e-Hökümet Sifrleýin Zamanda: Konsepsiýa, Tejribelik we Ösüş”, *Kompýuter, Internet we Menejment boýunça Halkara Žurnal,* Tom 10, № 2 (2002): 1-22 (Zhiyuan Fang, “e-Government in Digital Era: Concept, Practice, and Development,” *International Journal of the Computer, the Internet and Management*, Vol.10, No. 2 (2002): 1-22), http://www.journal.au.edu/ijcim/2002/may02/article1.pdf.

Tablisa 3. Gyzyklanýan taraplaryň arasynda bilelikdäki hereketleriň görnüşleri boýunça elektron hökümetleriň modelleri

| **Elektron hökümetiň modelleri** | **Gyzyklanýan taraplaryň arasynda bilelikdäki hereket** |
|---|---|
| Hökümet – raýatlara (G2C) | Döwlet hyzmatlaryny we maglumatlaryny hökümetden raýatlara birtaraplaýyn bermek |
| Raýatlar – hökümete (C2G) | Raýatlaryň we hökümetiň arasynda informasiýany alyş-çalyş etmek mümkinçiligi |
| Hökümet – biznese (G2B) | Elektron transaksiýalardan durýar, onda hökümet biznese olara hökümet bilen transaksiýalarda gerekli, kesgitli maglumaty berýär. Mysal bolup elektron satyn alyş ulgamy gulluk edip biler. |
| Biznez – hökümete (B2G) | Has netijeli bolmakda hökümete kömek bermek üçin, hökümet üçin önümi we hyzmatlary ýerlemeklige degişli, meselem, biznes-posesleri we elektron hasaba alyş ýazgylaryny dolandyrmak ulgamlaryny gowulandyrmak ýoly bilen. Elektron satyn alyşlaryň ulgamy G2B bilen hem, şeýle hem, B2G bilen hem bilelikdäki hereketi ýeňilleşdirýän goşundy bolup durýar. |
| Hökümet – işgärlere (G2E) | Döwlet gulluklaryny dolandyrmagy we döwlet gullukçylary bilen içerki baglanyşygy ýeňilleşdirýän başlangyçlardan durýar. Mysal – adam resurslaryny dolandyrýan onlaýn-ulgam. |
| Hökümet – hökümete (G2G) | Döwlet pudaklarynyň ýa-da edaralarynyň arasynda toplumlaýyn maglumatlar bazalarynyň çäklerinde onlaýn kommunikasiýalar we maglumatlary alyş-çalyş mümkinçiligini berýär. |
| Hökümet – telekeçilik däl guramalara (G2N) | Hökümet telekeçilik däl guramalara, syýasy partiýalara we jemgyýetçilik guramalaryna maglumatlary berýär. |
| Telekeçilik däl guramalar – hökümete (N2G) | Hökümetiň hem-de telekeçilik däl guramalaryň, syýasy partiýalaryň we jemgyýetçilik guramalarynyň arasynda maglumaty alyş-çalyş we arabaglanyşyk mümkinçiligini berýär. |

Şeýlelikde, elektron hökümet hyzmatdaşlygyň iki görnüşini herekete getirýär diýip aýdyp bolar: içerki we daşarky (seret, Surat 2). Içerki hyzmatdaşlyk – bu häkimiýetiň şahalarynyň (ýerine ýetiriji, kanunçylyk we kazyýet) arasyndaky we içersindäki bilelikdäki hereket. Daşarky hyzmatdaşlyk hökümetiň, raýatlaryň we biznesiň arasyndaky gatnaşyklara degişlidir.

Surat 2. Elektron hökümet oblastynda hyzmatdaşlyk shemalary
(Çeşme: Zhiyuan Fang, "Elektron hökümet sifrleýin asyrda: Konsepsiýa, tejribeçilik we ösüş", Kompýuterler, Internet we menejment barada Halkara žurnal, 10-njy tom, № 2 (2002): 1-22, http://www.journal.au.edu/ijcim/2002/may02/article1.pdf)



## 2.2. Ösýän ýurtlarda elektron hökümeti ösdürmek üçin öňe sürülýän ugurlar

Derňewler we dürli ýurtlaryň resminamalaýyn görnüşdäki öňdebaryjy tejribelikleri elektron hökümetiň ösüşinde üç esasy tapgyryň bardygyny çen etmäge mümkinçilik berýärler. Birinjisi – kommunikasiýalary ýa-da infrastrukturany gurmak, ikinjisi kontenti ýa-da goşundylary işläp düzmek, üçünjisi bolsa – ulgamlar ýa-da integrasiýa.

Bu üç tapgyrly çemeleşme köp ýurtlarda kabul edildi, şol sanda, Bangladeşde, Hytaýda, Ýaponiýada, Meksikada we Koreýa Respublikasynda. Meksikanyň ýagdaýynda (seret, Surat 3) kommunikasiýalar informasion tehnologiýalaryň serişdelerine jemgyýetçilik elýeterliligini bermek we sifrleýin jemyýetçilik merkezleriniň kömegi bilen okatmak ýoly arkaly sifrleýin deňsizlik meselesiniň çözülmegini aňladýar. Meksikanyň kontenti we goşundylary işläp düzmekde prioritetleri (Tapgyr 2) elektron okatmak, elektron saglygy goraýyş, elektron ykdysadyýet we elektron hökümet bolup durýarlar. Ondan başga-da, bu tapgyrda müdiriýetleriň ýa-da ministrlikleriň derejelerinde döwlet portallary işlenilip düzülýärler. Elektron Meksikanyň üçünji tapgyry (e-Mexico) ähli ulgamlaryň ýa-da portallaryň raýatlara we biznese bitewi hyzmatlary bermek üçin integrasiýasyny ýa-da birikdirilmegini göz öňünde tutýar.

Surat 3. Elektron Meksikanyň milli ulgamyny ýaýbaňlandyrmak
(Çeşme: Elektron Meksikanyň portaly, http://www.e-mexico.gob.mx).



Fijide we Süleýman adalarynda elektron hökümetiň meýilnamasy bäş komponentden ybarat: elektron hökümetiň taslamasynyň ýerine ýetirilmegi hökmany bolan modeli (Blueprint), elektron hökümet üçin goşundylary – amaly maksatnamalary işläp düzmek, maglumatlaryň hökümet merkezleri (data-merkezler), hökümetiň informasion-kommunikasion infrastrukturasyny döretmek, hem-de bolsa IKT-i ulanmagy (IKT oblastynda kompetensiýany) ösdürmek we okatmak. Elektron hökümetiň sekiz sany goşundysy şeýle görnüşde kesgitlenildiler: oba etraplarynda mugallymlar we okuwçylar üçin elektron okadyş, bilim beriş grantlary boýunça elektron ulgam, penisintar edaralaryny dolandyryş ulgamy, jenaýatçylyk boýunça maglumat ulgamlary, sosial üpjünçiligiň elektron ulgamy, resminamalary dolandyrmagyň ulgamy, gümrük gullugyny informatizirlemek, adam resurslaryny dolandyrmak boýunça ulgam.[6]

Aragatnaşyk bilen üpjün etmek ösýän ýurtlar üçin, aýratyn hem adalardaky ýurtlar üçin mesele bolup durýar. Süleýman adalary bu meseläni “Birinji halk tory” (the People First Network, PFnet) atly başlangyjyň kömegi bilen çözdüler.

## PFnet

Süleýman adalarynyň paýtagty Honiaradan (Honiara) takmynan 1000 mil uzaklykdaky Şuazel (Choiseul) adasyndaky Sasamunga (Sasamunga) atly daşdaky obada adamlar öz garyndaşlary, dostlary we döwlet edaralary bilen elektron poçta arkaly 2001-nji ýyldan bäri aragatnaşyk saklaýarlar. Bu örän ajaýyp, sebäbi obada tok ýa-da telefon liniýalary hem ýok. Bäş ýyl ozal obanyň dünýä bilen aragatnaşyk saklamagynyň ýeke-täk serişdesi Honiara çenli 3-4 hepdede barýan (ýerli poçta ugradyşynyň üsti bilen) hatlar bolup durýardylar. Adatdan daşary ýagdaýlar üçin gysga tolkunly radio ulanylýardy.

Elektrik toksuz poçta Sasamunganyň ýaşaýjylaryna 2001-nji ýylda UNDP-UNOPS taslamasy boýunça döredilen PFnet ulgamynyň üsti bilen elýeterli boldy. Ulgam gymmaty 2000 ABŞ dollary bolan we gün energiýasyndan işleýän portatiw kompýuterden ybarat. Elektron poçtanyň portatiw kompýuterde ýygnalan

[6] Anand Chand, “e-Hökümet Günorta Ýuwaş okean Sebitinde: Fuji we Süleýman adalarynda Nusgalyk mysal öwrenmeler: (Aziýa-Ýuwaş okean e-Hökümet başlangyçlary boýunça Sebitleýin Maslahatda hödürlenen makala, Bangkok, Tailand, 2006-njy ýylyň 24-25-nji Apreli (“e-Government in the South Pacific Region: Case studies from Fiji and Solomon Islands” (paper presented at the Regional Workshop on Asia-Pacific e-Government Initiatives, Bangkok, Thailand, 24-25 April 2006), http://www.apdip.net/projects/e-government/capblg/casestudies/Fiji-Chand.pdf.

habarnamalary ýokary ýygylykly gysga tolkunly radionyň üsti bilen Honiaradaky Internet-kafedäki has kuwwatly radio kabul edijä geçirilýär, ol ýerde operator elektron habarnamalary kabul edýär we olary degişli salgylara täzeden ugrukdyrýar. Bu bir günde birnäçe gezek ýerine ýetirilýär, bu bolsa obanyň elektron poçta stansiýasynyň operatorlarynyň we Honiaradaky Internet-kafedäki operatoryň arasyndaky hemişelik aragatnaşygyň bolmagyny aňladýar.

Bu elektron poçta stansiýasynyň hersinde elektron habarnamalar şu görnüşde "gaýtadan işlenilýärler": müşderi habaryny elde ýazylan tekst hökmünde kagyz böleginde (adatça, ýerli Pidgin dilinde) stansiýa getirýär, ýa-da stansiýanyň operatoryna dilden aýdýar, operator habary çap edýär we soňra ony Honiaradaky Internet-kafe goýberýär. Her stansiýada habarlary müşderileriň atlaryndan girizmek we goýbermek wezipelerini operatorlaryň ýerine ýetirýändigi sebäpli PFnet gulluklaryny ulanmakda sowatsyzlyk päsgelçilik bolup durmaýar.

PFnet başda PROON tarapyndan maliýeleşdirilýärdi. Soňra PFnet AusAID, Ýaponiýa, Ýewropa Bileleşigi, Beýik Britaniýa, Ösüşde resmi kömegi bermek boýunça Täze Zelandiýa agentligi we Hytaý Halk Respublikasy tarapyndan maliýeleşdirmegi aldylar. Häzir özbaşdak, PFnet Honiarada ýerleşýän Obanyň ösmegi boýunça meýletinleriň Assosiasiýasynyň (Rural Development Volunteer Association) – hökümete degişli däl guramanyň (HDDG) alyp barmagy astyndadyr. Tor öz içine elektron poçtanyň Süleýman adalaryndaky 14 stansiýany, ýa-da her esasy adalarda bir stansiýany öz içine alýar. Elektron poçtanyň her stansiýasy uly bolmadyk otagda, adatça oba keselhanasynda, jemgyýetçilik mekdebinde ýa-da islendik beýleki elýeterli we howpsuz jemgyýetçilik ýerinde ýerleşýär.

Çeşme: Anand Çanddan uýgunlaşdyrylyp alyndy, "Günorta-Ýuwaş okean sebitinde elektron hökümet: Fijiniň we Süleýman adalarynyň mysallary" (resminama elektron hökümetiň başlangyçlary boýunça sebitleýin Aziýa-Ýuwaş okean maslahatynda hödürlenildi, Bangkok, Tailand, 2006-njy ýylyň 24-25-nji apreli), http://www.apdip.net/projects/e-government/capblg/casestudies/Fiji-Chand.pdf.

Bangladeşde Internede birikmek boýunça strategiýa "Sifrleýin jemgyýetçilik merkezi" maksatnamasyna esaslanýar, ol dört görnüşden durýar: jemgyýetçilik informasion merkezleri (JIM), IKT boýunça oba merkezleri (OMIKT), oba tehnologiki merkezleri (OTM), Internet-okadylyş merkezleri (IOM).[7]

---

[7] Ananya Raihan, *Bangladeşde Jemgyýetçilik elýeterlilik Merkezleri ýa-da Telemerkez Hereketleri* (UNPAN e-Hökümet Aziýada we Ýuwaş okeanda, 2007), (*Community Access Points or Telecentre Movement in Bangladesh* (UNPAN e-Government in the Asia and Pacific, 2007), http://ipai.pbwiki.com/f/Annex+_A.pdf.

## Bangladeşde sifrleýin jemgyýetçilik merkezleri

Bangladeşde JIM-leri 2006-njy ýylda uly telekommunikasion operatory bolan Grameen Phone tarapyndan esaslandyryldy. Häzirki wagtda Bangladeşiň dürli etraplarynda 26 sany JIM-ler döredildi. Olaryň her haýsysy iň bolmanda bir kompýuter, çap ediji, skaner, web-kamera we EDGE tehnologiýasy boýunça Internede çykmak üçin modem bilen enjamlaşdyrylandyr. JIM şu tölegli hyzmatlary teklip edýärler: elektron-poçtany, fakslary goýbermek, habarnamalary alşyp-çalyşmak (çatlar) we Internet-sahypalaryna seretmek. Adamlar elektron-poçtanyň, faksyň we Internediň hyzmatlaryny dostlary we daşary ýurtlardaky garyndaşlary bilen aragatnaşyk saklamak üçin ulanýarlar. Olar Internedi tordaky döwlet hyzmatlaryna elýeterlilik üçin ulanýarlar, onlaýn barlaglary geçirýärler we onlaýn režimde täzelikleri okaýarlar. JIM Grameen Phone kompaniýasynyň franşizi hökmünde işleýärler. Bangladeşiň 80000 dollary möçberdäki minimal maýa goýumlar bilen ýerli telekeçiler JIM-i satyn alyp bilerler. Ähli Bangladeş boýunça 60000 JIM-leri goýbermek boýunça meýilnama bar.

OMIKT 2006-njy ýylda Digital Equity Network kompaniýasy tarapyndan Bangladeşde işleýän multidonor konsorsiumyň KATALYST-iň goldawy bilen işe goýberildiler. Her OMIKT-de telefon, kompýuterler, çap ediji we skaner, Internede birikmek we sifrleýin kameralar bar. OMIKT-iň niýetlenilişi Bangladeşiň oba etraplarynda mikro-, kiçi we orta kärhanalar üçin informasion hyzmatlary bermekden ybarat. Hususan-da, OMIKT ýerli kärhanalar üçin işewür informasiýany ýaýradýar, ol şu aýratyn sektorlarda: guşçulyk, balykçylyk we kartofeli ösdürip ýetişdirmek ugurlarynda ýerine ýetirilýär. OMIKT dürli sosial, saglygy goraýyş bilen baglanşykly, bilim we hökümet maglumatlaryny hem berýär.

OTM oba etraplaryny ösdürmek üçin laýyk oba tehnologiýalaryny öňe sürmek üçin Practical Action Bangladesh kompaniýasy tarapyndan 2006-njy ýylda Rajoýrada (Rajoir), Madaripurda (Madaripur), Sarişabaride (Sarishabari), Jamalpurda (Jamalpur) döredildiler. Hususan-da, OTM-de däp bolan tehnologiýalaryň täzelenmegi, hem-de bolsa täze tehnologiýalary oba ýerleriniň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin uýgunlaşdyrylmagy bolup geçýär. Ýerli ýaşaýjylar beýikligi we agramy ölçeýän, hem-de bolsa beýleki gerekli oba hojalyk enjamlaryny synap we kärendä alyp bilerler. Oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemek boýunça enjamlaryň arasynda bar: dänäniň çyglylygyny ölçeýji, refraktometr, turşulygy (kislota) ölçeýji, buraw guýy (skwažina) areometri, turşulyklary titrlemek üçin toplum, owradyjy, mikrotolkun peji, süýt separatory,

sifrleýin termometr, blender, garyjy bak we germetizirleýji gaplaýjy. Internede birikdirilen kompýuter hem bar, ony fermerler, söwdagärler, telekeçiler we beýleki müşderiler maglumata elýeterlilik üçin ulanyp bilerler. OTM ýerli işsiz ýaşlary, işden çykarylan işgärleri we doly däl iş güni işleýän adamlary işe duruzmak üçin maglumaty hem berýär.

2005-nji ýylda işe goýberilen IOM Relief International School Online tarapyndan kömek maksatnamasy bolup durýar. Häzirki pursatda Bangladeşde 27 sany, mekdeplerde ýerleşdirilen IOM-lar işleýärler. Her IOM 5-10 sany kompýuter, bir skaner, bir sifrleýin kamera we Internede birikdiriliş bilen enjamlaşdyrylandyr. IOM mekdep okuwçylaryna we mugallymlara kompýuterde işlemegiň başarnyklaryny okatmagy, hem-de bolsa taslamalar we bilelikdäki okuw esasynda taýýarlygy berýär. Agzalyk gatançlary serişdeleriň ýygymy ýoly bilen gündelik çykdajylary ýapmak üçin alynýarlar.

Çeşme: Ananya Raihan uýgunlaşdyrylyp alyndy, *Bangladeşde jemgyýetçilik elýeterlilik nokatlary, ýa-da telemerkezleri döretmek boýunça hereket (UNPAN Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde elektron hökümet), 2007*), http://ipai.pbwiki.com/f/Annex+_A.pdf.

### Oýlanmak üçin soraglar

Siziň ýurduňyzyň elektron hökümeti üçin oba ýerlerinde we daşdaky etraplarda Internete birikdirmek üçin haýsy strategiýalar meýilleşdirilýär? Eger-de beýle strategiýalar ýok bolsa, onda haýsy strategiýalary Siz maslahat bererdiňiz we näme üçin olary maslahat berýärsiňiz?

## 2.3. Elektron hökümeti strategiki meýilnamalaşdyryş

Elektron hökümetiň netijeli ornaşdyrylmagy üçin oýlanşykly strategiýa möhüm ähmiýete eýedir. Strategiki meýilnama häzirki ýagdaýdan islenilýän orta – we uzak möhletleýin ýagdaýa perspektiwada geçmek üçin gurama üçin "ýol kartasyny" göz öňünde tutýar.

Strategiki meýilnamalaşdyryş prosesi aşakda seredilýän  bäş tapgyrlardan[8] ybarat.  Bu bölümde getirilýän mysal Koreý Respublikasynyň elektron hökümetiniň “ýol kartasydyr”.

Ädim 1: Bar bolan şertleriň derňewi.

SWOT-derňew elektron hökümetiň kesgitli bir maksatlaryna ýetmek üçin oňaýly ýa-da oňaýsyz bolup durýan içerki we daşarky faktorlary kesgitlemek üçin ulanylyp bilner. SWOT gysgaltmasy başlangyç harplaryň atlaryndan emele getirilendir:  güýçli taraplar (**S**trengths),  gowşak taraplar (**W**eaknesses), mümkinçilikler (**O**pportunities) we howplar (**T**hreats).

Ädim 2: Görüşi aýdyň kesgitlemek.

Görüşiň beýan edilişi guramanyň nähili bolmak isleýändigi baradaky tassyklama bolup durýar. Ol geljege gönükdirilendir we guramanyň yglan edilen islenilýän geljegine ýetmekde guramanyň agzalaryna ylham bermek üçin gulluk edýär.

Meselem, Koreýa Respublikasynyň elektron hökümetiniň görlüşi – “dünýäde iň gowy açyk elektron hökümet bolmak”, ol aşakdakylaryň üsti bilen amala aşyrylar:

- onlaýn döwlet hyzmatlaryny 85 göterime çenli artdyrmak;
- biznesiň konkurensiýa ukyplylygyny goldamak boýunça dünýäde iň gowularyň onlugynda bolmak;
- döwlet edaralaryna ýüz tutujylaryň barmagynyň sanyny ýylda üç gezekden azaltmak;
- elektron hökümetiň maksatnamalaryny ulanmagyň koeffisiýentini 60 göterime çenli galdyrmak.

Maksatnamalaýyn beýannama aýdyň bolmalydyr. Hem-de onuň ylham beriji ideal bolup galýandygy üçin, ol real, ýetilip bolunýan umyt-arzuwlary hem aňlatmalydyr. Ondan başga-da, ol guramanyň medeniýeti we gymmatlyklary bilen ylalaşykly bolmalydyr.

Ädim 3: Görüşi maksatlara çenli jikme-jikleşdirmek.

---

[8] Adegboyega Ojo, Elsa Estevez, Bernd Friedrich we Tomasz Janowski, “Elektroniki Dolandyryş üçin Strategiki Meýilnamalaşdyryş” (Elektroniki Dolandyryşy Esaslandyrmak boýunça 7-nji UNeGov.net Mekdebinde hödürlenildi, Çeonan, Koreýa Respublikasy, 2007-nji ýylyň 9-11-nji Oktýabry) (“Strategic Planning for Electronic Governance” (presented at the 7th UNeGov.net School on Foundations of Electronic Governance, Cheonan, Republic of Korea, 9-11 October 2007), http://www.unegov.net/03-Events/26-S-Cheonan/public/module-2.pdf.

Maksatlar uzak möhletleýin (üçden bäş ýyla çenli) ugurlar ýa-da görüşiň esasyndaky niýetler bolup durýarlar.

Meselem, Koreýa Respublikasynyň maksatlary milli derejede aşakdakylar bolup durýarlar:

- Demokratiýany halk bilen bilelikde gurmak.
- Balansirlenen sosial ösüşiň jemgyýetini gurmak.
- Demirgazyk-Gündogar Aziýada parahatçylyk işine we gülläp ösmege goşant goşmak.
- Ähluumumy Milli Önümiň (ÄMÖ) ilatyň jan başyna 20 000 dollar bolmagyna ýetmek (bu maksada 2007-nji ýylda ýetildi).

Koreýa Respublikasynyň elektron hökümetiniň maksatlary bolup durýarlar:

- Hökümetiň işinde innowasiýalar
- Raýatlara hyzmat etmekde innowasiýalar
- Informasion resurslary dolandyrmakda innowasiýalar
- Hukuk ulgamyny reformirlemek.

Ädim 4: SWOT-derňewiň netijelerine laýyklykda strategiýalary kesgitlemek we görkezilen maksatlara ýetmek.

Strategiýalar öz içine elektron hökümetiň "ýol kartasynda" kesgitlenilen anyk dolandyryş meselelerini we kesgitli maksatlara ýetmek üçin çäreleri alyp biler. Meselem, hökümetiň öz maksatlaryna nähili görnüşde ýetip biljekdigi barada hemmetaraplaýyn baş-meýilnamany gurmak strategiýa bolup durýar. Strategiýany ýerine ýetirmek maksatnamalary, býujetleri we prosesleri işläp düzmek arkaly strategiýalaryň we syýasatlaryň durmuşa geçirilýän prosesi bolup durýar.

Ädim 5: Strategiýalardan anyk we ölçenilip bilinýän maksatlary formulirlemek.

Maksatlar (objectives) meýilleşdirilýän işleriň ahyrky netijeleri bolup durýarlar. Maksatlar (objectives) anyk bolmalydyrlar we kesgitli bir pursatlarda ýetilmeli zatlaryň ölçenilip bilinýän tassyklamalary bolmalydyrlar. Taktiki maksatlardan tapawutlylykda (objectives) strategiki maksatlar (goals) ýetilmeli zatlaryň açyk beýannamalary bolup durýarlar, özi hem ýerine ýetirilmek sanlaýyn bahalandyrmasyz talap edilýär we onuň tamamlanmagy üçin wagt kriteriýleri

ýokdur. Maksadyň (objective) mysaly: 2009-njy ýylda ähli biznes-kärhanalaryň iň azyndan 95 göterimi G2B ulgamy ulanar.

Tamamlanandan soňra strategiki meýilnamalaşdyrmagy ýerine ýetirmek prosesiniň netijesi jikme-jik meýilnama ýa-da "ýol kartasy" bolmalydyr, ol hemmelere ýetirilmelidir we öz aktuallygyny saklamak şertini üpjün etmek üçin wagtal-wagtal täzeden seredilmelidir. Koreýa Respublikasynyň elektron hökümetiniň "ýol kartasy" mysal bolup durýar.

## Koreýa Respublikasynyň elektron hökümetiniň "ýol kartasy"

Koreýanyň hökümeti SWOT-derňewi, informasion strategiýany meýilleşdirişi (ISP – information strategy planning) we BPR-y öz içine alýan giň strategiki meýilnamalaşdyryş prosesinden soňra elektron hökümetiň jikme-jik "ýol kartasyny" işläp düzdi. Prosese Innowasiýalar we hökümeti merkezleşdirmekden gowşatmak boýunça Prezident Iş toparyndaky (ýa-da Döwlet reformasy boýunça Komitetde) Kiçi komitetde seredildi.

"Ýol kartasy" 2003-2007-nji ýyllar döwrüni öz içine alýan bäşýyllyk meýilnama bolup durýar. Ol, aşakda görkezilişi ýaly, ýerine ýetirmegiň gün tertibiniň 10 bendinden we 31 meseleden ýa-da taslamalardan durýan dört oblasty kesgitleýär.

Koreýa Respublikasynyň elektron hökümetiniň
ýerine ýetirmeginiň gün tertibi we "ýol kartasy"

| **Innowasion işewürligiň 4 oblasty** | **Ýerine ýetirmegiň gün tertibiniň 10 bendi** | **31 esasy taslama** |
|---|---|---|
| 1. Hökümetiň işiniň usullaryny kämilleşdirmek | 1. Maglumatlary elektron gaýtadan işlemegi döretmek | 1. Elektron resminama dolanşygy<br>2. Dolandyryşyň merkezi we ýerli edaralary üçin konsolidirlenen maliýe informasion ulgamy<br>3. Ýerli elektron hökümet<br>4. Elektron audit ulgamy<br>5. Elektron parlament<br>6. Jenaýat kazyýetçiliginiň toplumlaýyn gullugy<br>7. Kadrlary dolandyrmagyň birleşdirilen ulgamy |

| Innowasion işewürligiň 4 oblasty | Ýerine ýetirmegiň gün tertibiniň 10 bendi | 31 esasy taslama |
|---|---|---|
| | | 8. Elektron diplomatiki ulgam<br>9. Milli syýasaty dolandyrmak üçin real wagt ulgamy |
| | 2. Administratiw maglumaty alşyp-çalyşmak ulgamyny giňeltmek | 10. Administratiw maglumaty alşyp-çalyşmak ulgamyny giňeltmek |
| | 3. Biznes-prosesleriň hyzmata-gönükdirilen täzeden guralyşy | 11. Biznes üçin döwlet habar-beriş-gollanma modelini işläp düzmek |
| 2. Raýatlara hyzmat bermekde innowasiýalar | 4. Raýatlara hyzmat bermegi gowulandyrmak | 12. Raýatlara torda hyzmatlary bermegi giňeltmek<br>13. Tebigy betbagtçylyklara reagirlemekligiň toplumlaýyn milli Gulluklary<br>14. Arhitekturany dolandyrmagyň birleşdirilen informasion ulgamy<br>15. Birleşdirilen onlaýn salgyt gullugy<br>16. Milli maddy-hal ýagdaýyň toplumlaýyn gullugy<br>17. Azyk önümleri we dermanlar bilen üpjün etmek boýunça birleşdirilen maglumat ulgamy<br>18. Işlilik soraglary boýunça birleşdirilen maglumat ulgamy<br>19. Administratiw kazyýet iş ýöredilişi üçin onlaýn ulgam |
| | 5. Biznesi goldamak gullugyny gowulandyrmak | 20. Biznesi goldamak gulluklaryna elýeterliligiň ýeke-täk nokady (G4B)<br>21. Logistikanyň birleşdirilen milli informasion gulluklary<br>22. Telekeçiligiň elektron gulluklary<br>23. Daşary ýurtlulara |

| Innowasion işewürligiň 4 oblasty | Ýerine ýetirmegiň gün tertibiniň 10 bendi | 31 esasy taslama |
|---|---|---|
| | | ählitaraplaýyn kömek gulluklary<br>24. Eksportyň ösdürilmegini goldamak üçin elektron hökümetiň çözüwleri |
| | 6. Raýatlaryň onlaýn gatnaşmagyny ýokarlandyrmak | 25. Raýatlaryň tora gatnaşygyny ýokarlandyrmak |
| 3. Informasion resurslary dolandyrmakda innowasiýalar | 7. Informasion resurslaryň konsolidasiýasy we standartlaşdyrylmagy | 26. Tutuş hökümetiň çäginde informasion resurslar boýunça birleşdirilen administratiw ulgam<br>27. Elektron hökümetiň kommunikasion toruny giňeltmek<br>28. Tutuş hökümetiň çäginde informasion tehnologiýalaryň arhitekturasyny döretmek |
| | 8. Informasion howpsuzlyk ulgamlaryny berkitmek | 29. Infromasion howpsuzlyk boýunça ulgamy döretmek |
| | 9. IT oblastynda işgärler düzüminiň we edaralaryň potensialyny güýçlendirmek | 30. IT-işgärler düzümini we edaralary täzeden struktuirlemek |
| 4. Hukuk ulgamyny reformirlemek | 10. Elektron hökümetiň hukuk ulgamyny reformirlemek | 31. Elektron hökümetiň kanunlarynyň we kadalaşdyryjy namalarynyň reformalary |

*Çeşme: Kompýuterleşdirmek boýunça Milli Agentlik, Giň zolakly IT-Koreýa: informatizirlemek boýunça gollanma (Seul, Kompýuterleşdirmek boýunça Milli Agentlik,* 2004, 20, http://www.nia.or.kr/special_content/eng/.

Elektron hökümeti ornaşdyrmak boýunça Mongoliýanyň “ýol kartasy” aşakda getirilýär.

## Mongoliýanyň elektron hökümetiniň “ýol kartasy”

2005-nji ýylda Mongoliýanyň IKT oblastyndaky döwlet müdiriýeti (ICT Authority – ICTA) “Elektron Mongoliýa” milli maksatnamasyny we Mongoliýanyň elektron hökümetiniň baş-meýilnamasyny işe goýberdi.

“Elektron Mongoliýa” milli maksatnamasy täze ykdysady şertleri döretmek, ýurduň konkurensiýa ukyplylygyny ýokarlandyrmak we durnukly ösüşi üpjün etmek ýoly bilen ilatyň ýaşaýşynyň hilini gowulandyrmaklyga gönükdirilendir. Maksatnamanyň “HK hemmeler üçin” we “Hemme raýatlar üçin kompýuter sowatlylygy” ýaly taslamalar ýerine ýetirilende eýerýilýän 16 maksatlary we hereketleriniň meýilnamasy bar.

“HK hemmeler üçin” maksatnamasynyň çäklerinde döwlet edaralary, HDDE-ler we hususy kompaniýalar Internet-hyzmatlaryň prowaýderleriniň Mongol assosiasiýasyny we Kompýuter tehnikasyny üpjün edijileriň-kompaniýalaryň Mongol assosiasiýasyny döretmek üçin birleşdiler. Bu onlaýnda hasaplamalaryň çykdajylarynyň peselmegini berdi.

Ondan başga-da, IKTÖ üçin oňaýly hukuk gurşawyny üpjün etmek üçin, “Elektron Mongoliýa” Milli maksatnamasynda bu hakda aýdylyşy ýaly kanunlar kabul edildiler ýa-da olara düzedişler girizildiler. Bu diňe bir IKT degişli kanunlar bolman, eýsem IKTÖ täsir edýän beýleki kanunlar hem. Meselem, Bilim hakyndaky Kanunda orta mekdepler we IKT oblastynda hünärmenler üçin IKT boýunça okuw meýilnamasynyň işlenilip düzülmegi hakyndaky düzgünnama bar.

Mongoliýanyň elektron hökümetiniň baş-meýilnamasy ýagdaýy bahalandyrmak we Mongoliýanyň IKT zerurlyklarynyň, hususan-da, döwlet edaralarynyň arasynda giň derňewleriň esasynda işlenilip düzüldi. Baş-meýilnama görüşi, strategiýalary we anyk möhletleriň çäklerinde çäreleri hem öz içine almak bilen, ýerine ýetirmegiň meýilnamalaryny özünde saklaýar. Görüş häzirkizaman IKT-lerini ulanmak arkaly raýat, aýdyň we bilimlere esaslanan hökümeti diklemek ýoly bilen güýçli we konkurensiýa ukyply ýurdy gurmakdan ybaratdyr.

Baş-meýilnamada görkezilen 22 taslama esasy ünsi hökümet informasiýasynyň we proseduralarynyň sifrlenilmegine berýär, olar aýratyn informasion resurslara elýeterlilik berýärler we Internediň üsti bilen döwlet hyzmatlaryny gowulandyrýarlar. Taslamalaryň biri açyk Hökümet portaly bolup durýar, ol biznese we raýatlara meýdança berýär, ol syýasaty, kanunlary we kadalary teswirlemek, hem-de bolsa raýatlaryň hökümet edaralary bilen özara gatnaşygynyň derejesini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär. Beýleki taslama Mongol salgyt

Agentliginiň saýtydyr, ondan dürli salgyt görnüşlerini (formalaryny) we resminamalary ýükläp alyp bolýar.

Çeşmeler:

ICTA, Mongoliýada informasion we kommunikasion tehnologiýalary ösdürmek – 2006: “Ak kitap” (Ulan-Bator: ICTA, 2006), http://www.itconsulting.mn/publications/WP%20of%20Mongolia%20final.pdf.

Lkhagvasuren Ariunaa, *Mongoliýa: Jemgyýetçilikleri ilatyň garyp we garyp düşen gatlaklary üçin elektron hökümet başlangyçlaryna gatnaşmak üçin mobilizlemek (Bangkok*: UNDP-APDIP, 2005), http://www.apdip.net/projects/e-government/capblg/casestudies/Mongolia-Ariunaa.pdf.

Lkhagvasuren Ariunaa we Batchuluun Batpurev, “.mn Mongoliýa”, Aziýa-Ýuwaş okean sebitiniň elektron synynda 2007/2008 (Nýu-Deli: Sage, IDRC, Orbicom, 2007), http://www.idrc.ca/en/ev-127135-201-1-DO_TOPIC.html.

Odgerel Ulziikhutag, *Mongoliýa: Raýatlaryň gatnaşmagyny ýokarlandyrmak boýunça elektron hökümetiň esasy meseleleri (Bangkok:* UNDP-APDIP, 2005), http://www.apdip.net/projects/e-government/capblg/casestudies/Mongolia-Ulziikhutag.pdf

## Amaly gönükmeler

1. Siziň hökümetiňde elektron hökümetiň “ýol kartasy” ýa-da IKT oblastynda meýilnamasy barmy? Ony anyklaň, hem-de meýilnamanyň ýa-da “ýol kartasynyň” formulirlenen prosesini beýan ediň. Ol ýokarda beýan edilen strategiki meýilnamalaşdyrmaklyga nähili derejede meňzeş ýa-da tapawutly?
2. Eger-de Siziň hökümetiňizde entek hem elektron hökümet üçin “ýol kartasy” ýa-da IKT oblastynda meýilnama ýok bolsa, onda gysga derňewi ýazyň, onda Siziň hökümetiňiz üçin tejribelikde aýratyn kyn boljak strategiki meýilnamalaşdyryş prosesiniň tapgyrlaryny we näme üçin olaryň aýratyn kyn boljakdygyny kesgitläň. Siziň ýurduňyzda elektron hökümetiň “ýol kartasyny” döretmeklige we strategiki meýilnamalaşdyrmaklyga kimiň gatnaşmalydygyny hem kesgitläň.

## 2.4. Elektron hökümeti ornaşdyrmak we bahalandyrmak

Elektron hökümeti üstünlikli ornaşdyrmak her meseläni ýa-da elektron hökümetiň “ýol kartasynyň” taslamasyny ýerine ýetirmeklige baglydyr.

Koreýa Respublikasy ýagdaýynda Döwlet dolandyryşynyň we içeri işleriň soraglary boýunça Ministrlik (Ministry of Government Administration and Home Affairs, MOGAHA)[9] taslamalary dolandyrmak üçin ýolbaşçy ýörelgeleri işläp düzdi we olary resmi karar hökmünde tassyklady (№ 142, 2004-nji ýylyň 30-njy marty). MOGAHA taslamalary dolandyrmak üçin Kompýuterleşdirmek boýunça milli Agentligini hem döretdi (National Computerization Agency, NCA).[10] Elektron hökümetini durmuşa geçirmek iki sany “sütünlere” esaslanýar: Elektron hökümeti goldamak Taslamasy we Administratiw maglumatlar bazasyny döretmek bazasynyň Taslamasy. Elektron hökümeti goldamak taslamasynyň öňe sürýän prioritetleri “ýol kartasynyň” meselelerini goldamak, birnäçe ministrlikleriň gatnaşýan taslamalaryna, täze syýasaty işläp düzýän taslamalara ýa-da bölünip berlen býujetiň we her ýyl üçin kararlaryň çäginde ýerli informatizirlemek taslamalaryna kömek bermek bolup durýar.

4-nji suratda Koreýanyň elektron hökümetiniň “ýol kartasynyň” tapgyrlar boýunça toparlanan taslamalary görkezilendir.

Surat 4. Koreýa Respublikasynyň elektron hökümetiniň
“ýol kartasyny” durmuşa geçirmek boýunça ýyllyk meýilnama

(Çeşme: Informasion jemgyýeti ösdürmek boýunça Milli Agentlik, 2006, Elektron hökümet boýunça her ýyllyk hasabat (Seul: MOGAHA, 2006), 11, http://www.nia.or.kr/open_content/common/fileList/fileList.jsp?tn=PU_0000100&id=54651).




---

[9] 2008-nji ýylyň Fewralynda girizilen hökümetiň täzeden gurnalmagy döwründe MOGAHA Jemgyýetçilik Dolandyrylyşy we Howpsuzlygy Ministrligine öwrüldi (MOPAS).

[10] NCA 2006-njy ýylyň Oktýabrynda Milli Informasiýa Jemgyýetiniň Agentligine (NIA) öwrüldi.

2004-nji ýyldan 2006-njy ýylyň iýuny boýunça takmynan 516 million ABŞ dollary elektron hökümeti ösdürmegiň 137 meselesine maýa goýum hökmünde goýuldy, şol sanda, elektron hökümetiň “ýol kartasynyň” 105 sany kiçi taslamalaryna goýuldy.[11]

Koreýa Respublikasy elektron hökümet boýunça BMG-iň derňewleriniň netijeleri esasynda 2008-nji ýylda umumy jemlenen 0,8317 indeks bilen dünýäde altynjy ýeri eýeleýärdi.[12] BMG-iň syny üç oblasty gurşap alýar: a) Döwlet Internet-hyzmatlaryny ösdürmegiň indeksi; b) Telekommunikasion infrastrukturanyň indeksi; w) Adam kapitalynyň indeksi. Döwlet edaralarynyň torunda bolmagy ölçeýän Döwlet Internet-hyzmatlarynyň ösüşiniň indeksi BMG-iň agzalaryna – döwletlere öz raýatlaryna interaktiw hyzmatlary bermek ukybynyň deňeşdirilen reýtingini berýär. Döwlet Internet-hyzmatlarynyň ösüşiniň indeksi Koreýa Respublikasy üçin BMG-iň synynda 0,8227 boldy.

Ara goşma 1. BMG-yň synynda ulanylýan döwlet Internet-hyzmatlarynyň ösüşiniň indeksi

**I Tapgyr – Döräp gelýän**

Torda hökümetiň bolmagy, esasan, web-sahypanyň we/ýa-da resmi saýtyň bolmagyndan ybaratdyr. Bilim, saglygy goraýyş, sosial gorag, zähmet we maliýe ministrliklerine ýa-da müdiriýetlere ýüz tutmalar bolup ýa-da bolman bilerler. Maglumatyň uly bölegi statikidir, raýatlar bilen interaktiwlik pes.

**II Tapgyr – Giňeldilen**

Hökümet döwlet syýasatynyň we dolandyryşynyň soraglary boýunça has jikme-jik maglumaty berýär. Raýatlar üçin ýeňil elýeterlikli bolan arhiw maglumatlaryna ýüz tutmalar bar (meselem, resminamalar, görnüşler, hasabatlar, kanunlar we kadalar, býulletenler).

---

[11] NIA, 2006, *e-Hökümetiň Ýyllyk Hasabaty* (Seul: MOGAHA, 2006), 11 (NIA, ed., *2006 Annual Report for e-Government* (Seoul: MOGAHA, 2006), 11, http://www.nia.or.kr/open_content/common/fileList/fileList.jsp?tn= PU_0000100&id=54651.

[12] Birleşen Milletler, 2008, *Birleşen Milletler Guramasynyň e-Hökümetlere Syny 2008: e-Hökümetden Birleşdirilen Dolandyryşa tarap* (Nýu-Ýork: Birleşen Milletler Guramasy, 2008) (United Nations, 2008, United Nations e-Government Survey 2008: From e-Government to Connected Governance (New York: United Nations, 2008)), http://unpan1.un.org/intradoc/groups/public/documents/UN/UNPAN028607.pdf.

**III Tapgyr – Interaktiw**

Hökümet torda hyzmatlary berýär, meselem: salgyt deklarasiýalarynyň ýüklenilýän görnüşleri, ygtyýarnamanyň möhletini uzaltmak üçin ýüztutmalar. Ondan başga-da, raýatlar üçin hökümetiň maglumat alyş-çalşygyny has oňaýly etmäge niýetlenilen interaktiw portal ýa-da hyzmatlarly saýt döredilýär we işe goýberilýär.

**IV Tapgyr – Transaksiýaly**

Hökümet özüniň we raýatlaryň arasyndaky ikitaraplaýyn bilelikdäki hereketi girizmek ýoly bilen özgerip başlaýar. Bilelikdäki hereket öz içine salgytlary tölemek, şahsyýeti tassyklaýan şahadatnamany almaga ýüz tutmak, dogluş hakyndaky şahadatnamany, pasportlary almak, ygtyýarnamalary uzaltmak ýaly mümkinçilikleri, hem-de bolsa G2C beýleki bilelikdäki hereketleri alýar, hem-de bolsa bu hyzmatlara 24/7 shema (tutuş gije-gündiz) elýeterliligi almaga raýatlara mümkinçilik berýär. Ähli operasiýalar interaktiw režimde bolup geçýär.

**V Tapgyr – Birikdirilen (elmydama aragatnaşykda)**

Hökümet bek-ofisiň toplumlaýyn infrastrukturasyny ösdürmek ýoly bilen ilatyň zerurlyklaryna jogap berýän birikdirilen institutа öwrülýär. Bu elektron hökümetiň torda iň çylşyrymly derejesidir. Ol häsiýetlendirilýär:

1. Gorizontal arabaglanyşyklar bilen (döwlet edaralarynyň arasynda)
2. Wertikal arabaglanyşyklar bilen (hökümetiň merkezi we ýerli edaralary)
3. Infrastruktura arabaglanyşyklary bilen (bilelikdäki herekete ukyplylyk bilen)
4. Hökümetiň we raýatlaryň arasyndaky arabaglanyşyklar bilen
5. Ähli gyzyklanýan taraplaryň arasyndaky arabaglanyşyklar bilen (döwlet we hususy sektorlar, okuw jaýlary, HDDG we raýat jemgyýetçilikleri).

Ondan başga-da, raýatlaryň çözüwleri kabul etmek prosesine elektron gatnaşygy we çekilmegi hökümet tarapyndan goldanylýar we höweslendirilýär.

Çeşme: BMG-iň resminamalaryndan bölekler, BMG-iň elektron hökümet boýunça syny, 2008: Elektron hökümetden baglanyşykly dolandyryşa tarap (Nýu-Ýork: BMG, 2008), http://unpan1.un.org/intradoc/groups/public/documents/UN/UNPAN028607.pdf.

Telekommunikasion infrastrukturanyň indeksi infrastrukturanyň elektron hökümetiň hyzmatlaryny bermek ukybyny, şol sanda, aragatnaşygyň stasionar we mobil serişdeleri üçin telefonlaşdyrylmagyny, hususy kompýuterleriň sanyny,

Internedi we giň zolakly elýeterliligi ulanyjylaryň sanyny ölçeýär. Telekommunikasion infrastrukturanyň indeksi Koreýa Respublikasynda 2008-nji ýylda 0,6886 boldy.

Adam kapitalynyň indeksi uly ýaşly ilatyň sowatlylygyny hem-de başlangyç, orta we ýokary bilimiň paýynyň artmagyny birleşdirýär. Koreýa Respublikasynda adam kapitalynyň indeksi örän ýokary boldy – ol 0,9841 deň.

## 2.5 Elektron hökümetiň býujeti

5-nji suratda görkezilişi ýaly IKT oblastyndaky býujete däp bolan býujetden tapawutlylykda seretmek gerek. Adatça IKT-iň býujetine gysga möhletleýin çykdajylar hökmünde däl-de, uzak möhletleýin maýa goýum kapitaly hökmünde seredilýär. IKT-iň ösüşini maliýeleşdirmek dürli usullar bilen alnyp bilner. Bu usullaryň biri *IKTÖ AÝOM-yň Döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin IKT Akademiýasynyň* modullarynyň tapgyrynyň 8-nji modulynda ara alnyp maslahatlaşylýan döwlet-hususy eýeçilik hyzmatdaşlygy bolup durýar.

Surat 5. Däp bolan býujet we IKT-e maýa goýum

| Däp bolan býujet | IKT maýa goýumlary |
|---|---|
| Bir ýyllyk çykdajylar | Köpýyllyk maýa goýumlary |
| Maksatnama yzyndan maksatnama boýunça ýerine ýetirmek | Serhetlerden daşda ýerine ýetirmek |
| Maliýe çykdajylary/Peýdalar | Maliýe we Maliýe däl Çykdajylar/Peýdalar |
| Tagallalaryň Bar bolan Iş Akymlarynyň içindäki derejesi | Iş Akymyndaky Üýtgemeler |
| Gidip duran Operasiýalar | Diklemek Operasiýalary |
| Gözegçilik | Innowasiýalar |

**Mümkin bolan Çözüw**

- Maýa goýumy hökmünde kesgitlemek
- e-Hökümeti Utgaşdyryjy Ofis tarapyndan Aýratyn tassyklamak
- Jemgyýetçilik-Hususy Hyzmatdaşlyk
- Innowasiýalar üçin Fondlary bermek
- Çykdajylaryň we Peýdalaryň Bahalandyrylmagy

Koreýa Respublikasynda informatizirlemeklige býujet 2006-njy ýylda 3,4 milliard ABŞ dollaryny düzdi, olardan takmynan 917 million ABŞ dollary (26,7 göterim) elektron hökümeti döretmeklige, 9,5 million ABŞ dollary (2,8 göterim) bolsa sifrleýin üzülmäni gyzgaltmaklyga gönükdirildi. Býujet ýeterlik netijelere ýetip biljek öňe sürülýän oblastlar ýa-da ugurlar boýunça paýlanylýar, olar: kagyz resminamalarynyň sanyny azaltmak we administratiw we sosial çykdajylary gysgaltmak.[13]

2005-nji ýyldan Koreýa Respublikasynyň elektron hökümetiniň býujeti IKT-ni ösdürmek fondundan umumy hasaba geçiriler, “ýol kartasynyň” her taslamasynyň býujetleri bolsa MOGAHA (soňra MOPAS atlandyryldy) bilen ylalaşylandan we Komitet bilen ara alnyp maslahatlaşylandan soňra NCA tarapyndan amala aşyrylýar (ol soň NIA atlandyryldy).

## Amaly gönükme

Eger-de siziň hökümetiňizde “ýol kartasy” ýa-da elektron hökümetiň meýilnamasy bar bolsa, onda:

1. Ony durmuşa geçirmegiň meýilnamasynyň bardygyny anyklaň hem-de onuň güýçli we gowşak taraplaryny derňäň.
2. “Ýol kartasyny” ýa-da elektron hökümetiň meýilnamasyny durmuşa geçirmegiň býujetiniň nähilidigini, bu býujetiň nähili paýlanylýandygyny, maliýeleşdirmegiň çeşmelerini anyklaň. Bu meýilnamany adekwat hasap edýändigiňizi ýa-da ýokdugyny görkeziň we öz bahalandyrmaňyzy esaslandyryň.

[13] NIA, 2006 ý., *e-Hökümet üçin her ýyllyk Hasabat* (Seul: MOGAHA, 2006), 10 (NIA, ed., *2006 Annual Report for e-Government* (Seoul: MOGAHA, 2006), 10, http://www.nia.or.kr/open_content/common/fileList/fileList.jsp?tn=PU_0000100&id=54651.

# 3. IKT GOŞUNDYLARYNYŇ GÖRNÜŞLERI WE OLARY ORNAŞDYRMAK

Öňki bölümde ýatlanylyşy ýaly, IKT goşundylarynyň üç oblasty — raýatlar üçin innowasion hyzmatlar (G2C), biznes üçin innowasion hyzmatlar (G2B) we hökümetiň işiniň innowasion ýoly (G2G) — jikme-jik seredilerler. Mysallaryň köpüsi Koreýanyň elektron hökümetiniň ösüş tejribesinden alyndy. 6-njy suratda Koreýanyň elektron hökümetiniň konseptual esasy görkezilendir. Ol bitewi penjirä köpkanally elýeterliligi, berilýän toplumlaýyn hyzmatlaryň görnüşlerini, hem-de bolsa her müdiriýetiň ýa-da bölümiň derejesinde maglumatlaryň birleşmek we integrirlenmek prosesiniň "içerki aşhanasyny" görkezýär.

Surat 6. Koreýa Respublikasynyň elektron hökümetiniň konseptual binýat esasy[14]
(Çeşme: So Bong Ýu, "Koreýanyň elektron hökümeti:
Biz ony nähili işläp düzüpdik" (KADO prezentasiýasy), 5,
https://www.kado.or.kr/koil/bbs/board_view.asp?config_code=362&offset=0&board_code=3246)




[14] Täze Koreýa hökümeti 2008-nji ýylyň 25-nji fewralynda ofisi alanyndan soňra Hökümet guramasy täzeden guraldy. Informasiýa we Kommunikasiýa Ministrligi Jemgyýetçilik Administrasiýasy we Howpsuzlyk Ministrligi (MOPAS) bilen birleşdirildi, Döwlet Administrasiýasy we Içeri işler Ministrli (MOGAHA) Jemgyýetçilik Administrasiýasy we Howpsuzlyk Ministrligi (MOPAS, http://www.mopas.go.kr) diýlip atlandyryldy. Milli Kompýuterleşdirilmek Agentligi (NCA) Milli Informasion Jemgyýetçiliginiň Agentligi (NIA, http://www.nia.or.kr) diýlip 2006-njy ýylyň Oktýabrynda atlandyryldy. KADO we NIA ikisi hem MOPAS-yň garamagyndadyrlar.

## 3.1 Goşundylar “hökümet – raýatlara” (G2C)

Raýatlar üçin Internet-hyzmatlar (G2C portaly)

Döwlet dolandyryşynda netijesizligiň sebäpleri maglumatlaryň bölek ýerleşen umumymilli bazalarynyň bolmagy bolupdy, meselem: rezidentler üçin, ýer bölekleriniň, ulag serişdeleriniň we salgytlaryň. Aýratyn maglumatlar bazalarynyň bolmagy raýatlaryň artykmaç gezek hasaba alynmaklaryny, dürli şahadatnamalar üçin köp kagyz işlerini ýerine ýetirmegini we döwlet edaralaryna birnäçe gezek barmagyny aňladýar. Administratiw netijeliligi we öndürijililigi ýokarlandyrmak üçin Koreýa Respublikasynda uly umumymilli maglumatlar bazalaryny we resmi hökümet portalyny birleşdirýän, raýatlara hyzmat berýän ulgam işlenilip düzüldi.

G2C portaly bitewi penjire bolup durýar, onuň üsti bilen raýatlar we biznes aragatnaşygyň birnäçe kanalyny ulanyp, dürli döwlet gulluklaryna elýeterlilik alyp bilerler (seret, Surat 7).

Surat 7. Bitewi penjire ýörelgesi boýunça elektron hökümet
(Çeşme: Kompýuterleşdirmek boýunça milli agentlik, Koreýada elektron hökümet
(Seul: Kompýuterleşdirmek boýunça milli agentlik, 2002), 39,
http://unpan1.un.org/intradoc/groups/public/documents/APCITY/UNPAN023903.pdf)




Bu ulgamda hökümet dürli hyzmatlary berýär, şol sanda dürli şahadatnamalary bermek, maslahatlary bermek, raýatlaryň ýüztutmalaryny gaýtadan işlemek, elektron tölegleri geçirmek we hökümet maglumatlaryny ýaýratmak. Köpkanally çemeleşme raýatlaryň we biznesiň elektron hökümet oblastyna maksimal giň gatnaşmagyny üpjün etmek üçin zerurdyr, sebäbi ilatyň dürli toparlary bu kanallara

elýeterliligiň dürli derejelerine eýe. Meselem, oba ýaşaýjylary şäher ilatyna garanyňda elektron kanallara az derejede elýeterlilige eýedirler (meselem, Internet, elektron poçta, mobil aragatnaşyk, sifrleýin telewideniýe).[15]

Elektron hökümetiň hyzmatlaryna elýeterliligi artdyrmak üçin ulanylyp bolunýan dürli köpmaksatly (one-stop) kanallar, öz içine alýarlar:

- Raýatlar üçin köp maksatly (one-stop) hyzmat beriş-merkezleri, ol ýerde bitewi penjire ýörelgesi boýunça hyzmatlary bermek birnäçe edaralar tarapyndan amala aşyrylýar, olar diňe öz şahsy baryp görmegi bilen bolup geçýän bilelikdäki hyzmaty halaýan ýa-da oňa mümkinçiligi bar bolan müşderiler üçin öz tagallalaryny birleşdirýärler. Raýatlar üçin beýle hyzmat beriş-merkezleriň mysallaryna Awstraliýada, Braziliýada, Kanadada, Germaniýada, Hindistanda, Gazagystanda, Portugaliýada, Günorta Afrikada we Beýik Britraniýada duşup bolar.
- Telemerkezler: Elektron hökümetiň hyzmatlaryna mugt ýa-da subsidirlenen elýeterlilikli jemgyýetçilik elýeterlilik nokatlary (poçta tory, kitaphanalar, mekdepler, jemgyýetçilik merkezleri we ş.m. arkaly).
- Ýüztutmalary gaýtadan işlemek merkezleri (call-merkezler): Döwlet call-merkezleri tarapyndan berilýän telefon boýunça hyzmatlary bermek köplenç hususy daşarky potratçylara autsorsinge berilýär. Mysallary Kanadada, Italiýada we ABŞ-da tapyp bolar.
- Web-portallar: ulanyja dostlukly web-portallaryň kömegi bilen hyzmatlary bermek ylalaşykly tehnologiýalara esaslanandyr. Mysallary Kanadada, Koreýa Respublikasynda, Singapurda, Beýik Britaniýada we ABŞ-da tapyp bolar.
- Mobil hökümet (M-Government): Mobil hyzmatlary SMS habarlarynyň we mobil hökümetiň ýörite işlenilip düzülen portallarynyň kömegi bilen bermek. Mysallara Hindistanda, Filippinler we Beýik Britaniýada duşup bolar.
- Tele-hökümet (T-Government): Interaktiw elektron hyzmatlaryny telewideniýeniň ýerüsti sifrleýin tory we ýörite işlenilip düzülen hökümet telewizion kanallary/portallary arkaly gepleşikler kontenti we isleg boýunça

---

[15] Hökümet hyzmatlaryna köpkanally, bir duralgaly, bitewi elýeterliligiň dürli görnüşleri baradaky has köp maglumat üçin ýüz tutuň: Bütindünýä Banky, *Hemmeler üçin e-Hökümet – Jemgyýetçilik Elýeterliligini Güýçlendirmek boýunça Halkara Tejribesine Syn, e-Hökümet Hyzmatlaryna Isleg we Gatnaşmak: Gazagystan üçin Sifrleýin Goşulyşmak Strategiýasyna Tarap.* ISG e-Hökümet Tejribeçiliginiň Tehniki Maslahatçysynyň Bellikleri (2006-njy ýylyň 30-njy iýuny).

kontent bilen bermek. Mysallar Hytaýda, Italiýada, Koreýa Respublikasynda, Beýik Britaniýada we ABŞ-da bar.[16]

Koreýa Respublikasy ýagdaýynda raýatlaryň zerurlyklaryna gönükdirilen, köpkanally elýeterliligi üpjün edýän we bitewi penjire ýörelgesi boýunça hereket edýän hökümete tarap hereket, administratiw maglumaty we hyzmatlary talap etmek boýunça görnüşleri jemgyýetçilige ulgamlaýyn bermek maksatlary bilen 1997-nji ýylda Koreýanyň hökümetiniň we raýat hyzmat beriş-merkeziniň resmi öý sahypasyny döretmekden başlandy. 1999-njy ýylda raýat hyzmat beriş-merkezleriniň üsti bilen raýatlara hyzmatlaryň 20 görnüşi elýeterli boldy. 2000-nji ýylda hyzmat beriş-merkezi içerki administratiw ulgama integrirlendi, onda raýatlar öz hususy kompýuterlerinden ýüztutmalary goýberip bilerler we soňra soralýan resminamalary öýüne poçta boýunça alyp bilerler.

G2C taslamasy wagta we ýerine bagly bolmazdan raýatlara maglumata erkin elýeterliligi we köpmaksatly (one-stop) bitewi Internet-hyzmatlaryny ulanmak mümkinçiligini bermek maksady bilen 2000-nji ýylda işe goýberildi. 2000-nji ýylyň aprelinde G2C-iň birinji we ikinji tapgyrlary tamamlandylar. G2C standart ulgamlaryny amala aşyrmaga esasy goýmak maksady bilen 2003-nji ýylda raýatlar üçin giňeldilen Internet-hyzmatlary boýunça ISP işe başlady. Häzir Koreýanyň raýatlary islendik wagtda we islendik ýerden, döwlet edaralaryna barmak gerek bolmazdan, G2C raýat administratiw Internet-gullugynyň üsti bilen degişli arzalary berip bilerler, elýeterlilik alyp bilerler we sertifikasiýa resminamalaryny alyp bilerler. 2006-njy ýylyň iýunyndaky ýagdaýda teklip edilýän hyzmatlaryň sany takmynan raýat gulluklary üçin 5000 ýolbaşçylyk ýörelgeleriniň görnüşlerine çenli, raýat arzalarynyň 630 görnüşine we onlaýn gözükdirmeleriniň 30 görnüşine çenli ymykly giňeldildi. Ondan başga-da, ilat üçin hyzmatlary ulanmagyň öňe sürülmegi boýunça agressiw tagallalar hem-de NAVER[17] we beýlekiler ýaly hususy portallara salgylanmalaryň goýulmagy hyzmatlary ulanmagyň ymykly artmagyna getirdiler: hyzmatyň işe goýberilen 2002-nji ýylyndaky günde 1000-den az baryp görmelerden, 2006-njy ýylyň iýunyndaky ýagdaý boýunça günde 45000 baryp görmä çenli (seret, Surat 8).

Koreýa Respublikasynda elektron hökümetiň giňelmegi üçin berk esas bolup Internet esasynda raýatlara hyzmat etmek ulgamynyň gurulmagy hem-de rezidentleri, ýeri, ulag serişdelerini, salgytlary we ätiýaçlyk geçirimlerini öz içine alýan bäş umumymilli maglumatlar bazalaryny birikdirmek hyzmat etdi. Raýatlara hyzmat bermek boýunça täze ulgam gerekli resminamalaryň minimumyny we

[16] Şol ýerde

[17] NAVER (http://www.naver.com), NHN korporasiýasy tarapyndan dolandyrylýar, Koreýa Respublikasynda meşhur Internet portal saýt.

döwlet edaralaryna hut özleriniň az gezek barmagy bilen adamlaryň durmuşynyň hilini we administratiw netijeliligi gowulandyrdy. Eger-de 5 ýylyň dowamynda raýatlar üçin hyzmatlaryň umumy göwrüminden ortaça 30 göterimi onlaýn režimde gaýtadan işlenilse, onda ornaşdyrylandan soňra 1,8 trillion koreý wonundan (takmynan 1,8 milliard ABŞ dollary) köp tygşytlanylmagyna garaşylýar.

Surat 8. Koreýa Respublikasynda G2C gullugyny ulanmak

(Çeşme: NIA, düz., 2006-njy ýyl üçin elektron hökümet boýunça ýyllyk hasabat) (Seul, 2006), 22, http://www.nia.or.kr/open_content/common/fileList/fileList.jsp?tn=PU_0000100&id=54651)




9-njy suratda G2C ulgamynyň nähili işleýändigi görkezilendir. Ulgam üç bölege bölünip bilner: a) tanyşlyk üçin ýeke-täk nokat, onuň üsti bilen raýatlar hökümet maglumatlaryna we hyzmatlaryna islendik ýerden we islendik wagtda Internetiň üsti bilen elýeterlilik alyp bilerler; b) maglumatlary alşyp-çalyşmagyň ulgamy, ol islendik müdiriýete maglumatlary paýlaşmak mümkinçiligini berýär; w) infrastruktura, olara degişli: elektron sertifikasiýa, töleg terminaly we mobil hyzmatlar.

Surat 9. Koreýa Respublikasynyň raýatlary üçin elektron hökümetiň bitewi penjiresi

(Çeşme: So Bong Ýu, “Koreýanyň elektron hökümeti: Biz ony nähili işläp düzüpdik” (KADO prezentasiýasy), 19, https://www.kado.or.kr/koil/bbs/board_view.asp?config_code=362&offset=0&board_code=3246)




Kambojada hem döwlet gulluklary üçin integrirlenen informasion ulgam döredildi.

## Kambojada Döwlet dolandyryşy boýunça informasion ulgamyň taslamasy (GAIS - Government Administration Information System).

GAIS taslamasy Kambojanyň Korollyk hökümeti tarapyndan ýurduň jemgyýetine IKT-i ornaşdyrmak we administratiw reformany tizleşdirmek üçin flagman taslama hökmünde hödürlenildi. 2000-nji ýylyň awgustynda IKT-i ösdürmek boýunça Milli edara döredildi, şol wagt hem oňa GAIS-i amala aşyrmak tabşyryldy.

GAIS dört esasy goşundylardan durýar:

1. Tassyk etmegiň elektron ulgamy: ministrliklere resminamalary we elektron poçtany ýeňil alşyp-çalyşmak, resminamalary dolandyrmak we habarnamalary ýerleşdirmek mümkinçiligini berýär.
2. Gozgalmaýan emlägi hasaba almak: emläk barada esasy maglumatlary dolandyrmak we yzarlamak, eýeçilik hukugyny geçirmek, salgyt salmak we beýleki statistiki maglumatlar üçin.
3. Rezidentleri hasaba almak: ýaşaýjylar barada esasy maglumatlary, maşgalada, bilimde we işlilikde üýtgeşmeleri, bergiler ýa-da salgytlar boýunça tölegleri we beýleki statistiki maglumatlary dolandyrmak we yzarlamak.
4. Ulag serişdelerini hasaba almak: ulag serişdeleri we olaryň eýeleri barada esasy maglumatlary dolandyrmak we yzarlamak, eýeçiligi hasaba almak we

geçirmek prosesleri, tehniki gözden geçiriliş, bergiler we salgytlary tölemek baradaky maglumatlar, beýleki statistiki maglumatlar.

Bu dört goşundylar üçin infrastruktura bolup 27 ministrlik, döwlet sekretariatlary we Pnompeniň munisipaliteti üçin ýerli tor we global tor hyzmat edýär.

Taslama informasiýany şifrlemek we hökümet müdiriýetlerini elektron birikdirmek ýoly bilen hasaba almak proseslerini we resminamalary tassyklamak ulgamlarynyň netijeliligini ýokarlandyrmaklyga gönükdirilendir. Ulgam tutuşlygyna alanyňda Kambojanyň Korollyk hökümetiniň girgejileri almaklygyna gönükdirilendir.

GAIS-iň maksady ulag serişdeleri we beýleki emläkler bilen baglanyşykly jenaýatçylygyň öňüni almakdyr. Alyp gaçmalaryň sany ep-esli kemeldi, sebäbi ulag serişdesini gaýtadan hasaba almak mümkin edilmedi. Ulgam hasaba almak boýunça çykdajylaryň hem-de bolsa hasaba almak üçin wagtyň gysgalmagyna getirdi. GAIS ýaýbaňlandyrylmagyndan ozal hasaba almak 20 000-den 50 000 kambojiýa rialy (5-den 12,5 ABŞ dollary) durýardy. Bu ýygymlaryň resmi ölçegine goşmaçady. GAIS bilen bu goşmaça ýygymlar indi alynmaýarlar.

GAIS 2004-nji ýylyň oktýabrynda işe goýberildi we pilot taslama hökmünde yglan edildi. Ondan soňraky taslama, Welaýatlaryň derejesinde dolandyrmak boýunça Infromasion ulgam bu modeli indi beýleki şäherlerde we welaýatlarda gaýtalamaga taýýarlanýar.

Çeşmeler:

Leewood Phu, *Kamboja: Elektron hökümete ýol (Bangkok*: UNDP-APDIP, 2005), http://www.apdip.net/projects/e-government/capblg/casestudies/Cambodia.pdf.

Norbert Klein, «.kh Kamboja», Aziýa-Ýuwaş okean sebitiniň sifrleýin synynda 2005/2006 (ORBICOM, IDRC, UNDP-APDIP: 2005), http://www.digitalreview.org/2005PDFs/2005%20C12%20kh%20Cambodia%20124-127.pdf.

Toplumlaýyn salgyt ulgamy[18]

Koreýa Respublikasynda jemlenen onlaýn salgyt ulgamy içerki salgyt gullugyny ulanmaga hemaýat bermäge niýetlenilendir, ol salgyt töleýjilere ähli

---

[18] Bu bölümçe Milli Kompýuterleşdirmek Agentliginiň şu işinden alyndy: e-Hökümet Koreýada (2002), http://unpan1.un.org/intradoc/groups/public/documents/APCITY/UNPAN023903.pdf .

salgyt amallaryny salgyt edaralaryna barmazdan amala aşyrmaga mümkinçilik berýär. Ozal Milli salgyt Gullugy (NTS - National Tax Service) salgyt habarnamalaryny poçta boýunça goýberýärdi, salgyt töleýjiler bolsa salgyt deklarasiýalaryny doldurmak üçin NTS-e hut özleri barmaly bolýardylar. Salgyt töleýjiler salgytlary tölemek üçin banklara barmalydylar ýa-da Internet-bankingiň mümkinçiliklerini ulanýardylar.

Toplumlaýyn salgyt ulgamynyň maksatlary salgyt ýygymlaryny ýokarlandyrmak, parahorlugyň öňüni almak, salgyt töleýjiler tarapyndan salgytlary tölemegiň meýletinligini artdyrmak, öňdebaryjy salgyt administrirlenilmegini döretmek, hem-de bolsa çalt we takyk döwlet hyzmatlaryny bermek bolup durýar.

Onlaýn salgyt ulgamy girdejilerden salgydy, korporasiýalardan salgydy, goşulan gymmada salgydy, emläge salgydy we beýleki salgytlary gurşap alýar. 1999-njy ýyldan 2000-nji ýyl boýunça pilot taslamasy hökmünde NTS salgyt işgärleri bilen bilelikde Seulda salgyt deklarasiýalaryny gaýtadan işlemegiň elektron ulgamy işlenilip düzüldi, ol öz içine diňe girdejiden salgytlary we GGS-i alýardy. 2001-nji ýylda ulgamyň gurşap alşy alkogola we ýörite aksizlere salgydy goşmagyň hasabyna giňeldildi. 2001-nji ýylda GGS boýunça 2,12 million salgyt ýygymlaryň otuz göterimi elektron görnüşde ýygnaldy. Elektron salgyt ulgamynyň ulanylyş sferasy soňra giňeldildi, oňa gymmat bahaly kagyzlar bilen geleşiklere salgytlar we gerbe ýygym girizildi. Ondan başga-da, salgytlary haýal etmän tölemek üçin habarnama ýa-da elektron görnüşde habar bilen tölemek üçin elektron tölegler boýunça salgyt ulgamy işlenilip düzüldi. Ondan başga-da, şahslar we kärhanalar biznesi hasaba almak, salgytlary tölemek, iş işewürligini wagtlaýyn togtatmak we biznesi ýapmak boýunça şahadatnamalaryň täzesini almak ýa-da könesini täzelemek üçin onlaýn režimde arzalary berip bilerler ýa-da barlap bilerler.

Artykmaç maglumatlary girizmegi aradan aýyrmagyň we salgyt proseslerini tizleşdirmegiň hasabyna toplumlaýyn salgyt ulgamy işiň netijeliligini ýokarlandyrýar we çykdajylary azaldýar. Meselem, her ýyl, garaşylyşy ýaly, elde ýazylan habarnamalary poçta bilen goýbermegi we degişlilikde eltmegiň bu usulynda gijä galmagy ýok etmegiň hasabyna 146 milliard Koreý wonuna (146 million ABŞ dollary) çenli tygşytlamak mümkin. Salgyt töleýjiler her ýylda ulag çykdajylarynda we salgyt edaralaryna barmak bilen bagly şahsy wagtlarynda 300 milliard koreý wonuna (300 million ABŞ dollary töweregi) çenli tygşytlap bilerler, şol bir wagtda bolsa NTS-iň her ýyl kagyzsyz salgyt dolandyryşynda 120 milliard koreý wonuna (120 million ABŞ dollary töweregi) çenli tygşytlamagyna garaşylýar.

Ätiýaçlandyrmagyň toplumlaýyn ulgamy.[19]

2001-nji ýylda elektron hökümetiň esasy sütünleriniň biri diýlip özara baglanyşykly informasion ulgamy döretmek boýunça ISP taslamasy atlandyryldy. Bu pursata çenli ätiýaçlyk hyzmatlarynyň dört esasy bazarlarynda hereket edýän edaralar, olarda dolandyryş, meseleler we hyzmatlaryň görnüşi prosesleri nukdaýnazaryndan köp umumylyk bar bolanda-da, aýratyn bolan informasion torlar bilen işleýärdiler. Bu integrirlenen ulgamyň kömegi bilen ätiýaçlyk hyzmatlarynyň dört esasy bazarlarynyň informasion resurslary, has takygy: pensiýa fondy, saglygy ätiýaçlandyryş, önümçilikde betbagtçylyk ýagdaýyndan ätiýaçlandyryş, işsizlik boýunça ätiýaçlandyryş indi ýeňillik bilen öz aralarynda alşyp-çalyşýarlar, hasabatlary düzmek we şertleri üýtgetmek ýaly umumy amallar bolsa ýeňil gaýtadan işlenilýärler.

Surat 10. Koreýa Respublikasynyň maglumatlaryň toplumlaýyn bazasyna esaslanan sosial ätiýaçlandyryş boýunça maglumat gullugynyň Internet-portaly
(Çeşme: Kompýuterleşdirmek boýunça Milli Agentlik, Koreýada elektron hökümet
(Seul: Kompýuterleşdirmek boýunça Milli Agentlik), 43,
http://unpan1.un.org/intradoc/groups/public/documents/APCITY/UNPAN023903.pdf).




Her edaranyň öz hususy web-sahypasy bolan wagtynda ätiýaçlandyrylan fiziki şahslardan we korporasiýalardan, hem-de bolsa NTS-iň we MOGAHA-nyň Administrasiýasyndan gelýän maglumat ähli edaralar tarapyndsn dolandyrylýar we ulanylýar. 20-den gowrak edaralar (kärnanalary, keselhanalary, şäher we sebit administrasiýasyny hasaba almazdan) öz aralarynda ulgam arkaly birikdirilendirler. Her edaranyň öý sahypasy Informasion Internet-merkez

[19] Şol ýerde

hökmünde gulluk edýär, onuň üsti bilen ýüz tutmalar, raýat arzalary, habarnamalar we ätiýaçlyk tölegleri gaýtadan işlenilýärler.

Integrirlenen ulgamy ulanmak arkaly degişli ätiýaçlyk agentlikleriniň arasynda informasion alyş-çalyşyň kömegi bilen gerekli resminamalaryň sany, gaýtadan işlemegiň wagty we gymmaty ep-esli azaldylar, bu netijede her ýyllyk 542,3 milliard koreý wony (542,3 million ABŞ dollary töweregi) tygşytlamagy berdi. Ulgam, garaşylyşy ýaly, ätiýaçlygyň bar bolan hyzmatlary bilen gurşalyp alynmadyk raýatlary ýüze çykarmagy ýeňilleşdirmäge hem kömek eder.

Rezidentleri hasaba almak boýunça amaly maksatnamalar (şahsyýetiň milli şahadatnamasy)[20]

Rezidentleri hasaba almagy informatizirlemek hem elektron hökümetiň esasy meselesi bolup durýar. Koreýa Respublikasynda bu prosess iki onýyllykdan öň her fiziki şahsyň hasaba alynmagyna degişli ähli ýazgylary bir ýeke-täk sanawa (reýestre) birleşdirmekden we hasaba almagyň maglumatlarynyň umumymilli maglumatlar bazasyny döretmekden başlandy. Iki ýylyň dowamynda (1989-1990-njy ýyllar) ähi ýurt boýunça 3678 etrap edaralarynda işleýän döwlet gullukçylary tas 5,7 million hasaba alyş kitaplaryndan maglumatlary kompýutere elde girizdiler. 1998-nji ýylda esasy döwlet pudaklarynyň torlarynda rezidentleri hasaba almak ulgamyny ulanmagyň hasabyna hyzmatlaryň netijeliligini gowulandyrmak üçin rezidentleriň hasaba alnyş kartoçkalaryny bermek boýunça Merkez döredildi. 2001-nji ýylda rezidentleri hasaba almagyň ulgamy işlenilip düzüldi we umumy ulanylyş üçin ýaýradyldy.

Rezidentleri hasaba almak ulgamy dürli amallar üçin informasiýa zerurlyk çekýän ähli administratiw edaralar üçin torda elýeterlidir. Administratiw torlaýyn ulgam şu esasy hyzmatlary berip bilýär: rezidentleri hasaba almagy dolandyrmak, ýaşaýyş ýerleri boýunça salgytlary ýygnamak, başlangyç mekdebe resmi hasaba alnyş barada habarnamany awtomatiki beriş, hasaba alnan saýlawçylaryň sanawyny bermek. Raýatlar üçin bu birleşdirilen ulgamyň bolmagynyň artykmaçlygy bir etrapda ýaşaýan her kimiň öz hasaba alynmagynyň tassyklanan nusgasyny beýleki etraplaryň ofislerinden soramaga mümkinçilik berýändiginden, salgynyň üýtgemeginiň pension, saglygy ätiýaçlandyryşyň, ulag serişdelerini hasaba almagyň we sürüjilik şahadatnamalarynyň fondlarynyň maglumatlar bazalaryna awtomatiki girizilýändiginden ybaratdyr.

[20] Bu bölümçe Milli Kompýuterleşdirmek Agentliginiň şu işinden alyndy: *e-Hökümet Koreýada* (2002), http://unpan1.un.org/intradoc/groups/public/documents/APCITY/UNPAN023905.pdf

Surat 11. Koreýa Respublikasynyň rezidentlerini hasaba almagyň ulgamy
(Çeşme: Kompýuterleşdirmek boýunça Milli Agentlik, Koreýada elektron hökümet
(Seul: Kompýuterleşdirmek boýunça Milli Agentlik, 2002), 15,
http://unpan1.un.org/intradoc/groups/public/documents/APCITY/UNPAN023905.pdf).




Gozgalmaýan emlägi dolandyrmagyň informasion ulgamy[21]

Hökümetiň gozgalmaýan emläk barada hereketleri ýaşaýyş ýerlerini ösdürmegi, ýaşaýyş jaýlaryny meýilnamalaşdyrmagy, ýer ulanyşy meýilnamalaşdyrmagy, gozgalmaýan emläge salgytlary ýygnamagy we gozgalmaýan emläge spekulýatiw maýa goýumlaryň öňüni almagy öz içine alýar. Bu iş gozgalmaýan emläk barada maglumaty ählitaraplaýyn we netijeli dolandyrmagy talap edýär, bu bolsa informatizasiýanyň üsti bilen mümkin boldy.

Eýýäm 1982-nji ýyldan başlap ýer we tokaý barada hasaba alnyş ýazgylary kompýuter ulgamlarynda saklanylýarlar, onuň netijesinde bütin ýurt boýunça gozgalmaýan emläk barada 32 million ýazgy ýygnaldy. Soňlukda ýerli etrap bölümleri emläk barada informasiýanyň üýtgemelerini gaýtadan işlemek üçin merkezi tora birikdirildiler. Alty ýyly (1985-1990-njy ýyllar) alan bu prosesler hasaba alynmak barada şahadatnamalary bermek we torda hasaba alnyş žurnallaryny ýaýratmak ýaly döwlet hyzmatlarynyň takyklygyny we tizligini ýokarlandyrdylar. Ondan tiz wagt soňra, 1991-nji ýylyň fewralynda hyzmatlar, şol sanda hasaba alynmak baradaky şahadatnamalary bermegi hem öz içine almak bilen, saýtda berlip başlandylar.

Milli territorial informasion merkez 1997-nji ýylda döredilenden soňra emläkleriň atlandyrylyşynyň hasaba alnyşynyň ulgamy (Real Estate Real Name Registration System) işlenilip düzüldi. 1998-nji ýyldan başlap 21 uly okrug üçin gozgalmaýan emläk ulgamy dolandyryşyň toplumlaýyn ulgamyna birikdirildi. Şu

[21] Şol ýerde

usul bilen gozgalmaýan emläk ulgamy, beýleki degişli ulgamlar bilen bir hatarda, ýerleri we gurluşygy dolandyrmak ulgamyna birikdirilýär.

Ýerler boýunça maglumatlar bazasyny tamamlamak we degişli edaralaryň arasynda torda interaktiw bilelikdäki hereket ýer boýunça administratiw gulluklarynyň reformasyna getirdi, ol bolsa öz gezeginde, aşakdakylara getirdi:

- 10 tapgyrly prosesi üç tapgyra çenli rasionallaşdyrmaklyga
- Ýer boýunça administratiw gulluklarda hereket edýän adam resurslarynyň artmagynyň öňüni 15 göterim almak
- Hyzmat bermegiň hilini ýokarlandyrmak
- Raýatlar üçin ýer we tokaý barada ýazgylaryň elýeterliligini, bu olara öz öýlerinde kompýuter terminallarynyň üsti bilen bu ýazgylara seretmek mümkinçiligini berdi
- Her ýüztutmany gaýtadan işlemegiň wagtyny 30 minutdan 5 minuda çenli gysgaltmaga
- Ýer bilen amallarda we emläk bilen baglanyşykly transaksiýalarda aýdyňlygyň ýokarlanmagyny.

Surat 12. Koreýa Respublikasynyň gozgalmaýan emlägi dolandyrmak ulgamynyň konseptual shemasy
(Çeşme: Kompýuterleşdirmek boýunça Milli Agentlik, Koreýada elektron hökümet (Seul: Kompýuterleşdirmek boýunça Milli Agentlik, 2002), 17, http://unpan1.un.org/intradoc/groups/public/documents/APCITY/UNPAN023905.pdf).




Ulag serişdelerini dolandyrmak[22]

Haçan-da Koreýa Respublikasynda awtomobilleriň sany 10 milliondan geçende, ulag serişdeleri sferasynda administratiw ýüz tutmalaryň okgunly ösmegini netijeli dolandyrmak üçin informasion ulgamyň gerekdigi belli boldy.

[22] Şol ýerde

Emma ulag serişdeleriniň häzirki toplumlaýyn administratiw ulgamyny ýaýbaňlandyrmak üçin tutuş onýyllyk gerek boldy. 1991-nji ýylda esasy üns ulag serişdeleriniň hasaba alynmagyna we tehniki gözden geçirilişine berildi, bu awtomobil gulluklarynyň umumy netijeliligini gowulandyrmak üçin ýeterlik däldi, sebäbi şu goldaw hyzmatlary ýalylara ýeterlik üns berilmeýärdi: ulag serişdeleriniň spesifikasiýalaryny dolandyrmak, sürmeklige wagtlaýyn we hemişelik sürüjilik hukuklary hem-de olaryň berlişi. 1998-nji ýylda ulag serişdelerini dolandyrmagyň has göwrümli gurşap alyjy ulgamy işlenilip düzüldi; ol öz içine hasaba almakdan başlap, inspeksiýa we tehniki gözden geçirilişe çenli administratiw meseleleriň ähli spektrini alýardy. 1999-njy ýylda iki tigirli ulaglary we gurluşyk tehnikasynyň ulag serişdelerini hasaba almak ulgamy goşuldy, iki ýyldan soňra dürli edaralara ulag serişdeleri barada maglumaty ýygnamaga we alşyp-çalyşmaga mümkinçilik berýän umumy kabul edilen platforma işlenilip düzüldi.

Integrirlenen ulgam netijede 8,2 milliard koreý wony (ABŞ-yň 8,2 million dollary töweregi) tygşytlady. Ol hökümete hem, şeýle-de raýatlara hem köp wagty tygşytlaýar – bir ulag serişdesini hasaba almak indi bir sagadyň ornuna diňe 20 minudy alýar.

Surat 13. Koreýa Respublikasynyň ulag serişdelerini hasaba almak gullugynyň konsepsiýasy

(Çeşme: Kompýuterleşdirmek boýunça Milli Agentlik, Koreýada elektron hökümet (Seul: Kompýuterleşdirmek boýunça Milli Agentlik, 2002), 19, http://unpan1.un.org/intradoc/groups/public/documents/APCITY/UNPAN023905.pdf).




## Oýlanmak üçin soraglar

1. Bu bölümde beýan edilen G2C gulluklaryndan Siziň pikiriňizçe haýsysy Siziň ýurduňyzyň raýatlarynyň nukdaýnazaryndan has öňe sürülýän bolar? Näme üçin?
2. Toplumlaýyn salgyt ulgamy salgyt ýygymlaryny nähili ýokarlandyryp biler? Beýle ulgamy Siziň ýurduňyzda ornaşdyrmak üçin näme gerek?
3. Bu bölümde G2C-den raýatlara hyzmat bermek gulluklarynyň bäş esasylaryna seredildi. Siz raýatlar üçin hyzmatlaryň G2C ulgamynyň bölegi bolup biljek başga hyzmatlary atlandyryp bilersiňizmi?

T Özüňizi barlaň

Şu ulgamlaryň her haýsysy üçin iş prosesini düşündiriň: a) toplumlaýyn salgyt ulgamy; b) ätiýaçlandyrmagyň toplumlaýyn ulgamy; w) rezidentleri hasaba almak; g) ulag serişdeleriniň hasaba alynmagy; d) gozgalmaýan emlägi dolandyrmak ulgamy.

## 3.2. Hökümet – biznese (G2B): biznes üçin innowasion hyzmatlar

Elektron satyn almalaryň toplumlaýyn ulgamy

Koreýa Respubikasy Bütindünýä söwda guramasynyň çäklerindäki Döwlet satyn almalary baradaky Ylalaşyga 1994-nji ýylda birleşdi. Bu satyn almalaryň el bilen ýerine ýetirilýän ulgamy bilen baglanyşykly dürli problemalary ýüze çykardy, olardan: sebäpleri elde gaýtadan işlemegiň artykmaç amallary bolan netijesizlik, intensiw şahsy kontaktlara gös-göni baglanyşykly bolan parahorluk.[23] Şeýlelikde, satyn almalaryň häzirkizaman sifrleýin ulgamyny işläp düzmek barada çözüw kabul edildi, bu satyn almalar barada takyk maglumatyň esasynda öz wagtynda eltmegi, önümiň hilini we göwnejaý bahany üpjün etmäge, hem-de bolsa hemme gatnaşyjylar üçin satyn almalaryň aýdyň we netijeli gurşawyny gurmaga mümkinçilik bererdi.[24]

[23] "eHökümet: e-hyzmatlar bilen wagty tygşytlamak we az sarp etmek", Koreýa Gerald, 2007-nji ýylyň 17-nji Marty ( "eGovernment: Saving time and spending less with e-services," Korea Herald, 17 March 2007), http://www.britain.or.kr/information/print.php?lang=e&umode=graphic&dno=13525.

[24] Milli Kompýuterleşdirmek Agentligi, Koreýada e-Hökümet (2002), http://unpan1.un.org/intradoc/groups/public/documents/APCITY/UNPAN023903.pdf.

Surat 14. Bitewi penjire ýörelgesi esasynda satyn almalaryň döwlet ulgamy
(Çeşme: Kompýuterleşdirmek boýunça Milli Agentlik, Koreýada elektron hökümet
(Seul: Kompýuterleşdirmek boýunça Milli Agentlik, 2002), 41,
http://unpan1.un.org/intradoc/groups/public/documents/APCITY/UNPAN023903.pdf).




Kabul edilen sifrleýin ulgam Koreýanyň Döwlet satyn alyş gullugynyň Elektron satyn alyş ulgamy diýlip atlandyryldy (KONEPS – e-Procurement System of the Public Procurement Service of Korea). Bu elektron ulgam söwdalaşmalary, şertnamalary, tölemegi we önümi eltmegi hem öz içine almak bilen, döwlet satyn alyşlarynyň ähli administratiw proseduralaryny, çalt we oňaýly gaýtadan işlemäge mümkinçilik berýär. Satyn alyşlar barada maglumat, şol sanda, satyn almaklyga talaby almak, söwdalar barada jemgyýetçiligi habarly etmek, şertnamany bermek we şertnamanyň statusy barada maglumat Internediň üsti bilen berilýär, bu ähli amallaryň adalatlydygyny we aýdyňlygyny üpjün edýär. Elektron satyn alyşlaryň bu ulgamy Koreýa Respublikasynda satyn alyşlaryň birinji Internet-ulgamy bolupdy. Häzirki wagtda ony 770 edara we pudaklaýyn edaralar, 35000 döwlet edaralary we 160 000 kompaniýalar ulanýarlar.[25]

Koreýa Respublikasynyň elektron satyn almalar ulgamyny Hindistanyň Andra Pradeş ştatyndaky meňzeş ulgam bilen deňeşdiriň.

## Hindistanyň Andra Pradeş ştatynda elektron satyn almalar

Elektron geleşikleriň hukuk taýdan ykrar edilmegini üpjün etmek üçin 2000-nji ýylda IT barada kanun kabul edilmegi bilen, Andra Pradeş ştatynyň hökümeti

[25] Şol ýerde

(GoAP – Government of Andhra Pradesh) elektron dolandyryşyň maksatlaryna ýetmekde we gowy dolandyryşy üpjün etmekde elektron satyn almalaryň möhümdigini gördi. 2002-nji ýylda GoAP elektron satyn almalaryň proseslerini we goşundylaryny işläp düzmek üçin Hindistandaky hususy firmalar bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryna geçdi. Hyzmatdaşlyk aşakdakylara gönükdirildi:

- Satyn almalar üçin "bitewi penjiräni" döretmek
- Satyn almalar boýunça amallarda wagty we puly tygşytlamak
- Döwlet satyn almalarynyň prosesini standartlaşdyrmak
- Biznes üçin deň mümkinçilikleri bermek
- Aýdyňlyga hemaýat bermek
- Parahorluk üçin mümkinçilikleri azaltmak

2003-nji ýylda pilot taslama hökmünde amala aşyrylan wagtyndan soňra e-procurement.gov. web-portal GoAP-yň ähli müdiriýetleri üçin, şol sanda, ýerli edaralar we munisipal korporasiýalar üçin elektron satyn almalar boýunça platforma boldy. Bu hyzmat beýleki ştatlaryň administrasiýasy üçin hem elýeterlidir.

Elektron satyn almalaryň portaly satyn alyjylary we üpjün edijileri tenderleri, kataloglary, şertnamalary, sargytlary we hasap-fakturalary elektron alyş-çalyş etmek arkaly birleşdirýär. Portal tenderleri dolandyrmak üçin programma üpjünçiligine hem eýedir we satyn alyjylara söwdalaşmalar prosesinde kömek berýär. Üpjün edijiler tender resminamalaryny ýükläp alyp bilýärler we öz teklipleriniň ýagdaýyny yzarlap bilýärler.

2003-nji ýylyň ýanwarynda Andra Pradeş ştatynyň gubernatory şu barada karar çykardy: "tender iş toparynyň bahalandyrmasy boýunça bahasy 10 000 000 hindi rupiýasy (ABŞ-yň 236 500 dollary töweregi) we ondan köp jeme inžener işlere ýa-da harytlary we hyzmatlary satyn almaga islendik tender diňe elektron satyn alyşlar portalynyň üsti bilen geçirilmelidir".

Geçirilýän satyn almalar öz içine medisina harytlary, ulag serişdeleri bilen üpjün etmelerini we potratçylyk şertnamalaryny alýar. Ulgamy ulanýan we 2003-nji ýylda 564 amaly geçiren başdaky sekiz müdiriýetden ulgam 2006-njy ýylda 9981 amaly geçirýän 77 edara çenli ulaldy. Tenderiň sikliniň wagty ep-esli gysgaldy: 90-135 günden 35-42 güne çenli.

Elektron satyn almalar ulgamyny döretmegiň problemalary bolupdylar: durnukly biznes-modeli işläp düzmek; pudagara hyzmatdaşlygy höweslendirmek; gyzyklanýan taraplary platformany ornaşdyrmaga we ulanmaga çekmek; ulgamyň howpsuzlygyny üpjün etmek.

Çeşmeler:

Informasion tehnologiýalar we kommunikasiýalar müdiriýeti, eprocurement.gov.in portaly (Andra Pradeş ştatynyň Hökümeti), http://www.eprocurement.gov.in.

Informasion tehnologiýalar we kommunikasiýalar müdiriýeti, “Hökümetiň karary: gatnaşýan müdiriýetler üçin elektron satyn almalaryň bazarynyň üsti bilen satyn almalar prosesini bahalandyrmak we ornaşdyrmak” (GO.MS.2.2003), http://www.aponline.gov.in/Quick%20Links/Departments/Information%20Technology%20and%20Communications/Govt-Gos-Acts/2003/GO.Ms.2.2003.html.

K. Bikshapathi, A.P. Elektron satyn almalar boýunça tematiki derňewler (Prezentasiýa, 2007), http://himachaldit.nic.in/Casestudy-APeProcurement.pdf.

K. Bikshapathi, P. RamaRaju И Subhash Bhatnagar, *Andra Pradeş ştatynyň hökümetinde elektron satyn almalar (Waşington, Kolumbiýa okrugy: Bütindünýä Banky, 2006*), http://go.worldbank.org/XJS8XWB030.

Gümrükhana üçin amaly ulgam

Koreýa Respublikasynda elektron gümrükhana ulgamy döredilmeginden öň import we eksport edijiler harytlary gümrükhana arassalamak, gümrük ýygymlaryny tölemek we salgyt deklarasiýalaryny bermek üçin gümrükhana we maliýe edaralaryna barmaly bolýardylar. Aeroportlardaky we deňiz portlaryndaky gümrük arassalanylyşy, garaw we gözegçiligi ulgamlaýyn häsiýetde däldiler, proseduralar gümrükhananyň esasy zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin ýeterlik kabul ederlikli bolsalar hem, olar köpsanly oňaýsyzlyklary döredýärdiler.

Elektron gümrükhana ulgamyny döretmegiň maksatlary aşakdakylardan ybaratdy: a) gümrükhana administrirlenmegini tertipleşdirýän informasion ulgamlary döretmek; b) kontrabandany ýok etmek; w) importda we eksportda logistika çykdajylary azaltmak; g) berilýän gümrükhana hyzmatlarynyň hilini gowulandyrmak.

Şeýlelikde, Koreýa Respublikasynyň elektron gümrükhana ulgamy halkara söwda operasiýalary üçin bitewi penjire ýörelgesi boýunça işleýän elýeterlilik nokady bolup durýar. Gümrükhana arassalanylyşynyň import/eksport baradaky hasabatlary, porta girmek we ýük akymlaryny dolandyrmagyň maglumatlary ýaly proseduralar doly kompýuterleşdirilendirler, bu ýurduň import-eksport kompaniýalarynyň konkurensiýa ukyplylygyny ýokarlandyrmaga ep-esli hemaýat berýär. Elektron gümrükhana ulgamy bolandygy sebäpli eksport gümrükhana arassalanylmagy häzirki wagtda iki minudyň içinde seredilip bilner, import gümrükhana resmilendirilişi 1,5 sagadyň dowamynda geçirilip bilner. Bu Bütindünýä gümrük guramasynyň 169 agza-ýurtlarynyň arasynda gümrükhana

arassalanylyş ulgamlarynyň iň çaltlarynyň biridir. Iki güni alýan çylşyrymly import arassalanyşy häzir 2,5 sagatda geçirilýär, bu UNCTAD (BMG-yň söwda we ösüş boýunça Konferensiýasy) tarapyndan maslahat berilýänlerden dört sagat çaltdyr.[26]

Ulgam her ýyl 2,5 trillion koreý wony (2,5 milliard ABŞ dollary) töwerek serişdäni tygşytlaýar. Ondan başga-da, ulgam ähli senagatyň umumy çykdajylaryny bahalandyrmalar boýunça 3878 milliard koreý wony möçberde peseltdi, bu wagty/çykdajylary peseltmek ýaly göni effektleriň hasabyna 709 milliard won, öndürijiligiň ösüşiniň artdyrylmagy ýaly otnositel pudaklaýyn effektleriň hasabyna 2370 milliard won, hem-de senagatyň beýleki sektorlarynda gytaklaýyn effektiň hasabyna 798 milliard won boldy.[27]

Surat 15. Koreýa Respublikasynyň elektron gümrükhana ulgamy
(Çeşme: Kompýuterleşdirmek boýunça Milli Agentlik, Koreýada elektron hökümet (Seul: Kompýuterleşdirmek boýunça Milli Agentlik, 2002), 29, http://unpan1.un.org/intradoc/groups/public/documents/APCITY/UNPAN023904.pdf).




IKT-i ulanmak bilen gümrükhana reformasynyň başga mysalyny Filippinlerde tapyp bolýar.

## Filippinlerde gümrükhana reformasy

[26] Koreýa Gerald, sitata getirilen işden.
[27] Şol ýerde

1995-nji ýylda Fillipin gümrükhana müdiriýeti (FGM, BOC - Bureau of Customs) Bütindünýä Banky we UNCTAD bilen hyzmatdaşlykda import üçin gümrükhana rugsatnamalaryny gaýtadan işlemek, ýygymlary tölemek we öz gümrükhana amallary üçin goýberiş orderlerini eltmek üçin onlaýn ulgamy ornaşdyrdy.

Müdiriýet ASYCUDA[28] ulgamyny saýlap aldy, ol UNCTAD tarapyndan işlenilip düzülen, giňden ulanylýan gapyrjak programma üpjünçiligi bolup durýar. Kagyzy bütinleý diýen ýaly ulanmaýan ulgam ýygymlary we salgytlary gös-göni ygtyýarlandyrylan banka-agente tölemäge mümkinçilik berýär. Ýygymlaryň we salgytlaryň jemi FGM-iň maglumatlar bazasynda ýazylan jem bilen deňeşdirilýär hem-de iki ululyklaryň deň bolan ýagdaýynda goýberiji order ýazylýar. Bu gümrükhana resmileşdiriş prosesini çaltlaşdyrýar FGM-iň söwdany ösdürmeklige hemaýat boýunça umumy maksadyna laýyk gelýär.

Ulgam elmegiň/goýbermegiň töwekgellikleriniň bahalandyrylmagyny hem berýär. Şekiller, ştrih-kodlary ulanmak we maglumatlar bazalaryna daşarky onlaýn salgylanmalar ähli sarp edijilik we ammar obýektleriniň pes, orta we ýokary töwekgellikli hökmünde klassifikasiýasy üçin ulanylýarlar, bu öz gezeginde resminamalary barlamagyň derejesiniň we fiziki barlagyň gerekliginiň kesgitlenilmegine getirýär.

Daşamaklygy ahyrky goýberiş Onlaýn goýberiş ulgamy tarapyndan amala aşyrylýar, ol portdan birnäçe kilometrde ýerleşen ýerli konteýner ýük stansiýasy bilen operasiýalary utgaşdyrmak üçin umumy telefon ulgamy ulanýar.

Ondan bäri ulgam ASYCUDAWorld (elektron gümrükhana) taslamasynyň çäklerinde täzelendi, ol öz içine esasy ulgamy we goldaw ulgamyny kämilleşdirmegi, şol sanda, enjamlary we torlaýyn infrastrukturany aldy. Hususanda, ASYCUDAWorld aşakdaky kämilleşdirmeleri teklip edýär:

- Internetde deklarasiýalary bermek
- Deklarasiýanyň ýagdaýy barada awtomatiki habarnama bermek
- Goşmaça serwis-hyzmatdaşlary ulanmak
- Internetde awia- we gämi gatnadýan kompaniýalar tarapyndan manifestleri bermek, şol sanda, dekonsolidatorlar tarapyndan (ýük akymlarynyň maýdalanmagy bilen meşgul bolýan kompaniýalar)
- Resmi däl (ýolagçynyň bagažynyň ulgamyny öz içine almak bilen), saklamak we tranzit ýük daşamalar ýaly import operasiýalaryň beýleki görnüşleriniň awtomatlaşdyrylan prosesi
- Sarp ediliş materiallaryny hasapdan çykarmagyň awtomatlaşdyrylan prosesi
- Obligasiýalar bilen amallaryň merkezleşdirilen dolandyrylyşy

[28] Gümrükhana Maglumatlary üçin Awtomatlaşdyrylan Ulgam (Automated System for Customs Data).

- Degişli döwlet edaralary bilen aragatnaşyklar
- Göçürmeleri, prosesleri, düzgünleri, gollanmalary we beýleki ugurdaş maglumatlary seretmek üçin FGM-iň web-saýtynyň üsti bilen resurslara Internet-elýeterlilik

2004-nji ýylyň oktýabrynda FGM tarapyndan GXS RosettaNet eCustoms çözüwini ulanýan täze arassalanyş ulgamynyň pilot testden geçirilmegi üstünlikli tamamlanyldy. Resminamalary eltmegiň täze awtomatlaşdyrylan ulgamy ýokary tehnologiýaly önümleri öndürijilere elektron gümrükhana deklarasiýalaryny howpsuz goýbermäge mümkinçilik berýär. Täze ulgam Filippinleriň elektron senagatynda zähmetiň öndürijiliginiň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilendir, ol öz daşary ýurtly üpjün edijileri bilen has howpsuz we awtomatlaşdyrylan operasiýalary üpjün edýär.

Çeşmeler:

Söwda we elektron biznesiň proseduralaryny ýönekeýleşdirmek boýunça Aziýa-Ýuwaş okean Geňeşi, Filippinlerde üstünlik barada hasabat, 2006 AFACT Year Book (Taýpeý: Ykdysadyýet ministrliginiň standartlar, metrologiýa we inspeksiýa Býurosy, 006), 113-134, http://www.afact.org/group/application/afact/2006AFACT/pdf/(4)%20Country%20Reports/7-p113_p134-2006%20Report-Philippines.pdf.

Businesswire, «Filippin gümrükhana müdiriýeti GXS RosettaNet eCustoms elektron gümrükhana çözüwini ýaýbaňlandyrýar; Filippinleriň elektronika we ýarymgeçirijiler senagatyna hemaýat berýän has çalt gümrükhana arassalanylyşy we azaldylan çykdajylar” (2005), http://findarticles.com/p/articles/mi_m0EIN/is_2005_August_25/ai_n14930696.

Gümrükhana proseduralary boýunça kiçi Komitet, “Intellektual eýeçiliginiň hukuklarynyň soraglary boýunça serhet goragyny güýçlendirmek üçin innowasion tehnologiýalar boýunça APEC-iň öňdebaryjy tejribesi barada resminama” (APEC duşuşygy, 2007-nji ýylyň 23-25-nji iýuny, Kerns, Awstraliýa), http://aimp.apec.org/Documents/2007/SCCP/SCCP2/07_sccp2_016.doc.

Subhash Bhatnagar, *Filippinleriň Gümrükhana Reformasy* (Bütindünýä Banky: 2001), http://go.worldbank.org/J8J2YV6KG0.

## Oýlanmak üçin soraglar

Elekron gümrükhana ulgamy kabul edilende we goldanylanda haýsy soraglar we problemalar bar diýip Siz pikir edýärsiňiz? Olary nähili görnüşde çözüp bolar?

Elektron telekeçiligiň goşundylary[29]

Elektron telekeçilik birinji nobatda satyn almak, satmak, marketing hem-de harytlary ýa-da hyzmatlary Internediň we beýleki kompýuter torlarynyň üsti bilen hödürlemek proseslerine degişlidir. Emma elektron telekeçilik köp beýleki aspektlere hem eýedir. Elektron telekeçilik oblastynda hökümetiň roly biznes-jemgyýetçilige has gymmatly maglumaty almak mümkinçiligini bermekden hem-de öz wagtynda ony önümçilikde, harytlary we hyzmatlary satmakda ulanmakdan durýar. Elektron telekeçilik elektron torlaryň teklip edýän çeýeligini goşmak ýoly bilen däp bolan telekeçiligiň artykmaçlyklaryna we strukturalaryna daýanýar.

Ara goşma 2. Elektron söwda degişli hukuk soraglaryny çözmek

Elektron telekeçilik barada kanunlary kabul etmek elektron Köpçülikleýin habar beriş serişdelerine (KHBS) ynamy ýokarlandyrmak üçin gerekli ädim bolup durýar. Hukuk soraglarynyň birnäçesi ünsi talap edýärler. Meselem, Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasy (YHÖG) şulary ýüze çykardy: salgytlary salmak, şahsy durmuşyň eldegrilmesizligi, sarp edijiler bilen baglanyşykly soraglar, şahadatnamalary bermegiň kriptografiýasy we autentikasiýasy, informasion infrastrukturany ulanmaga elýeterlilik, hem-de bolsa tutuş jemgyýetiň çygryndaky netijeler.

Elektron torlaryň kömegi bilen eltilýän we berilýän harytlara we hyzmatlara salgyt salynmagy bilen baglanyşykly soraglary haýal etmän çözmeli. Elektron söwdada awtoulaglar onlaýn režimde satyn alnanda, Internediň üsti bilen debet we kredit kartoçkalar ulanylanda ýa-da paýly maýa goýum fondlarynyň, ätiýaçlyk we

---

[29] Bu bölümçe şu işden alyndy: *e-Koreýany Görüş 2006: Informatizirlemegi Öňe sürmek üçin Üçünji Baş Meýilnama* (2002-2006) (Seul: MINformasiýa we Kommunikasiýa Ministrligi, 2002), (*e-Korea Vision 2006: The Third Master Plan for Informatization Promotion* (2002-2006) (Seoul: Ministry of Information and Communication, 2002)) http://www.ipc.go.kr/ipceng/policy/vision_2006.jsp.

depozitar hyzmatlaryň Internet-söwdasy amala aşyrylanda maglumatlaryň howpsuzlygy baradaky sorag hem aýgytlaýjy rola eýedir.

Birleşen Milletler Guramasynyň ulgamynyň halkara söwda hukuk oblastynda esasy ýuridiki edarasy bolan BMG-iň halkara söwdasynyň hukuk soraglary boýunça Iş topary (UNCITRAL –United Nations Commission on International Trade Law) elektron söwda barada unifisirlenen kanuny taýýarlady. Hususan-da, UNCITRAL 1996-njy ýylda elektron söwda barada UNCITRAL-yň nusgalyk (tipleýin) kanunyny taýýarlady, 2001-nji ýylda elektron gollar barada UNCITRAL-yň nusgalyk (tipleýin) kanunyny taýýarlady, 2005-nji ýylda halkara şertnamalarda elektron habarnamalaryny ulanmak barada BMG-yň Konwensiýasyny taýýarlady.

Birnäçe ýurtlarda eýýäm kabul edilen bu resminamalar, adatça, standartlar hökmünde seredilýärler, serhetaşa operasiýalarda öňünden aýdyp bolunmaklyga we elektron KHBS-lere ynamy ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Bu resminamalar elektron habarnamalar barada diskriminasiýa ýol bermezlik, kagyz we elektron nusgalaryň arasynda funksional ekwiwalentlik, hem-de tehnologiki bitaraplyk ýaly ýörelgelerde gurulýarlar. Ondan başga-da, halkara söwdasynyň hukugynyň araçylyk (arbitraž), satyn almalar we transport ýaly dürli oblastlardaky UNCITRAL-yň beýleki resminamalary hem bu oblastlarda elektron köpçülikleýin habar beriş serişdelerini ulanmaga degişli düzgünleri özlerinde saklaýarlar.

Elektron telekeçiligiň esasy aýratynlyklarynyň biri kiçi we orta kärhanalary (KOK) ösdürmek üçin “biznes-biznes” (B2B) görnüşli transaksiýalary döretmek bolup durýar. Hökümede kiçi bisnesde elektron kommersiýany ösdürmek üçin ultrabeýik ýygylyklary ulanýan aragatnaşygyň simsiz torlary ýaly gerekli bolan binýatlaýyn infrastrukturany gurmak gerekdir, hem-de bolsa aragatnaşygyň mobil torlary, emele hemra we köpçülikleýin eşitdiriş torlary ýaly bar bolan infrastrukturany berkitmek gerekdir. B2B görnüşli elektron telekeçilikde hökümete elektron tölegler, logistika, howpsuzlyk, elektron söwdanyň global torlary we hukuk soraglary ugurlarynda hyzmatlary döretmek we bermek gerek.

**B2B görnüşli elektron telekeçiligi öňe sürmek.** B2B görnüşli elektron telekeçilik ähli biznes-işewürligiň informatizirlenilmegi ýoly bilen öndürijiligi we aýdyňlygy artdyryp biler, hem-de bolsa bilelikdäki elektron telekeçiligi (c-commerce – collaborative commerce) höweslendirmek üçin bitewi önümçilik zynjyrynda ýerleşýän firmalaryň arasynda maglumaty alşyp-çalyşmaga we hyzmatdaşlyga hemaýat berip biler. C-telekeçilik biznes model bolup durýar, onda kompaniýa öz ulgamlaryny öz üpjün edijileriniň we hyzmatdaşlarynyň ulgamlary bilen bütin Internet boýunça birleşdirýär. Ol B2B goşundylarynyň köpsanlysy bilen goldanylýar, olar üpjün etmeleriň zynjyrynda esasy biznes-prosesleri

awtomatlaşdyrýarlar, şunlukda, kärhananyň serhetlerini çig maldan taýýar önüme çenli giňeldýärler.

Hökümetler c-telekeçiligi goldamak ulgamlaryny hem-de firmalaryň arasyndaky netijeli bilelikdäki hereket üçin optimal algoritmleri işläp düzüp we ýaýbaňlandyryp bilerler. Hökümet bu taslamalardan peýda görüjiler hökmünde geljegi bar bolan KOK-lar bilen c-telekeçiligi ösdürmek üçin pilot taslamalara hemaýat berip biler. Häzirki bar bolan korporatiw medeniýet, adatça, ýapyk we aýdyň däldir, diýmek, hökümede informasiýany alyş-çalşyga hemaýat bermek gerekdir. B2B görnüşli elektron telekeçiligiň bökdençsizligi we informasiýanyň alyş-çalşygyny üpjün etmek üçin netijeli interfeýsleri işläp düzmek we maglumatlaryň we protokollaryň standartlaşdyrylmagyna hemaýat bermek gerek, olar transaksiýalaryň autentikasiýasyna we informasion howpsuzlygy üpjün etmeklige goldaw bererler.

**B2B torlary giňeltmek.** Hökümet önümçilik senagaty we hyzmatlar sferasynda bu pudaklaryň konkurensiýa ukyplylygyny ýokarlandyrmak üçin elektron biznesiň ösmegine hemaýat bermelidir. Koreýa Respublikasynda hökümet alty esasy pudaklarda (elektronika, awtomobil gurluşygy, gämi gurluşygy, polat öndüriş senagaty, agyr senagat we dokma senagaty) transaksiýalaryň umumy jeminden elektron telekeçiligiň 30 göterim hem-de senagatyň beýleki pudaklarynda 25 göterim paýyna ýetmegi maksat edip goýdy. Hökümet her pudagyň standartlaşdyrylmagy we elektron kataloglaşdyrylmagynyň soraglarynda B2B görnüşli elektron telekeçiligiň infrastrukturasyny döretmegi goldady. 2005-nji ýylda 50-den köp pudaklarda öz B2B torlary guruldy.

**Logistikany we B2B görnüşli elektron telekeçiligi öňe sürmek üçin töleg ulgamlaryny gowulandyrmak.** Degişli ulgamlar bilen baglanyşdyrylan logistikanyň bilelikdäki ulgamy (meselem, maliýe informasion ulgam) B2B görnüşli elektron telekeçilige hemaýat bermegiň esasy komponenti bolup durýar. Logistikanyň beýle ulgamy intellektual transport ulgamy we geografiki informasion ulgam esasynda, hem-de bolsa aragatnaşygyň simsiz torlaryna birikmek ýoly arkaly gurlup bilner.

Ondan başga-da, elektron telekeçiligi üçin ygtybarly we howpsuz gurşawy üpjün etmek üçin elektron töleglere degişli kanunlar we düzgünler kämilleşdirilmeklige mätäçdirler. Elektron tölegler üçin infrastrukturany giňeltmek we hususy identifisirlemek ulgamyny girizmek, hem-de bolsa elektron pullaryň goralyp saklanmagyny üpjün etmek üçin howpsuzlygy dolandyrmak ulgamlaryny girizmek gerek.

**Halkara elektron söwdasy üçin infrastrukturany döretmek.** Daşary ýurt elektron bazarlary baradaky maglumat halkara elektron söwdasyna hemaýat bermek üçin peýdalydyr. Beýle maglumat resminamany, katalogy we haryt standartlaryny öz içine almalydyr. Ondan başga-da, hökümet halkara geleşiklerinde mümkin bolup biljek jedelleri çözmäge kömek berip biljek ýöriteleşdirilen hyzmatlary bermelidir.

Elektron söwda Internetde ulanylyp bilinýän halkara söwdasynyň awtomatlaşdyrylmagynyň toplumlaýyn ulgamyny döretmek ýoly bilen kagyz ulanmaýan halkara söwdasy üçin şertleri döredýär. Koreýa Respublikasynda maglumatlary elektron alyş-çalyş ulgamlary (EDI – electronic data interchange) hökümet tarapyndan ähli eksportýorlar boýunça paýlanylýarlar we halkara söwdasynyň awtomatlaşdyrylmagy üçin mümkin bolup biljek päsgelçilikler aradan aýrylýarlar. Halkara söwdasy bilen baglanşykly, şol sanda, araçylyk, şertnamalar, tölegler we logistikany hem öz içine almak bilen, ähli prosesleri gaýtadan işlemek üçin elektron söwdanyň global tory boýunça taslama meýilnamalaşdyrylýar. Tory beýleki Aziýa we Ýewropa ýurtlarynyň halkara söwdany awtomatlaşdyrmak ulgamlary bilen baglanyşdyryp, Koreýanyň hökümeti ähli halkara treýderler (söwdagärler) üçin elektron söwda gurşawyny gurmagy tama edýär.

**KOK-lary informatizirlemäge hemaýat.** Koreýanyň hökümeti prioritetleriň biri hökmünde Koreýa Respublikasynda ähli kompaniýalary Internede birikdirmegi we ähli ýurt boýunça elektron biznesiň bazasyny giňeltmegi kesgitledi. Bu maksat bilen hökümet Koreýa Respublikasynda KOK-lara Internede elýeterliligi almaga we amaly goşundylarynyň serwis-prowaýderleriniň teklip edýän integrirlenen gulluklarynyň üsti bilen IT-i ornaşdyrmaga kömek edýär. Elektron biznesi goldamagyň ählumumy ulgamy, şonuň ýaly-da, konsentrirlenen senagat toplumlarynda hyzmatlary bermek hem meýilleşdirmek derejesinde dur,

Senagat informasiýasyny ýaýratmak ulgamyny gurmak alnyp barylýar, ol Koreýa Respublikasynda 30 000 KOK-lara öz konkurensiýa ukyplylygyny ýokarlandyrmaga we informasiýany almaga çykdajylary peseltmäge kömek eder. Maglumatlar bazalary we integrirlenen gözleg ulgamlary agyr senagat we elektronika ýaly esasy pudaklarda işlenilip düzülmelidirler. KOK-lara kiçi masştablarda B2B görnüşli elektron telekeçilik jemgyýetleriniň assosiasiýalaryny guramak hem maslahat berilýär.

## Koreýa Respublikasynda elektron telekeçilik

2006-njy ýylda Koreýa Respublikasynda elektron telekeçiligiň göwrümi 413,584 trillion koreý wonuna ýetdi, ol 2005-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 15,4 göterim artmak bolup durýar. Operasiýalaryň her görnüşiniň paýy ymykly üýtgemedi, özi hem B2B-iň paýy azaldy, B2G bolsa käbir derejede artdy.

Elektron telekeçiligiň Koreýa instituty tarapyndan Koreýa Respublikasynda 4000 kompaniýalaryň arasynda 2006-njy ýylda geçirilen içerki elektron biznesiň ýagdaýy boýunça derňewler kompaniýalaryň 36,7 göterimi tömereginiň häzirki wagtda elektron operasiýalary (elektron telekeçiligiň has giň kesgitlenilmegi) amala aşyrýandygyny, ýa-da telekeçilik transaksiýalary üçin bir ýa-da ondan köp prosesleriň kompýuterleriň ýa-da torlaryň kömegi bilen amala aşyrylýandygyny görkezýär.

Milli statistiki gullugyň maglumatlary boýunça 2006-njy ýylda B2B transaksiýalarynyň göwrümi geleşikleriň umumy göwrüminden 88,5 göterimi düzdi. B2B transaksiýalaryndan satyn alyş transaksiýalary 71,9 göterimi düzýärler, satyjylar tarapyndan transaksiýalar bolsa – 23,5 göterim, bu bolsa bazaryň uly paýynyň entek hem alyjylara degişlidigini görkezýär. Elektron telekeçilikde broker transaksiýalary geleşikleriň umumy göwrüminden 4,5 göterimi düzdi, bu öňki ýyl bilen deňeşdireniňde uly bolmadyk artmaklygy görkezýär.

2002-nji we 2005-nji ýyllar aralarynda ep-esli paýy eýelän gurluşyk şertnamalary 2006-njy ýylda B2B bazarynda harytlary we hyzmatlary satyn almaga gezek gelende uly bolmadyk bölege gysgaldylar – bu 5 ýyl üçin birinji gezek bolup geçdi. Merkezi administratiw edaralar, ýerli döwlet guarmalary we bilim bölümleri ýaly döwlet strukturalarynyň gatnaşmagy bilen B2B bazary 34,436 trillion koreý wonuny düzýär.

2006-njy ýylda onlaýn dükanlaryň sany 2005-njy ýyl bilen deňeşdireniňde 4 göterim artdy we 4531-e ýetdi. Bu sandan 4297 sanysy ýa-da 94,7 göterimi ýöriteleşdirilen dükanlar bolup durýarlar we diňe 5,3 göterimi uniwersal dükanlardyrlar. Oňa garamazdan, operasiýalaryň göwrümi nukdaýnazaryndan 71,1 göterim ýa-da 9,5707 trillion koreý wony möçberindäki gymmat uniwersal dükanlar tarapyndan ýerine ýetirildiler, bu 2005-nji ýyldakydan köp, galan 28,9 göterimi bolsa ýöriteleşdirilen dükanlar tarapyndan ýerine ýetirildiler. Operasiýalaryň görnüşleri boýunça derňew ýerine ýetirilende onlaýn dükanlar 48,7 göterim (2208) düzdi, torda hem, oflaýnda hem işleýän dükanlaryň sany bolsa 51,3 göterimi (2323) düzdi.

Çeşme: Gysgaltmalar bilen Informatizirlemek boýunça 2007 Ak kitapdan alyndy: Koreýa Respublikasy (Seul: Informasion jemgyýet boýunça Milli Agentlik, 2007), http://www.nia.or.kr/open_content/board/fileDownload.jsp?tn=PU_0000100&id=53922&seq=1&fl=7.

Indi bolsa Tailandda elektron telekeçiligiň beýany getirilýär.

## Tailandda elektron telekeçilik

Elektron telekeçilik Tailandyň informasion tehnologiýalaryny 2001-2010-njy ýyllar döwründe ösdürmek Syýasatynda (IT2010) yglan edilen esasy maksatlaryň biri bolup durýar. Maksat taý telekeçileriniň, hususan-da, KOK-laryň konkurensiýa ukyplylygyny berkitmekden ybaratdyr.

IT2010-da Tailandyň elektron telekeçiligini ösdürmek üçin sekiz strategiýa beýan edilýär:

- Işeňňir daşarky syýasat strategiýasyny geçirmek, şol sanda, elektron telekeçiligi, ykdysady we sosial ösüşiň dokuzynjy we onunjy Milli meýilnamalary bilen birleşdirmek arkaly söwda oblastynda esasy milli strategiýa hökmünde yglan etmek.
- Elektron telekeçilik soraglary boýunça, aýratyn hem KOK telekeçileriniň arasynda habardarlyk üçin şertleri döretmek.
- Elektron telekeçilik üçin oňaýly hukuk gurşawyny üpjün etmek.
- Howpsuzlyk ulgamlaryna hemaýat bermek we olary goldamak.
- Maglumatlar bazalaryny döretmek we maglumatlary dolandyrmak strategiýalaryna üns bermek, şol sanda, biznese, önümçilige we sarp edijilere meýilnamalaşdyrmaga we hyzmatlary bermäge hemaýat bermek üçin maglumatlar bazalaryny we maglumatlary geçirmek torlaryny guramak boýunça çäreler.
- KOK-lara elektron telekeçilik üçin amaly goşundylary ulanmakda we global ykdysadyýetde olaryň konkurensiýa ukyplylygyny ýokarlandyrmakda goldawy üpjün etmek.
- Bilim sferasy we zähmetiň häzirkizaman bazary üçin başarnyklary ösdürmek üçin adam resurslaryny ösdürmek.
- Biznes we sarp edijiler tarapyndan elektron telekeçiligiň amaly goşundylaryny hemme ýerlerde ulanmaklygyny üpjün etmek üçin, ýurtdaky esasy önümlere, harytlara we hyzmatlara standartlary girizmegi hem öz

içine almak bilen, adekwat we elýeterli infrastrukturany we onuň komponentlerini bermek.

Tailandyň hökümeti elektron telekeçiligiň artmagyny höweslendirmek maksady bilen başlangyçlaryň birnäçesini amala aşyrdy. Olaryň biri telekeçilik hasaba alynmagy baradaky Kanun bolup durýar, ol elektron telekeçiligiň operatorlaryndan telekeçilik hasaba alynmagyny talap edýär. Söwda ministrligi elektron telekeçiligiň web-saýtlary üçin standartlary kesgitlemek we sarp edijide ynam duýgusyny döretmek üçin ynam belgisini (trust mark) (tassyklamagyň elektron möhüri) ulanýar. 2006-njy ýylda elektron telekeçilik üçin şikaýatlary bermek merkezi açyldy. Ondan başga-da, döwlet edaralarynyň birnäçesi, hem-de bolsa hususy kompaniýalar, banklary we önümçiligi öz içine almak bilen, onlaýn transaksiýalary amala aşyrýarlar.

2004-nji ýylda elektron telekeçilik oblastynda 1860 telekeçi tarapyndan dolandyrylýan 2500 saýty Tailandyň söwda Ministrligi tarapyndan hasaba alyndy. B2B görnüşli elektron transaksiýalar Tailandyň elektron telekeçilik senagatynda geleşikleriň uly bölegini düzýär. Auksionlary/satyn almalary guramak boýunça esasy onlaýn prowaýderleriň biri Pantavanij (https://www.pantavanij.com) kompaniýasy bolup durýar. 2005-nji ýylda Pantavanijiň transaksiýalary 47,9 milliard Tailand batyna ýetdi, ondan satyn almalara 35,2 milliard, onlaýn auksionlara bolsa 12,7 milliard Tailand baty düşdi. 2005-nji ýylda onlaýn transaksiýalary 100 milliard töwerek Tailand batyny düzdi, bu 2003-nji ýyldaky 63 milliard görkezijiden ýokarydyr.

Tailandda elektron telekeçilik senagatyny mundan buýana güýçlendirmek üçin elektron telekeçiligini KOK-laryň arasynda öňe sürmek gerek, ilat bolsa B2C operasiýalaryna gatnaşmak üçin höweslendirilmelidir.

Çeşmeler:

Ykdysady Maglumat Bölümi, “Tailand: elektron söwda syn”, “Ykdysatçy” žurnalynda (2007-nji ýylyň 11-nji ýanwary), http://globaltechforum.eiu.com/index.asp?layout=rich_story&doc_id=9936&title=Thailand%3A+Overview+of+e-commerce&channelid=4&categoryid=30.

Elektron we kompýuter tehnologiýalarynyň Milli merkezi, 2005-nji ýylda Tailandda IKT görkezijileri (Bangkok: Elektron we kompýuter tehnologiýalarynyň Milli merkezi, Ylym we tehnologiýa Ministrliginiň Ylmy we tehnologiýalary ösdürmegiň Milli Agentligi, 2005), http://www.nectec.or.th/2008/pdf/ict_indicators2005.pdf.

Informasion tehnologiýalar boýunça Milli Iş toparynyň Sekretariaty, 2001-2010-njy ýyllarda informasion tehnologiýalaryň syýasatyny ösdürmek: Bilimlere esaslanan ykdysadyýet barasynda Tailandyň nukdaýnazary (Bangkok: Elektron we kompýuter tehnologiýalarynyň Milli merkezi, Ylym we tehnologiýa Ministrliginiň Ylmy we tehnologiýalary ösdürmegiň Milli Agentligi, 2003), http://www.etcommission.go.th/documents/it2010_publish_version_en.pdf.

Somnuk Keretho we Paisan Limstit, *Elektron telekeçilik: Tailandda biznesiň ýoly (Bangkok: Elektron we kompýuter tehnologiýalaryň Milli merkezi, 2002),* http://www.ecommerce.or.th/APECWorkshop2002/ppt/pdf/ec_way_business_in_Thailand.pdf.

Thaweesak Koanantakool we Kalaya Udomvitid, «.th Tailand» 2007/2008 ýyllarda Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde sifrleýin synda (Nýu-Deli: Sage, IDRC, Orbicom: 2007), http://www.idrc.ca/en/ev-127181-201-1-DO_TOPIC.html.

## Amaly gönükme

1. Öz ýurduňyzda KOK-lar sektoryny beýan ediň, hem-de elektron telekeçiligiň bu sektora nähili kömek berip biljekdigini düşündiriň.
2. Siziň ýurduňyzda elektron telekeçilik bazaryny haýsy "basybalyjy" amaly maksatnamalar-goşundylar bar? Olardan birini ýa-da ikisini beýan ediň, şol sanda, olaryň gelip çykyşyny we olaryň Siziň ýurduňyzyň ykdysadyýetine täsirini beýan ediň.

## Özüňizi barlaň

1. G2B esasy gulluklaryny sanaň.
2. Näme üçin elektron satyn alyşlaryň ulgamyny ösdürmek möhüm?
3. Bu ulgamlary gurmakda gerekli komponentleriň we kiçi ulgamlaryň köpsanlysy bar: elektron satyn almalar, elektron gümrükhana, elektron telekeçilik. Bu komponentleri beýan ediň.
4. B2B, B2G, B2C we C2C düşünjeleriniň manysyny düşündiriň we olaryň hersini häsiýetlendirýän biznes-transaksiýalaryň görnüşlerini sanaň.
5. Elektron telekeçiligiň kömegi bilen önümleriň we hyzmatlaryň haýsy görnüşlerini bermek mümkin?

## 3.3. Hökümet-hökümete (G2G): hökümetiň işiniň innowasion ýoly

Toplumlaýyn maliýe ulgamy[30]

1980-nji ýyllaryň başynda maliýe bazarlarynyň has köp liberallaşdyrylmagy we globallaşmagy netijesinde ýerli maliýe edaralarynyň arasynda konkurensiýa güýçlendi, girdejililik bolsa pese gaçdy. Bu problemany çözmek we halkara bazarlarynda konkurensiýa ukyplylygy ýokarlandyrmak üçin transaksiýalar proseduralaryny täzeden gurmaga we sarp edijilere hyzmat bermegiň has ýokary hilini üpjün etmäge mümkinçilik berýän maliýe informasion torunyň gerekligi barada sorag galdyryldy.

1970-nji ýyllaryň ortalaryndan 1985-nji ýyla çenli Koreýa Respublikasynda ýerli banklar kompýuter ulgamlaryny ornaşdyrdylar we öz ştab-kwartiralaryny we şahamçalaryny tor bilen birikdirdiler. Umumymilli esasy informasion ulgamy döretmek boýunça taslamanyň düzüm bölegi hökmünde 1980-nji ýyllaryň başynda bankara informasion maliýe ulgamy ýaýbaňlandyryldy, bu müşderilere bankara maliýe operasiýalaryny ulanmaga mümkinçilik berdi. Bankara informasion maliýe ulgamy 1992-1996-njy ýyllarda döwrebaplaşdyryldy, bu oňa banklara degişli bolmadyk şu strukturalara birleşmäge mümkinçilik berdi: gymmat bahaly kagyzlar bilen işleýän firmalar, ätiýaçlandyryş kompaniýalary we innowasion banklar. Firmalar üçin bank hyzmatlary we öýlerden alyp bolýan bank hyzmatlary 1994-nji ýylda işe goýberildiler. 1997-nji ýyldan başlap banklara degişli bolmadyk maliýe guramalarynyň informasion maliýe ulgamy hem işe goýberildi, ol banklary, gymmat bahaly kagyzlar bilen işleýän firmalary, ätiýaçlandyryş kompaniýalaryny we maýa goýum banklaryny öz içine almak bilen, ähli maliýe edaralaryny birleşdirmek üçin esas goýdy.

Döwlet maliýe dolandyryşy sektorynda dürli döwlet edaralarynda özbaşdak hereket edýän ähli maliýe informasion ulgamlaryny birikdirmek gerekdi. Bu toplumlaýyn maliýe ulgamy NAFIS (Surat 16) adyny aldy.

Surat 16. Koreýa hökümetiniň maliýe reformasynyň hereketlendiriji güýji
(Çeşme: So Bong Ýu, Koreýanyň elektron hökümeti:
Biz ony nähili işläp düzüpdik (KADO prezentasiýasy), 16,
https://www.kado.or.kr/koil/bbs/board_view.asp?config_code=362&offset=0&board_code=3246)

[30] Bu bölümçe şu işden alyndy: Milli Kompýuterleşdirmek Agentligi, *e-Hökümet Koreýada* (2002), http://unpan1.un.org/intradoc/groups/public/documents/APCITY/UNPAN023905.pdf.




16-njy suratda görkezilişi ýaly NAFIS 10 moduldan ybarat.

Býujeti taýýarlamak we býujet serişdelerini paýlamak modullary hökümet tarapyndan ähli býujet proseslerini gurşap alýar.

Hasaplary we tölegleri dolandyrmak modullary  salgyt we salgytlaýyn däl girdeji girişleri we döwlet çykdajylaryny gurşap alýar.

Esasy buhgalter kitabynyň moduly        ähli buhgalter operasiýalarynyň hasaba alynmagyny, jemleýiş ýylyk hasabatlaryny, hem-de bolsa her döwlet edarasynyň salgyt hasabatlylygyny gurşap alýar.

Pul serişdelerini dolandyrmak moduly nagt puluň, goýberilen pullaryň (assignowaniýeleriň) hereketini çaklamagy, hem-de bolsa merkezi bank tarapyndan nagt serişdeler bilen boş amallaryny geçirmegi gurşap alýar.

Aktiwleri we bergileri dolandyrmak moduly milli emlägi dolandyrmagy gurşap alýar, meselem, ýerleri, jaýlary, uçarlary we gämileri, hem-de bolsa degişli ätiýaçlandyryş töwekgelligini dolandyrmagy.

Jemleýin maliýe statistikasy moduly  öz içine ähli döwlet edaralaryndan konsolidirlenen maliýe maglumatlary esasynda maliýe hasabatlaryny düzmegi alýar.

Maliýe derňewi moduly  makroykdysady çaklamagy we modelirlemegi, maliýe indeksleriniň derňewini we öndürijiligi ölçemegi gurşap alýar.

NAFIS beýleki içerki we daşarky ulgamlar bilen bilelikde hereket edýär, ol dürli döwlet edaralarynda özbaşdak işleýän 23 maliýe ulgamlaryny birleşdirmek bilen  real wagt režiminde  milli maliýe işewürligini dolandyrmagy amala aşyrmaga mümkinçilik berýär.

Ýerli we ýörite maglumatlar we buhgalter hasabynyň sanawnamalary milli maliýe informasion ulgamda jemlenendirler. Koreýa Respublikasynda 40 maliýe informasion ulgamlary işleýärler. NAFIS hökümetiň strategiki çözüwleri kabul etmegi goldaýan umumy buhgalteriýasyny we maliýe dolandyryşyny gurşap alýar.

Maliýe informasion tor wagt we ýer boýunça çäklendirmäni aradan aýyrýar, bu maliýe amallaryny öýde ýa-da işde bolmaklyga garamazdan, gije-gündizde 24 sagat, hepdede 7 gün we ýylda 365 gün geçirmäge mümkinçilik berýär. Ol maliýe informasion ulgamyň umumy platformasyny döretmegiň hasabyna ýerli maliýe bazarlarynyň ösüşi üçin impulsy üpjün edýär. Bu tor, garaşylyşy ýaly, Koreýa Respublikasynyň maliýe pudagynyň halkara konkurensiýa ukyplylygyny berkitmäge kömek eder, sebäbi maliýe edaralary bu infrastrukturanyň üsti bilen ösen ýurtlaryň iň gowy tejribelikleri bilen deňeşdirmek üçin mümkinçilikleri alýar.

**Merkezi/ýerli dolandyryş edaralary üçin konsolidirlenen maliýe informasion ulgamy.** Milli maliýe birleşdirilendir we kompýuterleşdirilen býujet-hasaba alyş ulgamy (Digital Budget and Accounting System) tarapyndan dolandyrylýar, ol elektron hökümetiň "ýol kartasy" taslamalaryndan aýratynlykda milli maksatnama hökmünde kabul edildi. 2004-nji ýylda maliýeleşdirmegiň ýerli informatizirlenilmegi dört tapgyrda ýerine ýetirildi (seret, Tablisa 4).

Tablisa 4. Ýerli hökümet maliýe ulgamynyň dört esasy meseleleri

| Tapgyr | Esasy Ýetilýän Üstünlikler |
|---|---|
| Hasap çykarma/Goşa ýazgyly usul boýunça hasap | • Hasap Subýektleriniň Dizaýny<br>• Unifisirlenen Geleşikler we Maliýe Hasabatlary<br>• Standartlaşdyrylan Prosesler üçin e-Žurnal<br>• Güýçlendirilen Audit we öz-özüni goldaýan Buhgalter hasabatçylary |
| Taslamanyň Býujet Ulgamyny Girizmek | • Taslamalaryň Býujetlerini Kesgitlemek<br>• Býujet Punktlarynyň Strukturasyny Täzeden guramak<br>• Taslamanyň Býujet Ulgamyny Ýerine ýetirmegiň Menejmenti<br>• Wezipeler boýunça Çykdajylary Dolandyrmak |
| Maliýe Menejmentini Güýçlendirmek | • Fondlary Gowulaşdyrylan Dolandyryş we Netijeli Öndürijilik<br>• Tölenmeklige elektroniki hasap goýberiş we Tölegler<br>• Bergileriň Gowulandyrylan Menejmenti<br>• Fondlary Elektroniki Geçiriş |
| Informatizasiýany Öňe sürmek | • Standartlaşdyrylan Ýerli Maliýe Ulgamyny Işläp düzmek<br>• Ýerli Maliýe Infrastrukturasyny Gurmak<br>• Ulgamlary Unifisirlemek/Birleşdirmek |

Çeşme: NIA, düz., 2006 ý., Elektron hökümet boýunça ýyllyk hasabat (Seul: MOGAHA, 2006), 14, http://www.nia.or.kr/open_content/common/fileList/fileList.jsp?tn=PU_0000100&id=54651.

Ýerli maliýe informasion ulgamyň ähli düzüm bölekleri, şol sanda, girdejileri, aktiwleri we bergileri dolandyrmagy hem öz içine almak bilen, dolandyryşyň ýerli edaralarynyň arasynda işlenilip düzülmeli we ýaýradylmalydyrlar. Maksat ýerli maliýeni dolandyrmagyň netijeliligini ýokarlandyrmakdan, maýa goýumlarynyň dublirlenilmeginiň öňüni almakdan, ýerli dolandyryş edaralarynyň arasynda informasiýanyň alyş-çalyşyny üpjün etmekden ybaratdyr. Bu geljekde serişdeleriň umumy tygşytlanylmagyna getirer, aýratyn hem zähmet we dolandyryş oblastlarynda.

Ýerli derejede elektron hökümetiň informasion ulgamy[31]

Bir tarapdan, administratiw wezipeleri elde ýerine ýetirmek sebäpli peselýän netijeliligi ýokarlandyrmagyň, raýat arz-şikaýatlaryny kagyz görnüşinde bermek prosesini ýönekeýleşdirmegiň, hem-de bolsa bitewi penjire ýörelgesi boýunça işleýän ulgamyň kömegi bilen raýat ýüztutmalaryny kabul edýän gullugyň reformasyna zerurlyk bar. Beýleki tarapdan, informatizirlemeklige aşa maýa goýumlar dürli funksional ýa-da sebit düzüm bölekler tarapyndan amala aşyrylýarlar, bu bolsa maýa goýumlardan pes netijä getirýärler. Şeýlelikde, administratiw informasion ulgamlar sebitleýin düzüm böleklere operasion netijeliligi optimizirlemek we müşderileri kanagatlandyrmak üçin berilmelidirler.

Dolandyryşyň kompýuterleşdirilen ýerli edaralary wertikal we gorizontal baglanyşyklar boýunça merkezi we ýerli administratiw guramalaryň arasynda real wagt režiminde informasiýanyň alyş-çalşygyny amala aşyrmaga mümkinçilik berýärler. Hususan-da, Koreýa Respublikasynda dolandyryşyň ýerli edaralary üçin informatizirlemegiň taslamalary informasiýany gaýtadan işlemek we meseleleri ýerine ýetirmek proseslerini standartlaşdyrmak üçin durmuşa geçirildiler. 2003-nji ýyldan başlap üç ýylyň dowamynda durmuşa geçirilen taslama maýa goýumlarynyň dublirlenilmegini, hem-de bolsa Koreýa Respublikasynda dürli sebitleriň arasynda sifrleýin üzülmäni azaltmaga kömek etdi. Administrirlemegiň we raýat ýüztutmalarynyň berilmeginiň meseleleri üçin

[31] Şol ýerde

elektron infrastrukturasyny ornaşdyrmak ýoly bilen netijelilik ýokarlandyryldy we ilata hyzmat etmek gowulandyryldy.

Surat 17. Koreýa Respublikasynda dolandyryşyň ýerli edaralarynyň kompýuterleşdirilen ulgamynyň konsepsiýasy
(Çeşme: Kompýuterleşdirmek boýunça Milli Agentlik, Koreýada elektron hökümet (Seul: Kompýuterleşdirmek boýunça Milli Agentlik, 2002), 47, http://unpan1.un.org/intradoc/groups/public/documents/APCITY/UNPAN023903.pdf)




Koreýa Respublikasynda dolandyryşyň ýerli edaralaryny sifrleýin görnüşe özgertmek 1997-njy ýylda şäherler, okruglar we etraplar üçin ähliumumy administratiw informasion ulgam üçin esasy meýilnama taýýarlanylanda başlandy. 2000-nji ýylda dört şäherde pilot ulgamy şowly aprobasiýadan geçenden soňra ol bütin ýurt boýunça ýaýbaňlandyryldy we häzirki wagtda 232 şäheri, okrugy we etraby gurşap aldy. Raýat petisiýalaryny bermek, hasaba almak we gaýtadan işlemek indi tutuş ýurt boýunça elýeterlidir, raýatlar üçin bolsa kiosklar diklenidli, ol ýerde olar şahadatnamalary bermek boýunça 37 dürli hyzmatlara elýeterlilik alyp bilerler.

Raýatlar üçin ýerli elektron hökümetiň ulgamynyň artykmaçlygy kagyz işiniň göwrüminiň we degişli döwlet edaralaryna baryp görmeleriň sanynyň ep-esli azalmagyny öz içine alýar. Bu, öz gezeginde, biznese-gönükdirilen döwlet hyzmatlaryndan müşderä-gönükdirilen hyzmatlara geçmegi şöhlelendirýär.

Hökümetiň nukdaýnazaryndan kompýuterleşdirmek we integrasiýa merkezi we ýerli dolandyryş edaralarynyň arasynda has jebis hyzmatdaşlygy, administratiw ulgamy kämilleşdirmegi, netijeliligi ýokarlandyrmagy aňladýar. Meselem, Koreýa Respublikasynda dolandyryşyň 18 umumy oblastlarynda 904 işçi prosesleriň awtomatlaşdyrylmagy işçi proseduralaryň netijeliligini ýokarlandyrdy, şol bir pursatda bolsa operasiýalary dublirlemegiň öňüni almagyň hasabyna döwlet

gullukçylaryna ýükleri hem peseltdi. Häkimiýetiň merkezi we ýerli edaralary hasabatlar ulgamyna birikdirildi, bu netijeliligiň we takyklygyň artmagyna getirdi.

1237 sany obýektiň standartlaşdyrylmagyndan soňra 18 merkezi ministrlikleri we dolandyryşyň ýerli edaralaryny birikdirmek üçin maglumatlary alyş-çalyşyň kanaly gurnaldy. Jemi alanyňda sifrleýin görnüşe döwlet hyzmatlarynyň 751 görnüşi geçirildi we hyzmatlaryň 48 görnüşi G2C portala birikdirildi, indi olar Internediň üsti bilen elýeterlidirler.

Şäher/okrug/etrap administrasiýasynyň işini gowulandyrmak üçin 1998-nji ýyl we 2003-nji ýyl aralygy döwründe şäher/okrug/etrap administrasiýasynyň informatizirlenilmegi boýunça taslamanyň çäklerinde 21 sany administratiw işçi prosesi sifrlenildi. 2003-nji ýylda şäher, okrug we etrap dolandyryş edaralary ozal oba administrasiýalary tarapyndan ýerine ýetirilýän rezidentleriň hasaba alnyş proseslerini dolandyrmagy hem öz üstüne dolulygyna aldy.

Biznes-prosesleriň täzeden gurnalyş wagtynda we 2005-nji ýylda sifrlemek taslamasy üçin ISP wagtynda şäher/okrug/etrap derejelerinde ýerli elektron hökümetiň maksatlary we meseleleri takyklanyldylar, hem-de bolsa 20 sany öňe sürülýän taslamalar kesgitlenildiler. Bahalara görä, 2897 sany resminamalar sifrleýin görnüşe geçirildiler we umumy elýeterlilik üçin goýuldylar, şonuň bilen bitewi serwisiň (one-stop) işe goýberilmeginiň mümkinçiligini berdi, hem-de birnäçe edaralara barmagyň gerekdigini azaltdy. Ondan başga-da, MOGAHA-nyň üstüne (2008-nji ýylda MOPAS-a täzeden at berildi) informasion ulgamyň tapgyrlaýyn işlenilip düzülmek hem-de olary 2012-nji ýylda 234 ýerli administratiw edaralarda ýaýbaňlandyrmak meselesi ýüklenildi.

Öň beýan edilişi ýaly, Koreýa Respublikasynyň ýerli elektron hökümeti teklip etmek, işläp düzmek we ornaşdyrmak boýunça tagallalary çylşyrymly proses bolup durýar. Ähli taslama sikliniň dowamynda dürli soraglara seretmek gerekdir. Aşakda Filippinleriň mysaly getirilýär.

## Filippinlerde e-LGU taslamasy

Ähli hökümet edaralaryna, ýerli häkimiýet edaralaryny (ÝHE) hem öz içine almak bilen, döwlet operasiýalarynda elektron serişdeleri ulanmagy belleýän elektron telekeçilik barada kanuny kabul etmeklige jogap hökmünde Filippinleriň Milli hasaplaýyş Merkezi (MHM) 2002-nji we 2005-nji ýyllar aralygynda ýerli dolandyryş edaralarynda elektron dolandyryş taslamasyny (e-LGU) işe goýbermegi

amala aşyrdy. Taslamanyň maksady ähli ÝHE-laryna gowy we has çalt hökümet hyzmatlaryny bermegi üpjün etmek üçin kompýuterleşdirilmek boýunça olaryň tagallalarynda kömek bermekden ybaratdy. Taslama ähli ÝHE-ler üçin web-saýtlary işläp düzmegi we olary elektron hökümetiň goşundylary bilen üpjün etmegi öz içine alýar, hususan-da, gozgalmaýan emlägiň salgyt ulgamy bilen (eRPTS), biznesi alyp barmaga rugsatnamalary we ygtyýarnamalary bermegiň ulgamy bilen (eBPLS) we hazynanyň işini dolandyryş ulgamy bilen (eTOMS).

Taslama ÝHE-leriň 99,5 göteriminiň öz hususy saýtlaryny işläp düzmegini üstünlik bilen gazandy. Emma bu saýtlaryň käbirleri olaryň 2002-nji ýylda döredilen pursadyndan başlap täzelenmediler, saýtlaryň köpüsi ÝHE-ler barada diňe standart informasiýany berýärler (meselem, taryhy, topografiýany, dolandyryş edaralarynyň düzümini) we elektron hökümetiň haýsy hem bolsa bir hyzmatyny bermeýärler.

Ondan başga-da, ÝHE-leriň hiç birisi hem 2005-nji ýylda e-LGU taslamasy tamamlanan wagtynda eRPTS-i doly işe goýbermediler. Tenderiň ýeňijisine pilot oblastlarynyň birinde eRPTS-i işläp düzmegi we diklemegi tabşyrmak göz öňünde tutulýardy, şol bir wagtda bolsa MHM ulgamy beýleki ÝHE-larynda diklemek bilen meşgul bolardy. Emma, ulgam işlenilip düzülendäki dürli problemalardan başga-da, programma üpjünçiligini düzlemek, maglumatlar bazalaryny gurmak, işgärler düzümini okatmak boýunça ÝHE-leriň çekmeli goşmaça çykdajylar netijede ornaşdyrmakda togtamaklyga getirdi. Dogrusyny aýdanyňda, her ÝHE öz eRPTS ulgamyny mugt alýan wagtynda, doly funksional ulgama eýe bolmaklyk mugt bolup çykmady.

e-LGU taslamasyny ýerine ýetirmek merkezleşdirilendi we ýokardan aşaklygyna ýerine ýetirilýärdi. Bu aşakdakylar barada şaýatlyk edýär: (1) hostingi we websaýtlaryň mazmuny üçin gözegçiligi üpjün etmek ÝHE-lerde düýp tutmady; (2) ÝHE-ler üçin IKT goşundylaryny saýlap almak girdejileri almagyň üç ulgamy bilen çäklendirilendi; hem-de (3) işlenilip düzülen ulgam üçin işläp düzüjileriň jemgyýetçiligi däl-de, şertnama boýunça hakyna tutulan diňe bir işläp düzüji jogapkär boldy.

Eger-de, onda kontente has uly gözegçilik ÝHE-e berlen we Internedi ulanmakdan artykmaçlyklara üns bermek bilen işlenilip düzülmeklige köp resurslar jemlenen bolanda, durmuşa geçirmegiň prosesine has köp gatnaşyjylar goşylyşanda, taslamanyň netijeleriniň başgaça bolmagy has ähtimaldy. Ondan başga-da, ÝHE we beýleki guramalar elektron hökümetiň degişli goşundylaryny taslamalaşdyrmaklyga we işlenlip düzülmegine çekilip bilnerdiler, şol bir wagtda bolsa umumymilli edara ÝHE-ler arasynda maglumatyň alyş-çalşygyny üpjün etmek maksady bilen maglumatlar bazasynyň arhitekturasy üçin bitewi standartlary işläp düzerdi.

Çeşme: Şu işden gaýtadan işlenildi: Erwin A. Alampaý, Filippinler: Filippinlerde e-LGU taslamasynda tagallalary birleşdirmek (Bangkok: UNDP-APDIP, 2005), http://www.apdip.net/projects/egovernment/capblg/casestudies/PhilippinesAlampay.pdf.

## Amaly gönükme

1. Siziň ýurduňyzda hökümetiň toplumlaýyn informasion ulgamyny döretmek üçin öňe sürülýän ugurlary kesgitläň. Onuň näme üçin öňe sürülýän mesele bolmalydygyny düşündiriň. Eger-de onuň ýalylar bar bolsa, onda beýle ulgamy döretmek boýunça islendik şertleri görkeziň.
2. Siziň ýurduňyzda dolandyryşyň ýerli derejesinde elektron hökümet ulgamyny döretmek boýunça islendik taslamany ýa-da meýilnamany görkeziň. Taslamanyň meseleleri we maksatlary, komponentleri we möhletleri haýsylar? Taslamanyň güýçli we gowşak taraplary diýip Siz nämeleri hasaplaýarsyňyz? Üstünlige ýetmek üçin haýsy soraglary çözmek gerek?

## Elektron resminama dolanşygyny ösdürmek[32]

Elektron resminama dolanşygy we elektron tassyklama ulgamy Koreýa Respublikasynda 1998-nji ýyldan bäri ösdürilip gelinýär. Maksat döwlet edaralarynda resminamalary gaýtadan işlemegiň ähli prosesini sifrleýin görnüşe geçirmek bolup durýar.

Elektron resminama dolanşygy boýunça statistikasy 654 edaranyň onlaýn režimde resminamalary elektron resminamalaryň alyş-çalşygynyň döwlet merkeziniň üsti bilen geçirýändigini görkezýär, ol öz içine 58 merkezi edarany, 250 ýerli administrasiýany, 198 bilim beriş edarasyny we döwlet uniwersitetlerini, Milli Ýygnagy we Milli saýlaw Iş toparyny alýar. Elektron resminamalaryň standarty kabul edilenden soňra elektron tassyknamalar 58 merkezi edaralar we 250 ýerli administrasiýalar tarapyndan kabul edildi. 2006-njy ýylyň iýunyndaky

---

[32] Bu bölümçe şu işden alyndy: "Koreýanyň e-Hökümetiniň Gyzykly Jikme-jiklikleri", Koreýa IT Times, 2007-nji ýylyň 29-njy Noýabry ("Juicy Details of Korean e-Government," *Korea IT Times*, 29 November 2007), http://www.kdcstaffs.com/it/main_view.php?mode=view&nNum=4575&parts=In-depth.

ýagdaý boýunça merkezi edaralaryň arasynda elektron resminamalary alyş-çalşygyň paýy 97,3 göterimi düzdi, elektron tassyklamalaryň ortaça görkezijisi bolsa 98,2 göterim boldy.

Tablisa 5. Döwlet edaralarynyň arasynda elektron resminamalary we elektron tassyklamalary alşyp-çalyşmagyň paýy
(2006-njy ýylyň iýunyndaky ýagdaý boýunça)

| **Agentlik** | **e-resminamany alşyp-çalyşmagyň derejesi** | | | **e-tassyklamany almagyň derejesi** | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | **Alyş-çalyşlaryň umumy sany** | **Elektro-niki alyş-çalyşlaryň sany** | **Dereje (%)** | **Resminamalary döretmegiň umumy sany** | **Elektroniki tassyklamalaryň sany** | **Dereje (%)** |
| Jemi | 12,574,097 | 12,231,383 | 97.3 | 32,441,273 | 31,849,755 | 98.2 |
| Merkezi dolandyryş edaralary | 5,114,791 | 4,913,759 | 96.1 | 10,951,466 | 10,771,392 | 98.4 |
| Ýerli häkimiýetler | 7,459,306 | 7,317,624 | 98.1 | 21,489,807 | 21,078,363 | 98.1 |
| Şäherler/ welaýatlar | 1,135,228 | 1,116,287 | 98.3 | 3,410,501 | 3,356,823 | 98.4 |
| Şäherler/Okruglar /etraplar | 6,324,078 | 6,201,337 | 98.1 | 18,079,306 | 17,721,540 | 98.0 |

Çeşme: NIA, düz., Elektron hökümet boýunça ýyllyk hasabat 2006 (Seul: MOGAHA, 2006), 12, http://www.nia.or.kr/open_content/common/fileList/fileList.jsp?tn=PU_0000100&id=54651.

Elektron resminama dolanşygynyň ýokary göterimi we elektron tassyklamalarynyň alyş-çalşygy döwlet edaralarynda resminamalary elektron gaýtadan işlemegiň doly durnuklylyk tapgyryna ýetendigini görkezýär. Ähli merkezi edaralar elektron resminamalaryny alyş-çalşygyň döwlet merkeziniň üsti bilen elektron resminamalary ygtybarly alşyp-çalyşýarlar, hem-de olar entek elektron resminamalar ulgamyny ornaşdyrmak öňlerinde bolan, ýa-da elektron resminamalaryň standart däl ulgamlaryny ulanýan döwlet edaralaryna resminamalaryň elektron alyş-çalşygyny ýaýratmaga synanyşýarlar.

**Arhiwleri dolandyrmak ulgamlary.** Arhiwleriň we ýazgylaryň Milli Gullugy arhiwleri ulgamlaşdyrmak we dolandyrmak üçin 1999-njy ýylda Arhiwleri

dolandyrmak barada kanun işläp düzdi. Arhiwleri dolandyrmagyň Milli ulgamlary maglumatlary dolandyrmagyň ulgamlaryny kabul etmek bilen döredildiler. Çözüwleri kabul etmegiň ähli proseslerini we biznes-prosesleri, hem-de bolsa netijäni almaga gönükdirilen resminamalary dolandyrýan biznesi dolandyrmak ulgamlary 2005-nji ýylda işlenilip düzüldiler. Şol ýylda hem biznesi dolandyrmagy gurşap alýan maglumatlary dolandyrmak ulgamyny kämilleşdirmegiň gerekligini hasaba almak bilen, "Arhiwleri we ýazgylary dolandyrmak ulgamlaryny kämilleşdirmek üçin informasiýany dolandyrmak boýunça strategiýany meýilnamalaşdyrmak" taslamasy işe goýberildi.

Arhiwleri we ýazgylary dolandyrmak ulgamy döredilenden soňra, degişli edaralar bilen maslahatlaşmalaryň kömegi bilen, resmi taýdan standart yglan ediler. Arhiwleriň we ýazgylaryň Milli Gullugy arhiwleri we ýazgylary dolandyrmagyň merkezi ulgamyny döretmek boýunça taslamany parallellikde amala aşyrar.

Bilim beriş informasion ulgamy we elektron okadylyş[33]

2002-nji ýylda Koreýa Respublikasynda mekdepleri informatizirlemek syýasatynyň çäklerinde her mugallyma mekdeplerde ulanmak üçin hususy kompýuter berildi, hem-de her 8 okuwça bir hususy kompýuter bölünip berildi. Hem-de ýurduň ähli 10064 mekdeplerine (222146 klas) mekdep hyzmat beriş serişdelerini we Internede elýeterliligi üpjün ediji ýerli torlary gowulandyrmak üçin enjamlar berildi.

Emma degişli edaralaryň arasynda informasiýanyň alyş-çalşygynda netijeliligi gazanmaga ýetmek başartmady, sebäbi bilim beriş edaralary informatizirlemek bilen aýratynlykda meşgul boldular we administratiw işlerde umumy standart ýokdy.

Soňluk bilen, dürli okuw jaýlarynda we funksional birliklerde informatizirlemegiň resurslaryny birleşdirmek we integrirlemek üçin bilim beriş edaralarynyň kompýuterleşdirilmegi Koreýa Respublikasynyň elektron hökümetiniň esasy sütünleriniň biri hökmünde kesgitlenildi. Bilimi informatizirlemegiň maksatlary öz içine alýarlar: a) administratiw netijeliligi ýokarlandyrmak üçin esasy gurmak; b) mekdepleri, welaýatlaryň we paýtagtyň bilim beriş edaralaryny, hem-de bolsa Bilim we adam resurslaryny ösdürmek Ministrligini birikdirýän informasion torlaryň kömegi bilen informasiýanyň alyş-

---

[33] Bu bölümçe şu işden alyndy: Milli Kompýuterleşdirmek Agentligi, Koreýada e-Hökümet (2002) http://unpan1.un.org/intradoc/groups/public/documents/APCITY/UNPAN023903.pdf we http://unpan1.un.org/intradoc/groups/public/documents/APCITY/UNPAN023904.pdf

çalşygyna hemaýat bermek;  w) adamlaryň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin administratiw hyzmat berşi kämilleşdirmek.

Surat 18. Koreýa Respublikasynda bilimi sifrleýin umumymilli dolandyryşyň konsepsiýasy

(Çeşme: Kompýuterleşdirmek boýunça Milli Agentlik, Koreýada elektron hökümet (Seul: Kompýuterleşdirmek boýunça Milli Agentlik, 2002), 51, http://unpan1.un.org/intradoc/groups/public/documents/APCITY/UNPAN023903.pdf)




**Umumy bilim beriji mekdepleri dolandyryşyň informasion ulgamy.** Bu ulgam 1997-nji ýylda birinji gezek mekdep mugallymlarynyň we administratiw işgärleriň köp gaýtalanýan, ýüregedüşgünç administratiw işlerini gysgaltmak üçin hödürlenildi. Ol dört sany kiçi ulgamdan ybaratdyr: okuw soraglaryny goldaýan ulgam, okuw maglumatlarynyň aýlaw ulgamy, mekdep dolandyryşyny goldamak ulgamlary we integrirlenen bilim beriş informasion ulgamy.

Birinji ýylyň dowamynda ulgam 168 mekdepde ornaşdyryldy. 1998-nji ýylda ulgam 4251 orta we ýokary mekdeplerde bardy. 2001-nji ýylyň dekabrynda ulgam 1364 başlangyç we orta mekdeplerde (şol sanda 23 döwlet orta we ýokary mekdeplerinde) we 8500 mekdeplerde ornaşdyryldy.

Şäher we welaýat administrasiýalaryndaky mekdep geňeşleri öz MEAÇ (Maglumatlary elektroniki alyş-çalyş — Electronic data interchange) gurnalmagy we işi üçin we býujet/maliýe ulgamlary üçin jogapkärçilik çekdiler. Bu günler MEAÇ ulgamlary 1614 sany şäher we welaýat bilim administrasiýalarynyň 99,9 %-inde ulanylýar.

2000-nji ýylda bilim beriş sektorynda esasy administratiw borçlara (kadrlar resurslaryny we talyplary dolandyrmak) hyzmat bermek üçin Umumymilli bilim beriş administratiw informasion ulgamyny döretmek maksady bilen informasiýany dolandyrmagyň strategiýasyny meýilnamalaşdyrmak amala aşyryldy (ISP). Maksat bilim beriş transaksiýalaryny gaýtadan işlemäge wagty 20-50 göterim azaltmak we kagyz resminamalarynyň göwrümini 30 göterim azaltmak, hem-de bolsa

mugallymlaryň işiniň öndürijiligini 25 göterim artdyrmak boldy. Ene-atalar üçin bahalar goýlan tabelleri, hasaba alynmak we ýurtda okuw jaýyny tamamlandygy barada şahadatnamalary almak has ýeňil bolmalydy. Giň jemgyýetçiligiň agzalary öz mekdep maglumatlaryna Internediň üsti bilen elýeterlilik almalydyrlar, bu mekdep we öý bilen arada özara bilelikdäki hereketiň nokady bolup gulluk eder.

**Mekdep ýerli tory (LAN) we Internete elýeterlilik** – IKT-i bilimde ulanmak. IKT-i başlangyç we orta mekdeplerde ulanmak boýunça toplumlaýyn meýilnama (1997-2002-nji ýyllar) başlangyç we orta mekdeplerde IKT oblastynda sowatlylyk, bilimlere esaslanan 21-nji asyryň informasion jemgyýetinde adamlaryň döredijilik resurslaryny ösdürmekde aýrylmaz bölek hökmünde seredilýär. Şonuň üçin, umumymilli bilim beriş informasion ulgamy döredilenden soňra, mekdep ýerli torlaryny gurmak amala aşyryldy we ýurt boýunça 10 000 mekdebe Internede elýeterlilik berildi.

1997-nji ýylda 346 mekdepde ýerli torlary gurmak (ähli mekdepleriň 3,6 göterimi), 1999-njy ýylda – 4902 mekdepde (42,8 göterim) we 2000-nji ýylda 10064 mekdepde (100 göterim) tamamlandy, bu meýilnamalaşdyrylmakdan iki ýyl öň bolup geçdi. Internede elýeterliligi bermek hem möhletinden öň tamamlanyldy. 2000-nji ýylyň iýulynda Bilim we adam resurslaryny ösdürmek Ministrligi, Informasiýa we kommunikasiýa Ministrligi we Koreýa-Telekom Internede birikdirilmegi üpjün etmek üçin maliýe goldawyny berdiler. Bu gün Koreýa Respublikasynyň ähli mekdepleri milli informasion supermagistrala (Nationwide Information Superhighway - Pubnet) ýa-da Koreýanyň Bilim beriş toruna birikdirildiler.

Başlangyç we orta mekdeplerde IKT-i ulanmak boýunça Toplumlaýyn meýilnamanyň 2002-nji ýylda başlanan ikinji fazasy toruň goýberijilik ukybyny iň bolmanda 2 Mbit/s çenli artdyrmagyň hasabyna IKT-iň mekdep infrastrukturasyny gowulandyrmaga gönükdirilendir. Bu bir hususy kompýutere öwrenijileriň-talyplaryň düşýän sanyny hem azaldar, multimediýa enjamlaryny çalşar we gorap saklar.

Başlangyç we orta mekdeplerde kompýuter laboratoriýalaryny guramak öwrediji gurşawy döretdi, onda öwrenijiler özbaşdak okamak ukyplaryny ösdürip bilerler. Koreýa Respublikasynyň hemme ýerleri boýunça 340 000 mugallymlara berlen hususy kompýuterler olara multimediýany we Internedi öz sapaklarynda ulanmak mümkinçiligini berdi, hem-de olary mekdepleri informatizirlemäge işeňňir gatnaşmaga höweslendirdiler. Bilimde, ýokary kär derejeli adam resurslaryny taýýarlamakda, okuw-usulyýet materiallaryny işläp düzmekde we ýaýratmakda IKT-i ulanmagy höweslendirmek üçin fiziki esas goýlupdy.

**Elektron okadylyş.** 2006-njy ýylda resmi bilim beriş edaralaryny, döwlet we jemgyýetçilik institutlaryny, ýuridiki we fiziki şahslary elektron okadylyşa çykdajylar 1,6133 trillion koreý wonuny düzdüler, bu 2005-nji ýyldaky elektron okadylyşa çykdajydan (1,4526 trillion won) 11,1-göterim artmaklygy düzýär. 2005-nji ýyla çenli Koreýa Respublikasynda elektron okadylyşa isleg, esasan, hususy adamlardan gelip çykýardy. 2006-njy ýylda biznes-gurşawda elektron okadylyşa isleg hususy adamlaryňkydan ýokary bolup çykdy. Ondan başga, islegiň artmagyny sektorlar boýunça bölmeklik iň uly ösüşi döwlet we jemgyýetçilik institutlarynda 45,7 göterim görkezýär, ondan soňra 42,3 göterim artmaklyk bilen resmi bilim beriş edaralary barýarlar.[34]

Tablisa 6. Koreýa Respublikasynda elektron okadylyşyň bazarynyň paýy

| **Isleg sektory** | **e-Okadylyşa çykdajylar (Koreýa Respublikasynyň wony, KRW 1 million)** | | | **Öňki ýyla görä artmagyň derejesi (%)** |
|---|---|---|---|---|
| | **2004** | **2005** | **2006** | |
| Formal bilim beriş edaralary | 13,243 | 18,424 | 26,220 | 42.3 |
| Hökümet we Jemgyýetçilik Institutlary | 83,105 | 94,418 | 137,574 | 45.7 |
| Bisnes | 527,291 | 668,169 | 752,286 | 12.6 |
| Hususy adamlar | 668,996 | 671,509 | 697,227 | 3.8 |
| Jemi: | 1,292,635 | 1,452,520 | 1,613,307 | 11.1 |

Çeşme: *Informasion jemgyýet boýunça Milli Agentlik, 2007, Informatizasiýanyň Ak Kagyzy: Koreýa Respublikasy* (2007), 44, http://www.nia.or.kr/open_content/board/fileDownload.jsp?tn=PU_0000100&id=53922&seq=1&fl=7.

Koreýa Respublikasynda elektron okadylyş üznüksiz okadylyş ýörelgesine esaslanýar, ol öz içine aşakdakylary alýar:

[34] Milli Informasiýa Jemgyýetiniň Agentligi, 2007, Informatizirlemegiň Ak Kagyzy: Koreýa Respublikasy (2007), 44 (National Information Society Agency, 2007 Informatization White Paper: Republic of Korea (2007), 44, http://www.nia.or.kr/open_content/board/fileDownload.jsp?tn=PU_0000100&id=53922&seq=1&fl=7.

1. Hemme ýerde, islendik wagtda we her kime  elýeterli okadylyş ulgamyny torda gurmak.

Hökümet Koreýa Respublikasynda dürli mekdepleri tora birikdirmek bilen, real wagtda klaslary ornaşdyrmagyň ýoly bilen, döwlet biliminiň hilini gowulandyrmagy tama edýär. Internet we sifrleýin telewideniýe ýaly dürli usullaryň kömegi bilen hökümet “öýde interaktiw okamagy” höweslendirmegi meýilnamalaşdyrýar, bu mekdep bilen öýüň arasynda sifrleýin okuw materiallarynyň alyş-çalyş mümkinçiligini üpjün eder.

2. Döwlet biliminiň hilini ýokarlandyrmak üçin multimediýany ulanmak bilen okatmak usullarynyň diwersifikasiýasy

2006-njy ýyla Koreýanyň hökümeti HK-talyp gatnaşygyny 1 HK-e bäşden köp bolmadyk talyp möçberinde gazanmagy we Internetde maglumatlary geçirmegiň tizligini sekuntda 2 megabitden az bolmadyga çenli artdyrmagy maksat edip goýdy. Bu zatlaryň mugallymlary sapak bermegiň we okatmagyň hilini gowulandyrmak üçin multimediýa serişdelerini işeňňir ulanmagyna  iteklär diýlip garaşylýar.

3. Sifrleýin informasion mazmuny işläp düzmek, aýratyn hem torda okatmagy gowulandyrmak boýunça bilim beriş maksatlary üçin.

Koreýanyň hökümeti okadyjy programma üpjünçiligini işläp düzmek we okuw kitaplaryny sifrleýin görnüşe geçirmek ýoly bilen multimediýa gurşawyny döretmeklige gönükdirilendir.  Gepleşikler beriji kompaniýalar, muzeýler, uniwersitetler we üznüksiz bilim merkezlerinden sifrleýin filmler we fotosuratlar ýaly dürli bilim beriş materiallaryny alyş-çalyş ulgamyny döretmek boýunça meýilnama hem bar.

4. Beýleki YHÖG-nyň agza ýurtlarynyň derejesine ýetmek üçin torda okatmak mümkinçiliklerini giňeltmegiň hasabyna üznüksiz okadyş ulgamyna uly ýaşlylaryň gatnaşmagyny giňeltmek.

Internet we sifrleýin telewideniýe ýaly dürli usullaryň kömegi bilen Koreýanyň hökümeti wagt we ýeri boýunça çäklendirilmesiz bahalary-kreditleri bermek üçin wirtual uniwersitetleriň ulgamyny giňeltmegi we has netijeli etmegi göz öňünde tutýar.   Hökümet distansion okadylyş we hünärment taýýarlygynyň maksatnamalary üçin resmi kreditleri bermegiň ýoly bilen kredit bermek ulgamyny has netijeli eder.

5. Ähli derejelerdäki işgärler üçin tutuş ömrüň dowamynda okamak mümkinçiliklerini giňeltmek üçin has praktiki ýa-da amaly çemeleşmäni kabul etmek.

Döwletiň wezipeli şahslaryna “gündelik okamak ulgamynyň” bölegi hökmünde onlaýn bilim beriş maksatnamalary hödürlenilerler. “Informasiýa eýe bolmadyklar” “sosial bilim beriş torunyň” üsti bilen okamak üçin mümkinçilik bilen üpjün edilerler. Başlangyç we orta mekdepleri, hususy institutlary, üznüksiz okadylyşyň ýerli merkezleri we işli bolmagyň informasion ulgamyny öz içine alýan okatmagyň umumymilli tory ähli raýatlar üçin üznüksiz okamak mümkinçiligini goldamak we hemaýat bermek maksatlary üçin gurlar.

### Amaly gönükme

Siziň hökümetiňiz tarapyndan IKT-i bilim ulgamyna integrirlemek boýunça kabul edilýän islendik tagallalary beýan ediň. Taslamanyň maksatlary haýsylar? Taslama durmuşa geçirilende nähili problemalar ýüze çykdylar, olary haýsy görnüşde çözmek mümkin?

## 3.4 Elektron hökümetiň infrastrukturasy

Öňki bölümde aýratyn edaralar ýa-da aýratyn ministrlikleriň derejesinde işlenilip düzülip bilinjek IKT goşundylary ara alnyp maslahatlaşyldy. Bu goşundylaryň toplumlaýyn döwlet hyzmatlaryny bermek maksatlary bilen birleşdirilmelidigini bellemek möhümdir. Şunuň bilen baglanyşyklykda bu bölüm aşakdakylara sereder:

- Maglumatlaryň toplumlaýyn döwlet hasaplaýyş merkezi
- Elektron hökümetiň standartlaşdyrylmagy
- Elektron hökümetiň umumy gulluklary
- Elektron jemgyýetçilik merkezleri

Hasaplamalaryň we informasion resurslaryň Milli administratiw merkezi[35]

Koreýa Respublikasynyň Hasaplamalaryň we informasion resurslaryň Milli administratiw merkezi (National Computing and Information Resources Administration Center) geçmişde dürli döwlet edaralary tarapyndan dolandyrylýan informasion resurslaryň, informasion ulgamlary we adam resurslaryny hem öz içine almak bilen, milli ätiýaç ulgamy hökmünde gurlupdy (surat 19). Bu taslama netijeliligi ýokarlandyrmak maksatlary bilen resurslary bilelikde ulanmagy höweslendirmäge gönükdirilendir, şol bir wagtda bolsa, ulgamyň näsazlygy ýagdaýlarynda ätiýaç nusgalamak ulgamy hökmünde hem çykyş edýändir.

Merkez 1 we Merkez 2 döwlet edaralarynyň 48-si üçin toplumlaýyn informasion ulgamy dolandyrýarlar. Birinji merkez 2005-nji ýylyň oktýabrynda Tejon (Daejeon) şäherinde guruldy; ol 24 döwlet edaralarynyň, şol sanda MOGAHA-nyň informasion ulgamyny özünde saklaýar. Ikinji merkez 2007-nji ýylyň iýulynda Kwanju (Gwangju) şäherinde tamamlandy; ol galan 24 edaralaryň informasion ulgamyny özünde saklaýar.

Surat 19. Dolandyryşyň toplumlaýyn ulgamyny döretmek ýolunda
(Çeşme: So Bong Ýu, Koreýanyň elektron hökümeti:
Biz ony nähili işläp düzüpdik : (KADO prezentasiýasy), 23,
https://www.kado.or.kr/koil/bbs/board_view.asp?config_code=362&offset=0&board_code=3246)




35 Bu bölümçe şu işden alyndy: Informatizirlemek Strategiýasynyň Ofisi, *Koreýanyň e-hökümeti* (Seul: MOPAS, 2007), 30.

Toplumlaýyn hasaplaýyş merkeziniň arhitekturasy

Toplumlaýyn IT-arhitektura 4 esasy oblasty gurşap alýar: a) toplumlaýyn dolandyryş, ol IT-resurslardan, serwis operasiýalaryndan we howpsuzlygy üpjün etmek boýunça müdiriýetden durýar; b) torlaýyn enjamlar, ätiýaçlyk saklanyşy we howpsuzlyk ulgamy üçin infrastruktura; w) her oblast üçin inžener-tehnolog (adam resurslary), şol sanda, amaly goşundylar, maglumatlar bazalary, apparat serişdeleri we torlar; g) her oblast üçin tehniki goldaw we administratiw hyzmat gulluklarynyň üsti bilen goldaw.

Elektron hökümetiň operasiýalarynyň howpsuzlygy we durnuklylygy dünýä derejesindäki dolandyryş ulgamlary we standartlaşdyrylan hünärment gulluklarynyň işi bilen üpjün edilýär. Hakykatda, Koreýa Respublikasynyň elektron hökümeti döwlet sektorynyň dünýäde ISO 2000 şahadatnamasyny alan birinji guramasy boldy.

Ulgamy ekspluatirlemek bökdençlikleriň öňüni almak maksady bilen periodiki barlaglaryň hasabyna berkidilýär. Professional işgärler düzümi ulgamyň bozulmalaryna reaksiýa bermäge elmydama taýýar. Ondan başga-da, haker hüjümleriniň imitasiýasy, gowşak goralýan ýerleri gözlemek, dolandyryşyň krizis toparynyň işi bilen howpsuzlyk periodiki berkidilýär.

Yzygiderlilik esasy ulgamlaryň maglumatlary üstünlikli geçirmeginiň hasabyna üpjün edilýär, ol ulgamlar: elektron gümrükhana resmilendiriliş ulgamlary, raýatlaryň petisiýalary elektron beriş ulgamlary, rezidentleriň gullukdan aýrylmazdan hasaba alnyş ulgamlary.

Surat 20. Döwlet toplumlaýyn hasaplaýyş merkeziniň arhitekturasy (Çeşme: So Bong Ýu, Koreýanyň elektron hökümeti: Biz ony nähili işläp düzüpdik : (KADO prezentasiýasy), 17, https://www.kado.or.kr/koil/bbs/board_view.asp?config_code=362&offset=0&board_code=3246)




Elektron hökümetiň standartlaşdyrylmagy

Koreýa Respublikasynda, informatizirlemegi ösdürmek baradaky kanunyň 2-nji maddasynda görkezilişi ýaly, elektron hökümeti standartlaşdyrmak döwlet edaralarynda administratiw işi netijeli ýerine ýetirmäge ýa-da IKT-i ulanmak bilen raýatlar üçin netijeli hyzmatlary bermäge mümkinçilik berýän prosesleri öz içine alýar. Bu soňra biznesi, administratiw işi, edaralaryň arasynda biznes-netijeliligi we raýatlara hyzmat bermegiň netijeliligini informatizirlemek prosesleriniň standartlaşdyrylmagyna geçip biler. Informatizirlemek elementleri bilen bilelikde – ýagny menejment, şol sanda strategiýalar, maýa goýum/öndürijilik we guramaçylyk menejmenti; biznes-prosesler; informasiýany we informatizirlemegi meýilnamalaşdyrmak, hem-de bolsa býujeti düzmek; durmuşa geçirmek; bahalandyrmak we audit prosesleri — standartlaşdyrmagyň has giňedilen sanawy döredilip bilner.

Elektron hökümeti standartlaşdyrmakdan garaşylýan artykmaçlyklar ýokarlandyrylan ylalaşyklyk we netijelilik bolup durýarlar, sebäbi taslamalar aýratynlykda däl-de, toplumlaýyn amala aşyrylarlar, hem-de bitewi ýolbaşçylyk ýörelgeleriniň, hem-de bolsa hili dolandyrmak ýoly bilen çykdajylary azaltmagyň üsti bilen, ulgamlaryň arasynda gaýtalanýan we oňaýly ulanmagyň giňelmegi. Germaniýa, meselem, öz her ýylky ykdysady ösüşiniň bir göterimden köpüsine (öz ykdysady ösüş depgininiň üçden birine) standartlaşdyrylmagyň hasabyna ýetilmegine garaşýar, şunluk bilen elektron hökümetiň standartlaşdyrylmagynyň prosesleriň ýöne innowasiýasyndan başga has köp zatlara ýetip biljekdigini görkezýär.

Derňewleriň prosesinde Koreýanyň elektron hökümetiniň 2005-nji ýylda işlenilip düzülen esaslary (framework) informatizirlemek prosesiniň köpsanly bölekleýin elementlerini sistematiki birleşdirýär. Meýilnamalaşdyrmak,

taslamalaşdyrmak, maliýeleşdirmek, iş, bahalandyrmak we informatizirlemeklige gözegçilik ýaly ugurlar, biznes-prosesleri we aýratyn edaralary dolandyrmak bilen bir hatarda umumy standartlaşdyrmakdan bähbit alyp bilerler, ony bolsa bu esaslar durmuşa geçirýärler.

Standartlaşdyrmak boýunça MOGAHA-nyň işleri 1990-njy ýyllaryň informatizirlemek prosesleriniň ýolbaşçylygy bilen bilelikde amala aşyryldy. MOGAHA sistematiki usulda administratiw kodlary belgiledi, degişli ýüztutmalar ulgamy bilen maglumatlaryň modelini girizdi, hem-de spesifikasiýalaryň standartlaşdyrylmagyny, aýratyn hem HK ýaly aýratyn informasion ulgamlar üçin öňe sürdi. Standartlaryň umumy administratiw kodlary döredildi, 2005-nji ýylyň ýanwaryna çenli kodlaryň 211 görnüşi standartlaşdyryldy.

Ondan başga-da, 1987-nji ýylda köp wezipeli ofis enjamlary, olaryň iki ýyllyk esasda, hemişe täzeden seredilmek mümkinçiligi bilen standartlaşdyryldylar. Şeýle bolsa-da, bu tagallalar, 2001-nji ýylda elektron hökümetiň döredilen 11 esasy ýörelgeleri üçin ýeterlik bolmadylar. Elektron resminamalar ulgamlaryny standartlaşdyrmagyň birnäçe synanyşyklary edildi, emma döwlet edaralarynda informatizirlemegiň ähli prosesiniň standartlaşdyrylmagy işgärler düzüminiň ýetmezçiligi sebäpli tamamlanyp bilinmedi.

Elektron hökümet baradaky kanuna laýyklykda elektron hökümetiň standartlaşdyrylmagyny çaltlaşdyrmak üçin MOGAHA informasion resurslary dolandyrmak taslamasyndan standartlaşdyrmak prosesini aýyrdy. Aýratyn üns administratiw standartlaryň kodlaryna, köp wezipeli ofis enjamlaryna we elektron resminamalara berildi, hem-de häzirki wagtda maglumatlaryň administratiw bazalarynyň ählumumy standartlaşdyrylmagy boýunça ýolbaşçylyk ýörelgeleri işlenilip düzülýärler.

Standartlaşdyrylan koda ýetmek üçin informasiýa her aýratyn edaranyň administratiw kodlarynyň prioritetligi tertibinde ýygnalýar. Kodlary konsolidirlemegiň tapgyrlaýyn meýilnamasy bar: kodlaryň 10 göterimi 2006-njy ýylda birleşdirilmeli, 60 göterimi – 2007-nji ýylda we 30 göterimi – 2008-nji ýylda.

Ondan başga-da, 1990-njy ýylda döredilen standartlaşdyrylan administratiw kody derňemek we gowulandyrmak meýilnamalary bar, ony standart administratiw kody döretmek üçin esas hökmünde ulanmak islenilýär. Bu tagallalary goldamak üçin 2006-njy ýylyň ýanwarynda maglumatlar bazalarynyň garalama warianty döredildi, ol şol ýylyň maýynda 57 sany merkezi döwlet edaralarynyň informatizirlemek üçin jogapkär wekilleriniň duşuşygynda tamamlanyldy. Häzirki wagtda administratiw informasion maglumatlar bazasy 14 döwlet edarasy tarapyndan ulanylýar.

Elektron hökümetiň umumy gulluklary[36]

Elektron hökümetiň umumy gulluklary döwlet edaralarynyň arasynda ýaýradylyp bilinýän, biznes-kategoriýalara we ulgamlara laýyklykda ulanylyp bilinýän informasion resurslar bolup durýarlar. Olar öz içine şular ýaly umumy administratiw biznes-ulgamlary alýarlar: adam resurslary, buhgalter hasaby, logistika we maliýe, ulgamlaýyn programma üpjünçiligi (operasion ulgamlar, maglumatlar bazalaryny dolandyrmak ulgamlary) we enjamlar (serwerler we torlaýyn enjamlar). Bu umumy gulluklar, esasan, dürli müdiriýetlerde talap edilýän uly bolmadyk programmalardan ýa-da infrastruktura ulgamlaryndan durýarlar.

2004-nji ýylda Koreýa Respublikasynyň Prezidentiniň innowasiýalar we döwlet dolandyryşyny merkezleşdirmekden aýyrmak boýunça komiteti 15 sany umumy gullugy teklip etdi (seret, Tablisa 7), olardan dokuz sanysy G2C taslamalarynyň çäklerinde aýratynlykda işlenilip düzüldiler. 2005-nji ýylyň noýabryndan başlap bu gulluklar her döwlet edarasynda ornaşdyryldylar, hem-de häzirki wagtda olar 11 sany dürli edaralarda 18 ulgamlarda işleýärler. 7-nji tablisada görkezilişi ýaly prioritet hyzmatlar bolup durýarlar: raýatlara hyzmat bermek boýunça maglumat, resminamalary we ýüztutmalaryň görnüşlerini bermek, ulanyjylaryň kataloglary, integrirlenen autentifikasiýa, ulanyjylaryň identifikasiýasy, elektron tölegler, Internet-hasaba alyş gullugy we ykjam SMS. Käbir umumy gulluklar tygşytlylyk üçin däl-de, ulanyjylara oňaýlylyk üçin işlenilip düzüldiler.

Tablisa 7. Koreýa Respublikasynyň elektron hökümetiniň öňe sürülýän umumy gulluklary

| **Ugur** | **Teklip edilýän Hyzmat** | | **Gurama** |
|---|---|---|---|
| Raýat Gulluklary | Prioritetlik | Raýatlara Hyzmat Informasiýasy | MOGAHA |
| | | Raýatlara resminamalary bermek | |
| | | Raýatlaryň Ýüztutma görnüşleri | |
| | | e-Tölegler | |
| Paýlaşylýan | | Ulanyjynyň Direktoriýasy (LDAP) | MIC |
| | | Ulanyjynyň Identifikasiýasy (PKI) | |
| | | Integrirlenen Autentikasiýa (SSO) | |
| | | Mobil (SMS) | |

[36] Bu bölümçe şu işden alyndy: NIA, düz., *2006 e-Hökümet üçin ýyllyk Hasabat* (Seul: MOGAHA, 2006),38-39,http://www.nia.or.kr/open_content/common/fileList/fileList.jsp?tn=PU_0000100&id=54651.

| | | |
|---|---|---|
| Gulluklar | Web-hyzmaty hasaba almak (UDDI) | |
| | Web Jaň Merkezi | - |
| | e-Öwrenmek | - |
| | Hökümet Direktoriýasy | - |
| Maliýe/Buhgalter hasaby | Elektroniki Habar bermek/Tölemek, Fondlary Elektroniki Geçirmek | - |
| Biznes prosesi | Informasiýany Ýaýratmak | - |

Çeşme: NIA, düz., 2006, Elektron hökümet boýunça ýyllyk hasabat (Seul: MOGAHA, 2006), 39, http://www.nia.or.kr/open_content/common/fileList/fileList.jsp?tn=PU_0000100&id=54651.

Häzirki wagtda goşmaça hyzmatlary öwrenmek boýunça we bilelikdäki hyzmatlary amala aşyrmak boýunça baş meýilnama taýýarlanylýar.

## Oýlanmak üçin soraglar

Siziň ýurduňyzda döwlet edaralarynyň arasynda haýsy umumy gulluklar bar? Olaryň haýsysyna birinji nobatda üns bermeli? Näme üçin?

Elektron jemgyýetçilik merkezleri

Koreýa Respublikasynyň Informasion oba torunyň taslamasy (INV – Information Network Village) fermer we balyk tutujy hojalyklar ýaly daş etraplarda ýerleşenler üçin Internet-aragatnaşygynyň torlaryny gurmak ýoly bilen ähli ýurduň balansirlenen ösüşine ýetmeklige gönükdirilendir. Maksat sifrleýin üzülmäni ýeňip geçmekden, her öý hojalygy üçin hususy kompýuterleri ýaýratmak we obalarda kompýuter okadylyşyny  bermek ýoly bilen ýerli ykdysadyýetiň janlanmagyndan ybaratdyr.

INV taslamasynyň çäklerinde   bölek obalaryň we şäherleriň arasynda alyş-çalyş ýola goýuldy:  oba köpçüligi özleriniň  ter oba hojalyk önümlerini satmaga mümkinçilik aldylar, şäher ýaşaýjylary bolsa myhman öýleri, lagerler we fermalara ekskursiýalar ýaly tölegli biznes-modelleriň  kömegi bilen oba durmuşyny barlap görmäge mümkinçilik aldylar.

Birinji 25 INV 2002-nji ýylda guruldylar. 2007-nji ýylyň maksady ähli ýurt boýunça 306 INV gurmak boldy.

## Özüňizi barlaň

1. Bu bölümde görkezilişi ýaly ähli döwlet IKT ulgamlaryny birine jemlemek (integrirlemek) möhümdir. Integrirlemek prosesinde nähili ädimler amala aşyrylmaly?
2. Elektron hökümetiň umumy gulluklaryny döretmegiň artykmaçlyklary haýsylar?
3. Elektron ýa-da sifrleýin jemgyýetçilik merkezinde hyzmatlaryň we işleriň haýsy görnüşleri hödürlenilip bilnerler?

## 3.5 Bilimleri dolandyrmak ulgamlary

Biz bilimi dolandyrmagy iki sany esasy aspektli telekeçilik işi hökmünde kesgitläp bileris: 1) biznes işewürligiň bilimler komponentiniň biznesiň açyk görkezilen biynjalygy hökmünde seredilmegini, bu guramanyň ähli derejelerinde strategiýada, syýasatda we tejribelikde şöhlelendirilýär; hem-de 2) guramanyň açyk aňladylan (ýazgylarda), şeýle hem göz öňünde tutulýan (şahsy nou-hau) intellektual aktiwleri bilen oňyn biznes-netijeleriň arasynda göni baglanyşygy üpjün etmek. Tejribeçilikde bilimleri dolandyrmak öz içine guramanyň çäklerinde intellektual aktiwleri ýüze çykarmagy we kartalaşdyrmagy, guramanyň çäklerinde konkurent artykmaçlyklaryna ýetmek üçin täze bilimleri almagy, korporatiw informasiýanyň ägirt göwrümine elýeterliligi bermegi, hem-de bolsa öňdebaryjy tejribäni we tehnologiýalary alşyp-çalyşmagy alýar, bu bilelikdäki iş we Intranet üçin goşundylary hem öz içine almak bilen, ähli ýokarda sanalanlary mümkin edýär.[37]

Bilimleri dolandyrmak şu ýörelgelere esaslanýar:

- Bilim strategiki aktiw bolup durýar.
- Bilim – dolandyrylmaly resursdyr. Şeýlelikde, bilimler zerur wagtda berilmelidirler, gerekli ýerde ýerleşdirilmelidirler, gerekli görnüşde hödürlenilmelidirler, hil talaplaryny kanagatlandyrmalydyrlar, hem-de biznes-proseslerde ulanmak üçin minimal mümkin bolan çykdajylarda alynmalydyrlar.

---

[37] Joo-Haýeng Ço, “KMS-e giriş” (prezentasiýa, 2007) (Joo-Haeng Choo, “Introduction to KMS” (presentation, 2007)), https://www.kado.or.kr/koil/bbs/board_download.asp?board_code=1567&bfile=2.

- Bilimler özbaşyna ähmiýetsizdirler, bilimler haçan-da olar effektiw hereketlere we netijelere getiren wagtlarynda ähmiýetlidirler.
- Adamyň aňynyň eýe bolan we peýdalanýan informasiýasy bilim bolup durýar. Bu informasiýa dürli düşünmeklige we herekete getirip biler: dürli indiwidiumlar tarapyndan, dürli guramaçylyk kontekstlerinde, dürli wagtda.

Bilimler açyk ýa-da göz öňünde tutulýan bolup bilerler. Bilimleri dolandyrmak oblastynda birinji ädim 5 W bilmekdir:

- Näme (What)
- Kim (Who)
- Näme üçin (Why)
- Haçan (When)
- Nirede (Where)

Tablisa 8. Maglumatlaryň, informasiýanyň we bilimleriň arasynda deňeşdirmek

| | **Maglumatlar** | **Informasiýa** | **Bilimler** |
|---|---|---|---|
| **Mazmun** | Wakalar | Tendensiýalar | Ekspertiza |
| **Görnüş** | Transaksiýalar | Şablonlar | Okatmaklyk |
| **Mesele** | Hödürlemek | Manipulýasiýalar | Kodifikasiýa |
| **Adamyň roly** | Syn etmek | Çözüw | Tejribe |
| **Maksat** | Awtomatlaşdyrmak | Çözüwi kabul etmek | Hereket |
| **Netije** | Gurluşyk blogy | Kesgitsizligi azaltmak | Täze düşüniş |

Çeşme: Bilimleri dolandyrmak boýunça kursuň moduly, Elektron hökümet boýunça maslahat berijiniň kursy (KADO, 2003).

Bilimler oblastynda üstünligiň faktorlary bolup durýarlar:

- Ykdysady görkezijiler ýa-da pudaklaýyn ululyklar bilen baglanyşyk
- Tehniki we guramaçylyk infrastrukturalary
- Bilimleriň standart we çeýe strukturasy
- Bilimlere dostlukly garaýan medeniýet
- Anyk maksatlar we dil
- Motiwasion tejribelikde üýtgemeler
- Bilimleri geçirmek üçin birnäçe kanallary goldamak
- Ýolbaşçylygyň goldawy[38]

[38] Şol ýerde

Bilimleri dolandyrmak strategiýasy öz içine şu ädimleri alýar:

1. Haýsy bilimleriň gymmatlyk bolup durýandygyna düşünmek.
2. Bilimleri döretmeklige we netijeli ulanmaklyga maýa goýmak.
3. Üstünlige ýetmek üçin bilimleriň kapitalynyň gymmatlydygyny ykrar etmek.
4. Bilimleri olara goşant goşup ýa-da ulanyp biljek ähli adamlar üçin elýeterli etmek.
5. Ýokary ýolbaşçylygyň borçnamalaryny we ýolbaşçylygyny üpjün etmek.
6. Bilimleriň aktiwi artar ýaly atmosferany döretmek.
7. Bilimlere strategiki aktiw hökmünde seretmek.[39]

## Koreýa Respublikasynda bilimleri dolandyrmagyň elektron ulgamy

Koreýa hökümetinde milli strategiki dolandyryşyň real wagt režiminde işlerini üpjün edýän ulgam iki komponentden durýar: bilimleri dolandyryş ulgamy (KMS – Knowledge Management System) we hökümediň işini dolandyryş ulgamy.

Elektron KMS syýasaty işläp düzmek prosesiniň barşynda teklip edilen dürli ideýalary bellige almagyň we ulanmagyň, soňra bolsa resminamalary elektron dolandyryşyň üsti bilen ýaýratmagyň mümkinçiliklerini berýär, bu çözüwleri netijeli kabul etmäge mümkinçilik berýär.

Elektron KMS şu görnüşde işlenilip düzülipdi:

1. Prezidentiň administrasiýasy toparlaýyn iş üçin birinji programma üpjünçiligini kabul etdi.

2. Sifrleýin ýerine ýetiriji ofisi guramaga ýetmegiň serişdelerini kesgitlemek üçin informasiýany ulanmak boýunça strategiýany meýilnamalaşdyrmak amala aşyryldy.

3. Prezidentiň administrasiýasynyň sifrleýin taslamasy üçin birinji tapgyr hökmünde žurnaly her gün alyp barmaga gönükdirilen tehniki goldawyň elektron gullugy işe goýberildi.

4. Resminamalary dolandyryş ulgamy taslamanyň üçinji tapgyrynyň çäklerinde döredildi.

Prezidentiň administrasiýasy üçin elektron KMS-i ösdürmek bilen informasiýany, resminamalary we meseleleri dolandyrmakda standartlaşdyrmak

[39] Şol ýerde

ýerine ýetirildi. Bütin administratiw proses arhiwleri we bilimleri dolandyrmak ulgamy döredilen badyna dolandyryş ulgamyna integrirlener.

Elektron KMS bilen arhiwler we ýazgylar haýsy hem bolsa bir maglumat ýitirilmezden yzygiderli saklanylyp bilnerler, hem-de syýasy çözüwleri kabul etmek prosesleri ýazylyp we işlenilip düzülýän syýasata anyklaýjy teswirler bilen bir hatarda ulanylyp bilnerler. Ondan başga-da, meňzeş syýasatlar boýunça informasiýa ýeňil elýeterli bolar, bu syýasy çözüwleri kabul etmegiň ylalaşyklydygyny we syýasatda ýalňyşlardan goragy üpjün eder.

Çeşme: Gysgaltmalar bilen alyndy: NIA, düz., 2006, Elektron hökümet boýunça ýyllyk hasabat (Seul: MOGAHA, 2006), 20, http://www.nia.or.kr/open_content/common/fileList/fileList.jsp?tn=PU_0000100&id=54651.

KMS anyk ugurlar üçin, meselem, tebigy betbagtçylyklara garşy göreş üçin döredilip bilner.

## Hindistanda tebigy betbagtçylyklaryň howpuny azaltmak üçin bilimleri dolandyrmak

Hindistanyň Hökümetiniň Içeri işler Ministrliginiň ýanyndaky Tebigy betbagtçylyklaryň töwekgelliklerini dolandyrmak boýunça Milli maksatnama öňdebaryjy döwlet edaralarynyň, syýasaty işläp düzüjileriň, tebigy betbagtçylyklar bilen göreş boýunça menejerleriň we baglanyşykly ugurlardan – maşyn gurluşygy, arhitektura, meýilnamalaşdyrmak, seýsmologiýa, gidrologiýa, oba hojalygy we sosial ylymlary – bolan hünärmenleriň arasynda bilimler toruny döretmeklige gönükdirilendir, bu informasiýanyň alyş-çalşygyna hemaýat bermek we tebigy betbagtçylyklaryň töwekgelligini peseltmek boýunça hyzmatdaşlyk maksatlary üçin edilýär.

Praktiki tejribäni alyş-çalyş etmek boýunça jemgyýetçiligi ösdürmek üçin elektron meýdança döredildi, ol maksatnama boýunça hyzmatdaşlaryň arasynda bilelikdäki herekete goldaw berýär. Ulgam höweslendirmeklige esaslanar we dürli gurallary, çözüwleri kabul etmegi goldamak ulgamlaryny we gyzyklanýan taraplar üçin monitoring ulgamlaryny berer.

Birinji tapgyryň barşynda maksatnama 500 edarany birleşdirer. Soňlukda dürli torlar birleşdirilerler, olar tebigy betbagtçylyklar bilen göreş boýunça döwlet

edaralaryndan durýan döwlet tory we Hindistanyň ähli administratiw okuw jaýlaryndan durýan okuw jaýlarynyň tory ýalylardyrlar.

Maksatnama boýunça hyzmatdaşlar aşakdakylardan durýarlar:

- 35 ştatyň tebigy betbagtçylyklar bilen göreş boýunça döwlet müdiriýetlerinden tebigy betbagtçylyklar bilen göreş boýunça praktiki tejribä eýe bolan hünärmenlerden
- 11 sany milli resurs edaralarynyň (NRI – National Resource Institution) we ähli 35 ştatdan 125 töweregi resurs edaralarynyň gatnaşmagy bilen Seýsmiki töwekgellikleri dolandyrmak boýunça inženerleriň potensiallaryny döretmek boýunça Milli maksatnamadan
- 7 sany NRI-iň we ähli 35 ştatdan 110 töweregi kollejiň gatnaşmagy bilen seýsmiki töwekgellikleri dolandyrmak boýunça arhitektorlaryň potensialyny döretmek boýunça Milli maksatnamadan
- 17 ştatyň 38 şäherinden şäher şertlerinde ýer titremelerinden gowşak goralýanlygy peseltmek maksatnamasyna gatnaşýan praktiki tejribesi bolan hünärmenlerden
- Hindistanyň ähli ştatlarynda IV we V seýsmiki zonalarda ýer titremelerden töwekgelligi peseltmek boýunça milli taslama gatnaşýan praktiki tejribesi bolan hünärmenlerden
- Siklonlaryň zyýanlaryny gowşatmak boýunça milli taslama gatnaşýan praktiki tejribesi bolan hünärmenlerden

Bilimler portaly tebigy betbagtçylyklara garşy göreş bilen baglanyşykly bilimleri ýygnamak ýa-da almak we guramak üçin gurallary bermek bilen tora gatnaşyjylaryň arasynda hyzmatdaşlyga hemaýat berer. Bu gurallar öz içine alýarlar:

- Moderirlenýän elýeterlilik we ony ýeňilleşdirmek
- Programmalaýyn monitoring we usulyýetleri alşyp-çalyşmak üçin gurallar
- Mazmuny merkezleşdirilmekden aýrylan görnüşde dolandyrmak üçin gatnaşyjylaryň iş ýeri
- Kuwwatly gözleg ulgamlary
- Meseleleri çözmek üçin moderirlenýän diskussiýa forumy
- Resminamalary dolandyrmak ulgamy
- Elektron poçta boýunça hat ugratmagyň moderirlenýän tor içindäki toparlary

Bilimleriň tory pikir edilişine görä aşakdakylara getirer:

- Gowy reaksiýa bermeklige
- Tebigy betbagtçylyklar bilen göreş boýunça döwlet müdiriýetlerini goldamak
- Resurslaryň we gulluklaryň has gowy bahalandyrylmagyna
- Ösüş hanasynda integrasiýa
- Başlangyçlaryň netijeli monitoringine
- Tebigy betbagtçylyklar bilen göreş boýunça jemgyýetde adalatly tejribeçiligiň ösüşine hemaýata

Çeşmeler:

Tebigy betbagtçylyklar bilen göreş boýunça Milli bölüm, Tebigy betbagtçylyklaryň töwekgelliklerini peseltmek maksatlary üçin IKT: Hindistanyň tejribesi (Deli: Içeri Işler Ministrligi, 2006), http://www.ndmindia.nic.in/WCDRDOCS/ICT%20for%20Disaster%20Risk%20Reduction.pdf.

Tebigy betbagtçylyklar bilen göreş boýunça Milli bölüm, Tebigy betbagtçylyklaryň töwekgelligini peseltmek boýunça bilimleri dolandyrmak: hindi çemeleşmesi: (Deli: Içeri Işler Ministrligi, 2006), http://www.ndmindia.nic.in/WCDRDOCS/knowledge-manageme.pdf.

### Amaly gönükme

Siziň ýurduňyzda ýa-da sebitiňizde oba hojalyk, tebigy betbagtçylyklaryň zyýanly netijelerini aradan aýyrmak, daş-töwerek gurşawyny goramak ugurlarynda bilimleri dolandyrmak ulgamlarynyň mysallaryny getiriň. Her mysaly bilimleri dolandyrmak oblastynda üstünlik faktorlary nukdaýnazaryndan derňäň.

## 3.6. Saglygy goraýyş we telelukmançylyk üçin goşundylar: saglygy goraýşyň hyzmatlarynyň elýeterliligini ýokarlandyrmak[40]

Elektron saglygy goraýyş, IKT-iň saglygy goraýyş sferasynda ulanylmagy bolmak bilen, soňky birnäçe ýylda tutuş dünýäde çalt ösýär. Elektron saglygy

[40] Bu bölümçe şu işden alyndy: ESCAP öwrenişi, *e-Saglyk Aziýada we Ýuwaş okean sebitinde: Garşylyklar we Mümkinçilikler*, http://www.unescap.org/esid/hds/lastestadd/eHealthReport.pdf.

goraýşyň goşundylarynyň maksady netijeliligi, elýeterliligi, ilatyň durmuşynyň hilini gowulandyrmak üçin hyzmat etmegiň saglyk hasabat astyndalygyny ýokarlandyrmak, lukmanlar we saglygy goraýşyň işgärleri üçin amatly şertleri döretmek bolup durýar.

Elektron saglygy goraýyş kliniki, bilim beriji we administratiw maksatlar üçin, ýerli derejede hem, şeýle-de daş aralykdan hem, elektron görnüşde geçirilen, saklanan we alnan saglygy goraýyşdaky sifrleýin maglumatlary ulanmagy öz içine alýar. Ol maglumatlary geçirmegiň dürli protokollaryny we usullary ulanýar. Ondan başga-da, elektrion saglygy goraýyş öz içine lukmançylyk kömeginiň ähli görnüşlerini we saglygy goraýyş oblastynda hünärmenleri hem alýar (ýagny lukmançylyk we lukmanlar üçin çäklendirmelere eýe däl). 9-njy sahypada elektron saglygy goraýşyň birnäçe mysallary sanalandyrlar.

Tablisa 9. Elektron saglygy goraýşyň mysallary

| Tehnologiýa | Enjamlar we programma üpjünçiligi | Elektron saglygy goraýşyň amaly programmalary |
|---|---|---|
| Distansion monitoring | • Datçikler<br>• Gurallar<br>• Ultrases | • Müşderä öýde Internediň üsti bilen gözegçilik (Telehomecare) |
| Anyklaýyş (Diagnostika) | • Stetoskop<br>• Elektrokardiogramma (EKG)<br>• Rentgen/kompýuter diagnostikasy we lukmançylyk şekillerini derňemek üçin programma üpjünçiligi<br>• Maslahat bermeler | • Müşderä öýde Internediň üsti bilen gözegçilik (Telehomecare) |
| Wideokonferensi-ýalar | • Kameralar (wideokameralar, web-kameralar)<br>• Kompýuterleşdirilen işçi ýerleri<br>• Aragatnaşygyň portatiw serişdeleri we maglumatlary gaýtadan işlemegiň ulgamlary | • Maslahat bermeler<br>• Internediň üsti bilen dermatologlaryň maslahat bermeleri<br>• Internediň üsti bilen psihiki saglyk boýunça maslahat bermeler |
| Sifrleýin | • Gurallar | • Internediň üsti bilen |

| Tehnologiýa | Enjamlar we programma üpjünçiligi | Elektron saglygy goraýşyň amaly programmalary |
|---|---|---|
| wizuallaşdyrmak | • Media (meselem, plýonkalar, kassetalar)<br>• Skanerler/syn edijiler<br>• Sifrleýin kameralar<br>• Masştably wideokameralar | patalogiýa problemalary boýunça maslahat bermeler<br>• Internediň üsti bilen radiologiýa boýunça maslahat bermeler<br>• Internediň üsti bilen diş lukmanlaryň maslahat bermeleri<br>• Internediň üsti bilen dermatologlaryň maslahat bermeleri |
| Informasion tehnologiýalar | • Maglumatlary saklamagyň serwer ulgamlary<br>• Programma üpjünçiligi/informatika<br>• Maglumatlar bazalaryny dolandyrmak ulgamlary<br>• Geoinformasion ulgamlar<br>• Baglanyşdyryjy programma üpjünçiligi | • Elektron lukmançylyk ýazgylary (meselem, müşderileriň informasion ulgamy, keselhanalaryň informasion ulgamy, praktiki tejribeçiligiň umumy informasion ulgamy)<br>• Maglumatlaryň intellektual derňewi, web-portallar<br>• Çözüwleri kabul etmegiň ulgamyny dolandyrmak |
| Saklamak we geçirmek | • Maglumatlar/foto/sesi ýazmak/skanerler<br>• Kompýuterleri/kameralary/mikrofonlary we şekilleri dolandyrmak boýunça programma üpjünçiligi | • Elektron lukmançylyk ýazgylary<br>• Hasabatlaryň generatory |
| Modelirlemek we okatmak | • Grafiki multimedia we programma üpjünçiligi<br>• Audio-wizualizasiýa | • Elektron okadylyş<br>• Okuw maksatnamasy<br>• Konferensiýalar |

Çeşme: Şu işden gaýtadan işlenildi, Dewid Brentli, Karen Laneý-Kammingz, Riçard Spiwak, Telelukmançylykda innowasiýalar, isleg we maýa goýumlar (Fewral, 2004), http://www.technology.gov/reports/TechPolicy/Telehealth/2004Report.pdf.

9-njy sahypadan görnüşi ýaly IKT elektron saglygy goraýşyň dört görnüşli ulgamlarynda ulanylyp bilner:

1. Saglygy goraýşyň ykjam (mobil) ulgamy (Müşderä öýünde Internediň üsti bilen gözegçilik etmek) – lukmançylyk gözegçiligi we bejeriş ykjam telefonyň kömegi bilen syýahat wagtynda ýa-da müşderi daşdaky ýerde bolanda ýerine ýetirilip bilner.
2. Ykjam anyklaýyş ulgamy (Müşderä öýünde Internediň üsti bilen gözegçilik etmek) – müşderiler anyklaýşy we bejerişi ýaşaýyş-durmuş datçikleriniň gibrid ulgamynyň we hereket wagtynda ýaşaýyş-durmuşy derňemegiň ulgamynyň kömegi bilen alýarlar.
3. Öýlerdäki lukmançylyk intellektual enjamlary (Müşderä öýünde Internediň üsti bilen gözegçilik etmek) – müşderileriň saglygynyň ýagdaýy öýlerinde ýa-da gartaşanlar üçin jemgýetçilik merkezlerinde intellektual lukmançylyk enjamlarynyň kömegi bilen derňelip we diagnoz goýlup bilner.
4. Müşderileri dolandyrmagyň toplumlaýyn ulgamy – smartfonlar-kommunikatorlar, ykjam telefonlar, kompýuterler/Internet ýaly enjamlar we we ýöriteleşen enjamlar durmuş-ýaşaýyş ýagdaýynyň maglumatlaryny almak, derňewi geçirmek we diagnostikany ýerine ýetirmek, her müşderini ulgamlaýyn barlamak üçin ulanylyp bilnerler.

Kompetensiýa we elektron saglygy goraýşyň başarnyklary elektron saglygy goraýşy ulanmagyň dört esasy oblastlary babatynda möhüm ähmiýete eýedirler:

**Döwlet saglygy goraýşynyň syýasaty we profilaktikasy:** bu oblast saglyk, daş-töwerek gurşawy barada maglumatlary ýygnamagy we sosial-ykdysady maglumatlary talap edýär, bu saglygy goraýyş oblastynda strategiýany meýilnamalaşdyrmak maksatlary bilen maglumatlaryň intellektual derňewi üçin mümkinçilik berýär.

**Raýatlar üçin informasion hyzmatlar:** bu oblast saglygy goraýşyň soraglary bilen baglanşykly temalar boýunça müşderilere informasiýany bermek boýunça işleri gurşap alýar, olar: gowy saglyk we ýaşaýşyň dogry görnüşi, hünärmeniň kömegi haçan gerek, ony nirede we nähili alyp bolýar.

**Müşderileri toplumlaýyn dolandyrmak we müşderileriň lukmançylyk ýazgylary:** bu saglygy goraýşyň we sosial üpjünçiligiň hünärmenleriniň arasynda informasiýanyň netijeli we howpsuz alyş-çalşygy bilen baglanyşykly işlere, hem-de bolsa müşderileri toplumlaýyn dolandyrmagy goldamagy üpjün etmek üçin gurşawy döretmeklige degişli.

**Internediň üsti bilen penakärligi üpjün etmek (tele-care) we ýaşaýşyň garaşsyz görnüşiniň hyzmatlary:** Internetiň üsti bilen maslahat bermeleri, Internediň üsti bilen müşderä öýünde gözegçilik etmek, durmuş-ýaşaýşyň monitoringi, gartaşan adamlara we mümkinçilikleri çäklendirilen adamlara ýaşaýşyň garaşsyz görnüşini alyp barmaga goldawy berýän beýleki gulluklar.

Elektron saglygy goraýyş üstünlik bilen aşakdakylarda ulanylýar:

1. Ýöriteleşen keselhanalar, hususan-da, käbir ýurtlarda başgaça görnüşde elýeterli bolmadyk ýöriteleşen lukmançylyk tehnologiýalaryny we başarnyklaryny ulanmak üçin (seret, Surat 21).

Surat 21. Ýuwaş okean adalary üçin telewizion maslahat bermeleriň topologiýasy

(Çeşme: Isao Nakajima, "Ösýän ýurtlarda, aýratyn hem Ýuwaş okean sebitinde elektron saglygy goraýşy ulanmaklyga degişli soraglar" (ESKATO-nyň bilermen toparynyň maslahatyndaky çykyş: "Saglygy goraýşyň hyzmatlary pudagynda sebitleýin tendensiýalar we olaryň Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde saglygy goraýyş ulgamyny hödürlemeklige täsirleri", Bangkok, Tailand, 2007-nji ýylyň 9-11-nji oktýabry).



2. Saglygy goraýyş oblastynda tejribeçiligiň hilini we standartlaryny kämilleşdirmek maksatlary bilen üznüksiz bilimi we hünärment ösüşini ýokarlandyrmak maksatlary bilen lukmançylyk işgärler düzümini okatmak. Oňa mysal edip açyk lukmançylyk okatmaklygyň Ýuwaş-okean tory gulluk edip biler, ol Ýuwaş okeanyň ada döwletlerinde lukmançylyk işgärlerine bilimi dowam etmek üçin mümkinçilik berýär.

### Ara goşma 3. Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy elektron saglygy goraýyş barada

Elektron saglygy goraýyş resurslaryň çäkliliginiň problemasynyň çözüwi hökmünde has köp seredilýär, şol bir wagtda bolsa lukmançylyk hyzmat berlişiniň hiliniň gowulandyrylmagyna garaşylýar. Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy (BSGG) saglygy goraýyş ulgamynda telekommunikasiýalary ulanmagy, hususan-da, aşakdakylar üçin maslahat berýär:

- Saglygy goraýyş oblastynda hünärmenleriň ýiti ýetmezçiligi;
- Oba ilaty üçin lukmançylyk kömeginiň ýetmezçiligi (ýa-da ýoklugy);
- Eneleriň ölüminiň we enäniň içindäki ölümleriň ýokary görkezijileri (käbir ýerlerde 30 göterime çenli), bu degişlilikde dogruşlara hyzmat etmegiň degişli derejesiniň we reproduktiw saglygyň hyzmatlarynyň ýetmezçiligi bilen bölekleýin ýüze çykýar;
- Lukman kär derejesi alnandan soňra, aýratyn hem oba ýerlerinde we daşlaşan etraplarda, lukmançylyk žurnallaryna elýeterliligiň çäklendirilendigi ýa-da ýoklugy.

3. Epidemiýa bolup biljek kesellere serhetaşa seretmek, meselem, agyr ýiti respirator sindrom we guş gripi ýagdaýlarynda. Geoinformatikanyň pandemiýalar bilen göreşi netijeli taýýarlamak we meýilnamalaşdyrmak üçin kuwwatly gural bolýandygy halkara guramalary we hökümetler tarapyndan subut edildi. Meselem, BSGG guş gripiniň we beýleki ýokanç keselleriň tiz ýaýramagyny yzarlamak üçin gyssagly habar bermek we reaksiýa bermek boýunça global tory döretdi.

4. Lukmançylyk transkripsiýalary we ýazgylary, onda okadylan adamlar lukmanlar we beýleki lukmançylyk işgärleri tarapyndan aýdylýan lukmançylyk ýazgylaryny täzeden ýazýarlar.

5. Peýdaly täsir koeffisiýenti, hususan-da, dublirlemegi ýa-da ýalňyşlary aradan aýyrmak, wagty tygşytlamak, gidip-gelmelere çykdajylary tygşytlamak,

hem-de bolsa adam we beýleki resurslary has netijeli paýlamak. Netijeleriň effektiwliligi şu faktorlardan emele gelýär:

- Bilimleriň alyş-çalşygyny gowulandyrmak, hem-de bolsa seretmeklik boýunça meýilnamalary dolandyrmak;
- Müşderilere telelukmançylygyň we derman serişdelerini eltip bermegiň üsti bilen göni lukmançylyk kömegi;
- Müşderileriň we lukmanlaryň arasynda interaktiw wideokonferensiýalar ulgamlarynyň üsti bilen aragatnaşygy üpjün etmek, olar müşderilere göni lukmançylyk kömegini bermäge mümkinçilik berýärler, hem-de hroniki kesellerde gözegçilige mümkinçilik berýärler.

6. Keselhanalara we lukmançylyk edaralaryna erkin elýeterliligi bolmadyk daşdaky ýa-da oba ýerleriniň lukmançylyk hyzmatlary bilen territorial gurşalyp alynmagynda aralyklaryň/izolýasiýalaryň  azalmagy. Köp maksatly telemerkezler lukmançylyk-sanitar informasiýasyny hem-de telelukmançylygyň kömegi bilen anyklaýjy lukmançylyk hyzmatlary üçin zerur infrastrukturany bermekde kömek edip bilerler. Saglyk hakyndaky elektron ýazgylar lukmançylyk maglumatyny derrew geçirmäge mümkinçilik berýärler,  bu daşdaky etraplarda bolanlara beýleki ýerlerden bolan hünärmenler bilen maslahatlaşmaga mümkinçilik berýär.

## Oýlanmak üçin soraglar

1. Elektron saglygy goraýşyň haýsy hyzmatlary Siziň ýurduňyzda elýeterli? Olaryň haýsylary obada ýaşaýanlar üçin elýeterli?

2. Ykjam telefonlaryň elektron saglygy goryýşda roly öň haýsy wagtdaka garanyňda has möhüm bolýar. Siziň ýurduňyzda ykjam telefonlaryň kömegi bilen saglygy goraýşyň haýsy hyzmatlary berlip bilnerler?

3. Siz öz ýurduňyzda ýa-da sebitde elektron saglygy goraýyş oblastynda jemgyýetçilik elektron merkezlerini ulanýan  maksatnamalary bilýäňizmi? Bir ýa-da iki maksatnamany beýan ediň.

## 3.7. Tebigy betbagtçylyklar bilen göreş üçin ulanmak: tebigy betbagtçylyklar bilen göreş boýunça toplumlaýyn milli gulluklar[41]

Adatdan daşary ýagdaýlarda dolandyryşyň netijeli milli ulgamy tebigy we adam taraplaýyn döredilen betbagtçylyklaryň täsirlerini minimuma eltmek üçin gerekdir. Koreýa Respublikasynda Adatdan daşary ýagdaýlar boýunça Milli Agentlik täzeden guramaklyga we öwezini dolmaklyga däl-de, tebigy betbagtçylyklaryň netijeleriniň öňüni almaga gönükdirilen dolandyryşa niýetlenilendir. Degişlilikde, Betbagtçylyklar ýagdaýlarynda dolandyryşyň Milli ulgamy döredildi (NDMS – National Disaster Management System), ol 10 sany döwlet edaralarynda, şol sanda, oba hojalyk we tokaý hojalygy ministrligini, deňiz işleri we balykçylyk boýunça ministrligi hem öz içine almak bilen, tebigy betbagtçylyklaryň monitoring ulgamyny işläp düzdi we ornaşdyrdy. NDMS 2006-njy ýylda 71 sany edaralaryň arasynda hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny berkitmek üçin eksperimental esasda tebigy betbagtçylyklar bilen göreşiň hökümetara toruny hem döretdi. Adatdan daşary ýagdaýlar bolanda informasiýany goýbermek prosesleri merkezi edaralaryň arasynda, pudaklaýyn we pudagasty ýerli dolandyryş edaralarynyň arasynda göni aragatnaşyk kanallarynyň diklenilmegi bilen ýönekeýleşdirildiler, onuň netijesinde tebigy betbagtçylyklara we adatdan daşary ýagdaýlara has netijeli reagirlenme alyndy. Gyssagly ýagdaýlarda ulgam awariýa barada habar berenleri ýüze çykarmaga mümkinçilik we olaryň ýerleşýän ýerini hasabat berijiniň identifikasiýasy ulgamynyň kömegi bilen tapmaga mümkinçilik berýär. Bu 2005-nji ýylda adatdan daşary ýagdaýlarda ýalan habarlaryň 1,3 göterim gysgalmagyna getirdi. Hyzmatlar dil problemalary bolanlara, daşary ýurtlulara we gartaşan adamlara ýeňil elýeterlidir. Koreýanyň hemmetaraplaýyn howpsuzlyk Taslamasy 2010-njy ýylda tamamlanandan soňra (u-Safe Korea) tebigy betbagtçylyklar netijesinde 1 million adamdan ölenleriň sany 11,1 adama çenli peseler diýlip garaşylýar, bu häzirki 1 million adamdan 16,5 adam bilen deňeşdireniňde 33 göterim gysgalmak bolup durýar. Emlägi ortaça ýyllyk ýitirmeklik, garaşylyşy ýaly, 8,2 göterim peseler, bu 2010-njy ýyldan 2014-nji ýyllar döwründe ýitgileriň 35 milliard ABŞ dollaryndan hem köp peselmegine mümkinçilik berer.

2004-nji ýylda bolup geçen sunami tebigy betbagtçylyklar ýagdaýynda dolandyrmagyň Sahana atlandyrylan toplumlaýyn ulgamynyň işlenilip düzülmegine getirdi.

[41] Bu bölümçe şu işden alyndy: NIA, düz., *2006 e-Hökümetiň Ýyllyk Hasabaty,* (Seul: MOGAHA, 2006), 23, http://www.nia.or.kr/open_content/common/fileList/fileList.jsp?tn=PU_0000100&id=54651.

## Tebigy betbagtçylyklar ýagdaýynda dolandyrmagyň Sahana ulgamy

Sahana – tebigy betbagtçylyklar bilen göreş boýunça Internet-goşundydyr, ol kömek bermek, dikeldiş we reabilitasiýa boýunça operasiýalaryň barşynda informasiýany dolandyrmak üçin niýetlenilendir, ol Şri-Lankadan bolan IT-meýletinleriň Lankanyň programma üpjünçiligini işläp düzmek Fondy (Lanka Software Foundation) tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän topary tarapyndan işlenilip düzüldi.

Sahana açyk deslapky kodly (FOSS – free and open source software) erkin programma üpjünçiligi esasyndaky goşundy bolup durýar. Bu ähli ulanyjylaryň örän pes baha boýunça programma üpjünçiligini ulanyp, nusgalap, ýaýradyp we üýtgedip biljekdiklerini aňladýar. Bu Aziýa –Ýuwaş okean ýurtlarynyň köpüsi üçin örän wajypdyr. FOSS kesgitli bir ýagdaýlary ýa-da anyk betbagtçylyklary hasaba almak bilen ulgamy üýtgetmäge mümkinçilik hem berýär, bu ulgamy geljekde gaýtadan ulanmak üçin elýeterli edýär we dünýäniň dürli ýurtlaryndan bolan IT-hünärmenlere mundan buýanky ösdürmek üçin açyk edýär (*seret, Modul 4, IKTÖ AÝOM-yň döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin IKT Akademiýasy*).

Sahana ulgamynyň ýadrosy şu garaşsyz modullardan durýar, olar öz aralarynda umumy maglumatlar bazalary bilen baglanyşandyrlar:

- Guramalaryň reýestri – guramalara olaryň kömek bermek boýunça tagallalarda roly boýunça syn edýär we utgaşdyrýar.
- Talaplary dolandyrmak ulgamy – dürli ýerlerden (lagerler, keselhanalar we ş.m.) goldaw barada ähli talaplary hem-de bolsa kömegi üpjün edijilerden berilýän goldawy bellige alýar we yzarlaýar.
- Lagerleriň reýestri – ähli wagtlaýyn lagerleri, gospitallary we tebigy betbagtçylyklaryň pidalarynyň ýerleşýän ýerlerini bellige alýar.
- Adamlaryň reýestri (dereksiz ýiten adamlaryň) – dereksiz ýiten adamlar, göçürilen adamlar ýa-da ölenler, hem-de bolsa garyndaşlaryny gözleýän adamlar, gözlegiň giňeldilen mümkiçilikleri arkaly (şol sanda, fotografiýalar, barmaklaryň yzlary, DNK nusgalary) tapylan ýa-da ýüze çykarylan adamlar barada maglumatlar bazasy.
- Kömegi (meýletinleri) dolandyrmak ulgamy – kömegi bermek barada köpçüligiň öňünde ähli aýdylan wadalaryň (guramalardan, döwlet edaralaryndan, lagerlerden we ş.m.), wadalary ylalaşdyrmak barada tagallalaryň we kömek barada ýüztutmalaryň maglumatlar bazasy.

- Ätiýaçlyklary dolandyrmak – ammarlarda ätiýaçlyklaryň ýerleşen ýerlerini, möçberini we ulanmaga ýaramlylyk möhletlerini gözegçilikde saklaýar.
- Ýagdaýy şöhlelendirmek – çözüwleri kabul etmekde kömek bermek üçin geografiki informasion ulgamda gündelik häzirki ýagdaý barada umumy düşünişi üpjün edýär.

Birnäçe goşmaça modullar hem bar, olar hem ulanylyp bilnerler, şol sanda, meýletinleri utgaşdyrmak ulgamy we ykjam aragatnaşygyň üsti bilen habarnamalary alşyp-çalyşmak.

Sahana Şri-Lankadaky 2004-nji ýyldaky sunami ýagdaýynda hem-de dürli guramalarda Hytaýda, Indoneziýada, Pakistanda, Peruda, Filippinlerde we ABŞ-da tebigy betbagtçylyklarda ulanyldy, has dogrusy:

| | |
|---|---|
| Şri-Lankanyň milli operasiýalar Merkezi, öz web-portalynyň çäklerinde | 2005 |
| Pakistanyň hökümeti, Kaşmirdäki ýer titremesinden soňra | |
| Filippinleriň Hökümeti, Guinsagon ýer süýşmesinden soňra | 2006 |
| Sarvodaya, Şri-Lankadaky hökümete degişli bolmadyk gurama | |
| “Adamlaryň planetasy” (Terre des Hommes), Şri-Lankadaky hökümete degişli bolmadyk gurama | |
| Indoneziýa, Jakartadaky ýer titremesinden soňra | |
| Perudaky ýer titremesinden soňra | 2007 |
| Adatdan daşary ýagdaýlaryň Nýu-Ýork müdiriýeti, ABŞ | |
| Hytaýda Syçuan ýer titremesinden soňra | 2008 |

Sahananyň üznüksiz testden geçirilmegi we ösdürilmegi Ekwadorda, Indoneziýada, Liwanda we Filippinlerde geçirilýär.

Sahana ulgamy barada mundan buýanky maglumatlary, şol sanda, taslama resminamalaryny almak üçin http://www.sahana.lk/ baryp görüň.

Çeşmeler:

Chamindra De Silva, “Gumanitar FOSS: tebigy betbagtçylyklaryň netijelerini aradan aýyrmak boýunça tematiki barlaglar” (Çykyş, ISCRAM 2007, 2007-nji ýylyň 26-27-nji awgusty, Harbin, Hytaý), http://chamindra.googlepages.com/Sahana-Overview-ISCRAM-China-AUG-200.pdf.

Isuru Samaraweera, “Tebigy betbagtçylyklar bilen göreş boýunça we tebigy betbagtçylyklaryň pidalaryny gözegçilige almak boýunça ulgamlar” (Çykyş, Aziýa-Ýuwaş okean torunyň 24-nji giňeldilen maslahaty, 2007-nji ýylyň 27-31-nji awgusty, 27-31-nji awgust, 2007-nji ýyl, Sian, Hytaý), http://www.apan.net/meetings/xian2007/presentations/dm/sahana.ppt.

Mifan Careem, Chamindra De Silva, Ravindra De Silva, Louiqa Raschid we Sanjiva Weerawarana, “Sahana: Tebigy betbagtçylyklaryň netijelerini aradan aýyrmak boýunça ulgama syn”, Informasiýa we awtomatlaşdyrmak soraglary boýunça Halkara konferensiýanyň işleri, (2006-nji ýylyň 15-17-nji dekabry, Kolombo, Şri-Lanka), ftp://ftp.umiacs.umd.edu/pub/louiqa/PUB06/Sahana6.pdf.

Soo Hoe Nah, “Tebigy betbagtçylyklar bilen göreş – Sahana, Şri-Lanka”, päsgelçilikleri ýeňip geçmek: erkin we açyk programma üpjünçiliginiň adam potensialynyň durnukly ösüşi üçin potensialy – Dünýäniň dürli ýurtlaryndan tematiki barlaglaryň umumylaşdyrylmagy (Bangkok, UNDP-APDIP, 2006), 56-63, http://www.apdip.net/publications/ict4d/BreakingBarriers.pdf we http://www.iosn.net/foss/humanitarian/projects/sahana/.

Wikikitap, “Sahana” (Wikimedia fondy), http://en.wikibooks.org/wiki/Sahana.

# JEMLEME

Bu modulda elektron hökümet oblastynda ulgamlary işläp düzmek boýunça şu esasy düşünjeler we ýörelgeler ara alnyp maslahatlaşyldylar:

1. Elektron hökümete döwlet tarapyndan isleg we goldaw zerurdyr. Elektron hökümet raýatlar we biznes tarapyndan ýokary isleg we goldaw bolanda üstünlikli bolar. Ýagdaýlaryň köpüsinde döwlet tarapyndan goldawy almak şu aşakdaky sebäplere görä kynlaşdyrylyp bilner:

a. Örän az sanly adamlar elektron hökümetiň nähili artykmaçlyklary berip biljekdigine düşünýärler.

b. Elektron hökümetiň bar bolan hyzmatlaryny nähili ulanmalydygyny az adam bilýär.

Bu iki problemalary çözmegiň usullarynyň biri elektron hökümetiň goşundylary üçin hakyky ynandyryjy mazmuny işläp düzmekdir. Beýle mazmun IKT- meşhur ulanmaklyga getirip biler, ol G2C we G2B bazarlaryny basyp alar.

2. Köpkanally “bitewi penjire” arkaly elýeterli bolan hökümet has köp meşhur bolar, sebäbi köpkanally çemeleşme elýeterliligiň dürli derejelerini göz öňünde tutýar (meselem, Internediň üsti bilen, elektron poçtany, mobil aragatnaşygy, sifrleýin telewideniýeni), bu raýatlaryň we kompaniýalaryň elektron hökümet oblastynda gatnaşmagy giňeltmeklige itekleýär. Beýle çemeleşme elektron hökümetiň hyzmatlaryny raýatlar üçin has dostlukly edýär.

3. Elektron hökümeti oblastynda köpsanly gyzyklanýan taraplar bar. IKT-iň dürli goşundylary, meselem, şu oblastlarda: hökümet-raýatlara hyzmatlar (G2C), hökümet-biznese hyzmatlar (G2B) we hökümet-hökümete hyzmatlar (G2G), bu gyzyklanýan taraplaryň dürli zerurlyklaryny kanagatlandyrmaga mümkinçilik berýärler.

4. Apparat serişdeleri, torlaýyn infrastruktura, IT-işgärler düzümi we menejment ýaly kompýuter resurslaryny döwlet möçberinde birleşdirmek has uly peýda getirer, şol sanda. Ştatlaryň gysgalmagyny we dolandyryşyň netijeliligini.

5. Elektron hökümeti standartlaşdyrmak oňyn netijelere getirýär, olar ylalaşyklyk, sazlaşyklyk, gaýtadan ulanmaklyk mümkinçiligi we hyzmat etmegiň hili.

6. Elektron hökümet - bu birwagtlaýyn waka ýa-da bir gezeklik çemeleşme däldir, ol uzak möhletleýin ewolýusion prosesdir. Hökümetiň paradigmasy gözegçilikden we dolandyryşdan netijeliligi, aýdyňlygy we innowasiýalar esasynda gatnaşmagy ýokarlandyrmaga süýşýär.

7. Elektron hökümet geljekde häzirkizaman informasion tehnologiýalarynyň ösüşi näçe mümkinçilik berse, şonça-da bitewi we jemleýin hyzmatlar bilen, ygtybarlylygyň we dolandyryşyň aýdyňlygynyň ep-esli ýokarlanmagy bilen häsiýetlendiriler (meselem, ykjam hökümet (m-Government) we hemmetaraplaýyn hökümet (u-Government)).

# GOŞUNDY

## Goşmaça edebiýat


Aziýa-Ýuwaş okean Ösüşiniň Informasion Maksatnamasy. e-Hökümeti öwrenmegiň mysallary. Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy (Asia-Pacific Development Information Programme. e-Government Case Studies. United Nations Development Programme). http://www.apdip.net/projects/e-government/capblg/casestudies.

Aziýa we Ýuwaş okean üçin Ykdysady we Sosial Iş topary. Senesi ýok. *e-Saglyk Aziýada we Ýuwaş okean sebitinde: Garşylyklar we Mümkinçilikler.* Bangkok: Birleşen Milletler (Economic and Social Commission for Asia and the Pacific. undated. *e-Health in Asia and the Pacific: Challenges and Opportunities.* Bangkok: United Nations).
http://www.unescap.org/esid/hds/lastestadd/eHealthReport.pdf.

Holzer Mark we Kim Seang Taýe. 2008. *Dünýäde Munisipalitetlerde Sifrleýin Dolandyryş (2007): Dünýä boýunça Munisipal websaýtlaryň toparlaýyn derňewi.* Nýu-Jersi: Jemgyýetçilik Ýerine ýetirilişleri üçin Milli Merkez
(Holzer, Marc and Kim, Seang-Tae. 2008. *Digital Governance in Municipalities Worldwide (2007): A Longitudinal Assessment of Municipal Websites Throughout the World.* New Jersey: National Center for Public Performance).
http://www.unpan.org/Library/MajorPublications/DigitalGovernanceinMunicipalitiesWorldwide/tabid/804/Default.aspx.

Ösüş Syýasaty we Menejment Instituty. Ösüşiň Informatikasy: Iş Kagyzlary. Mançester Uniwersiteti (Institute for Development Policy and Management. Development Informatics: Working Papers. University of Manchester). http://www.sed.manchester.ac.uk/idpm/research/publications/wp/di/index.htm.

Ösüş Syýasaty we Menejment Instituty. iHökümet – Informasion ulgamlar, Tehnologiýa we Hökümet: Iş kagyzlary. Mançester Uniwersiteti (Institute for Development Policy and Management. iGovernment - Information Systems, Technology and Government: Working Papers. University of Manchester). http://www.sed.manchester.ac.uk/idpm/research/publications/wp/igovernment/index.htm.

Birleşen Milletler. 2008. *Birleşen Milletler Guramasynyň e-Hökümetlere syny 2008: e-Hökümetden Birleşdirilen Dolandyrylyşa*. Nýu-Ýork: Birleşen Milletler. (United Nations. 2008. *United Nations e-Government Survey 2008: From e-Government to Connected Governance.* New York: United Nations). http://unpan1.un.org/intradoc/groups/public/documents/UN/UNPAN028607.pdf.

Wattegama Çanuka. 2007. Betbagtçylyklaryň Menejmentinde IKT. Bangkok: UNDP we Inçeon: UN-APCICT. (Wattegama, Chanuka. 2007. *ICT for Disaster Management.* Bangkok: UNDP and Incheon). UN-APCICT. http://www.apdip.net/publications/iespprimers/eprimer-dm.pdf we http://en.wikibooks.org/wiki/ICT_for_Disaster_Management.

## GLOSSARIÝ

| | |
|---|---|
| Biznes-prosesleriň reinžiniringi | Bölümleriň içinde ýa-da bölümleriň derejeleri arasynda prosesiň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin işiň gidişini täzeden guramak (ýagny işçi prosesde netijesizligi aradan aýyrmak) |
| Hyzmatdaşlygyň telekeçiligi (c-Commerce) | Biznes-model, onda kompaniýa öz ulgamlaryny öz üpjün edijileriniňkiler we hyzmatdaşlarynyňkylar bilen Internediň üsti bilen birleşdirýär. Muňa B2B goşundylaryň artýan sany hemaýat edýär, olar serhetleriň çäklerinden daşda bar bolan üpjün ediliş zynjyrynda, çig materialdan başlap ahyrky önüme çenli, esasy biznes prosesleri awtomatlaşdyrýarlar. |
| Elektron telekeçilik (e-Commerce) | Harytlary we hyzmatlary Internediň üsti bilen satyn almak we satmak |
| Elektron hökümet (e-Government) | Netijeliligi we eltmek prosesini kämilleşdirmek üçin hökümet operasiýalaryny üýtgetmek üçin sifrleýin tehnologiýalary ulanmak |
| Elektron saglygy goraýyş (e-Health) | Saglygy goraýyş sferasynda şäher ýaşaýjylarynyň ýaşaýşynyň hilini gowulandyrmaklyga we lukmanlaryň we saglygy goraýşyň işgärleriniň has öndürijilikli iş gurşawyna gönükdirilen IKT-leri saglygy goraýşyň netijeliligini, elýeterliligini we hasabatlylygyny kämilleşdirmek üçin ulanmak |
| Elektrom okadylyş (e-Learning) | Esasy adalga, okatmagyň görnüşi üçin ulanylýar, onda mugallym we talyp aralyk we wagt bilen bölünendirler, hem-de onda olaryň ikisiniň arasyndaky köpri bolup – onlaýn tehnologiýalar hyzmat edýärler |
| Bazary "basybalyjylar" | Bu tehnologiýany we gullugy ulanmak tehnologiýany we gullugy meşhur we üstünlikli edýärler. Adalgany ulanmak aýratyn ýaýrandyr, haçan-da tehnologiýa uzak wagtlap bar bolanda, emma bazary "basybalyjy" döredilýänçä ulanylmadyk bolsa (http://www.apdip.net/apdipenote/11.pdf). |

| | |
|---|---|
| Bilimleri dolandyrmak | Iki esasy aspektleri bolan biznes-işewürlik:<br>1) biznes işewürligiň bilimler komponentini biznesiň açyk beýan edilişi hökmünde seretmek, ol guramanyň ähli derejelerinde strategiýada, syýasatda we tejribelikde şöhlelenýär;<br>2) guramanyň intellektual fondlarynyň, aýdyň aňladylanlarynyň hem (resminamalaşdyrylanlarynyň) we göz öňünde tutulýanlarynyň hem (hususy nou-hau), şeýle hem oňyn biznes-netijeler arasynda göni baglanyşygy döretmek |
| Mobil hökümet (m-Government) | Hökümetleriň köpüsi ykjam telefonlaryň üsti bilen, SMS we mobil hökümetiň ýörite taslamalaşdyrylan portallaryny ulanyp, şäherliler bilen bilelikdäki herekete gönükdirilen taslamalary durmuşa geçirýärler. Meselem, howpsuzlyga gorky barada SMS howpzus bolmadyk ýurtlarda syýahat edýänlere goýberilip bilnerler. |
| Tele-hökümet (t-Government) | Telegepleşiklerli we talap boýunça mazmunly bolan, ýörite işlenilip düzülen hökümet kanallarynyň/portallarynyň üsti bilen eltilmegiň elektron, TW-e esaslanan, interaktiw, ýerüsti, sifrleýin gulluklary. Koreýa Respublikasynda “T-Gov” programmasy hökümetiň we jemgyýetçiligiň arasynda iki taraplaýyn gatnaşygy telewideniýeniň üsti bilen amala aşyrýar. |
| Hemme ýerdäki hökümet (u-Government) | “U” Ubiquitous (hemme ýerde) sözünden gelip çykdy, ol enjamlaryň, adamlaryň we kompýuterleriň arasyndaky islendik wagtda we islendik ýerde baglanyşyk hökmünde kesgitlenilýär. Ähli enjamlar kompýuterleşdirilerler we simli ýa-da simsiz aragatnaşygyň üsti bilen tora birikdirilerler. Şäherliler islendik wagtda we islendik ýerde köpkanally enjamlaryň (ykjam tehnologiýalara esaslanan) üsti bilen, u-Government maksatnamasynyň kömegi arkaly döwlet gulluklaryna elýeterlilik alarlar. |

## Instruktor üçin bellikler

“Okuw modullarynyň tapgyry baradaky” diýlip atlandyrylan bölümde bellenilişi ýaly, tapgyryň bu we beýleki modullary dürli diňleýjiler üçin dürli we üýtgeýän milli şertlerde bilimleri bermek üçin niýetlenilendirler. Bu modullar hem doly ýa-da bölekler boýunça, dürli usullar boýunça – auditoriýada ýa-da Internediň üsti bilen hödürlenilip bilnerler. Modullar aýratyn okuwçylar tarapyndan, okuwçylaryň topary tarapyndan, okuw mekdeplerinde, hem-de döwlet edaralarynyň çäklerinde öwrenilip bilner. Gatnaşyjylaryň derejesi we okuw sapaklarynyň dowamlylygy informasiýany hödürlemegiň jikme-jikleşdirilmeginiň göwrümini kesgitleýär.

Bu bellikler tälim berijilere modulyň informasiýasyny has netijeli hödürlemek boýunça käbir ideýalary we teklipleri hödürleýär. Okuw çemeleşmeleri we strategiýalar boýunça mundan buýanky görkezmeler *Döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin IKT Akademiýasyna* ugurdaş material hökmünde işlenilip düzülen, okuw maksatnamalaryny işläp düzmek boýunça gollanmada berlendirler. Ol gollanma http://www.unapcict.org/academy salgy boýunça elýeterlidir.

## Moduly ulanmak

Bu modulyň her bölümi okatmagyň maksatlaryny kesgitlemekden we “Özüňi barlamak üçin soraglar” atly soraglaryň toplumy bilen tamamlanýar. Okyjylar meseleleri we soraglary modulyň dowamyndaky öwreniş prosesini bahalandyrmak üçin esas hökmünde ulanyp bilerler. Her bölüm ara alyp maslahatlaşmak üçin soraglaryň birnäçesini we amaly gönükmeleri hem özünde saklaýar, olar okyjylar tarapyndan ýerine ýetirilip ýa-da mugallymlar tarapyndan ulanylyp bilnerler. Bu soraglar we gönükmeler okyjylara öz tejribesine esaslanyp, mazmuny bahalandyrmak we berlen soraglar barada oýlanmak mümkinçiligini bermek üçin işlenilip düzülendirler.

Modulyň mazmunynyň möhüm bölegini anyk tematiki derňewler düzýär. Olar ara alyp maslahatlaşmagy we derňewi, aýratyn hem, modulda hödürlenen esasy konsepsiýalaryň we ýörelgeleriň haýsy çäklerde real dünýäniň mysallarynda işleýändigini anyklamak üçin niýetlenilendirler. Internedi dolandyrmak ýagdaýynda soraglar şol bir wagtda halkara we milli ýa-da ýerli derejelerde seredilýärler. Köp işler ýerli we milli derejelerde, aýratyn hem, IKT-i, şol sanda Internedi ulanmak oblastynda ýerine ýetirilýärler. Instruktor modulyň temalarynyň ara alnyp maslahatlaşylmagynyň mazmunyny tassyklaýan beýleki mysallara we öz hususy tejribesinden bolan ýagdaýlara ýüzlenmeleri getirmek üçin gatnaşyjylarda höwes döredip biler.

## Okuw sapaklarynyň strukturirlenmegi

Auditoriýa, bar bolan wagta, ýerli aýratynlyklara we şertlere baglylykda modulyň mazmuny wagt boýunça dürli böleklerde hödürlenilip bilner. Instruktorlar ýurdy we auditoriýany öz düşünişiniň esasynda okuw sapaklarynyň strukturasyny üýtgedip bilerler.

90 minutlyk dowamlylygy bolan sapaklar üçin

Maksat elektron hökümetiň esasy düşünilişini, şol sanda, onuň peýdalylygyny esaslandyrmak we elektron hökümetiň 1.0. Bölümde ara alnyp maslahatlaşylýan taslamalarynyň üstünlige ýetmek üçin kritiki faktorlaryna düşünmegi ösdürmek bolup durýar.

3 sagat dowamlylygy bolan sapak üçin

Elektron hökümet üçin esaslar we üstünligiň kritiki faktorlary boýunça umumy ara alyp maslahatlaşmadan soňra elektron hökümetiň modelleri barada, elektron hökümeti ornaşdyrmak boýunça "ýol kartasyny" işläp düzmäge eltýän elektron hökümet oblastynda strategiki meýilnamalaşdyrmak barada syn geçiriň. Degişli ara alyp maslahatlaşmalary we gönükmeleri 2.0 Bölümde tapyp bilersiňiz.

Bir gün dowamlylygy bolan sapak üçin (6 sagat)

Bu möhlet elektron hökümetiň 3.0. Bölümde hödürlenen bir ýa-da iki goşundysyny öwrenmäge mümkinçilik berýär, bu elektron hökümetiň 1-nji we 2-nji Bölümlerde hödürlenen ýörelgelerine, modellerine we strategiki meýilnamalaşdyrylmaklyga goşmaçadyr. Elektron hökümetiň okamaga gatnaşyjylar üçin has aktual bolan goşundylaryna üns bermek has möhümdir, sapak interaktiw häsiýete eýe bolar ýaly ara alyp maslahatlaşmak üçin degişli soraglary ("Oýlanmak üçin soraglar") we amaly gönükmeleri ulanmaly.

Dowamlylygy üç gün bolan sapaklar

Bu möhlet ähli moduly gurşap almaga mümkinçilik berýär, şol sanda, elektron hökümetiň anyk goşundylary boýunça degişli tematiki barlaglaryň intensiw ara alnyp maslahatlaşmalaryny hem öz içine almak bilen. Elektron hökümet oblastynda taslamalaryň durmuşa geçirilýän ýerlerine ekskursiýalaryň üsti bilen "diri" tematiki mysallary goşmaly. Gatnaşyjylaryň elektron hökümeti strategiki meýilnamalaşdyrmagy üçin wagt tapyň, onuň netijelerini beýleki toparlara hödürlemeli.

## Awtor barada

**Nag Ýeon Li (Nag Yeon Lee)** häzirki wagtda köp guramalar üçin elektron hökümeti oblastynda IT-maslahat beriji we IT oblastynda maslahatçy bolup durýar, şol sanda, IT Hyundai üçin, onda ol 10 ýylyň dowamynda uly wise-prezidentiň wezipesini eýeledi. Ol IT-çözüwleriň kömegi bilen halkara biznesini ösdürmekde giň tejribä eýedir. Ol Koreýanyň Ultra Wide Band Forumynyň başlygynyň orunbasary boldy, ol ýerde ol WiFi, Wimedia, WiMax we Wibro simsiz aragatnaşyga degişli soraglar boýunça işledi. Ol IT-i okatmak boýunça koreý maksatnamasynda instruktor hem boldy, ol ýerde ol daşary ýurtly ýokary derejeli IT-hünärmenler üçin modullary işläp düzmäge gatnaşdy: 1) elektron hökümet boýunça: strategiýalary, goşundylary amala aşyrmak (G2B, G2C, milli maliýe ulgamy, salgyt ulgamy, howpsuzlyk ulgamy, elektron saglygy goraýyş, elektron okadylyş); 2) informasion strategiýany meýilnamalaşdyrmak, biznes-prosesleriň täzeden guralmagy we üýtgemeleri dolandyrmak. Ol 2002-nji ýylda Koreýa Respublikasynyň premýer-ministrinden ýetilen netijeler üçin ýörite baýrak aldy.

## IKTÖ AÝOM

BMG-iň ýanyndaky Ösüş üçin informasion we kommunikasion tehnologiýalaryň Aziýa-Ýuwaş okean okuw merkezi BMG-iň Aziýa we Ýuwaş okean üçin Ykdysady we sosial Iş toparynyň (AÝOYSIT) kömekçi edarasy bolup durýar. IKTÖ AÝOM edarasynyň maksady AÝOYSIT agza ýurtlaryň adam we institusional potensialy döretmegiň esasynda olaryň sosial-ykdysady ösüşinde IKT-i ulanmak boýunça tagallalaryny işeňňirleşdirmek bolup durýar. IKTÖ AÝOM edarasynyň işi üç sany esasy komponentlere jemlenen:

1. Okatmak. Ol IKT oblastynda syýasaty işläp düzüjileriň we IKT hünärmenleriniň bilimlerini we başarnyklaryny ýokarlandyrmak üçin, hem-de bolsa IKT oblastynda instruktorlaryň we okuw mekdepleriniň potensialyny berkitmek üçin niýetlenilendir.
2. Ylmy-derňewler. IKT oblastynda adam resurslarynyň ösüşi bilen baglanyşykly analitiki ylmy derňewleri geçirmek üçin niýetlenilen.
3. Maslahat bermeler. AÝOYSIT agzalaryň we assosiirlenen agzalaryň adam resurslaryny ösdürmek boýunça maksatnamalarda maslahat beriş hyzmatlaryny bermek üçin niýetlenilen.

IKTÖ AÝOM Koreýa Respublikasynda Inçon şäherinde ýerleşýär.
http://www.unapcict.org

## AÝOYSIT

AÝOYSIT Birleşen Milletler Guramasynyň sebitleýin kiçi düzüm bölegi bolup durýar we ol Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde ykdysady we sosial ösüş boýunça BMG-iň esasy merkezi hökmünde çykyş edýär. Onuň meselesi öz 53 agza we 9 assosiirlenen agzalarynyň arasynda hyzmatdaşlygy berkitmekden ybaratdyr. AÝOYSIT global hem-de milli derejelerde maksatnamalar we problemalar arasynda strategiki arabaglanyşygy üpjün edýär. Ol sebitiň ýurtlarynyň hökümetlerine sebitleýin pozisiýalary berkitmek işinde goldawy berýär we dünýäde globalizasiýa şertlerinde unikal sosial-ykdysady problemalary çözmekde sebitleýin çemeleşmeleri goraýar. AÝOYSIT Tailandyň Bangkok şäherinde ýerleşýär.

http://www.unescap.org

Döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin IKT Akademiýasynyň modullarynyň tapgyry

http://www.unapcict.org/academy

*Akademiýa* IKTÖ oblastynda ählitaraplaýyn gurşap alyjy okuw maksatnamasy bolup durýandyr, ol sekiz moduldan ybaratdyr, olaryň esasy maksady syýasaty işläp düzüjileri milli ösüşiň maksatlaryna ýetmek we "sifrleýin üzülmäni" ýeňip geçmek üçin IKT mümkinçiliklerini doly ölçegde ulanmak boýunça zerur bilimler we başarnyklar bilen üpjün etmek bolup durýar.

Modul 1 – IKT we doly bahaly ösüşiň arasyndaky özara baglanyşyk

Müňýyllygyň ösüş Maksatlaryna ýetmek üçin IKT-i ulanmak oblastynda esasy çözüwler we soraglar syýasaty döretmekden durmuşa geçirmeklige çenli şöhlelendirilýärler.

Modul 2 – Ösüş maksatlary üçin IKT syýasaty, prosesleri we dolandyryş

Esasy üns IKTÖ syýasatyny döretmek we dolandyrmak soraglaryna berilýär, hem-de bolsa milli syýasatyň, strategiýalaryň we çarçuwalaýyn strukturalaryň IKTÖ hemaýat berýän aspektleri boýunça möhüm maglumat teklip edilýär.

Modul 3 – Elektron hökümeti ulanmak

Elektron hökümetiň ýörelgeleri, amalyýetde ulanyşynyň ýörelgeleri we görnüşleri öwrenilýär. Bu ýerde elektron hökümetiň ulgamlaryny gurmak we taslamalaşdyrmak prosesiniň düşünjelerini kesgitlemegiň soraglaryna hem seredilýär.

Modul 4 – IKT-i ösdürmegiň tendensiýalary

IKT oblastynda häzirkizaman tendensiýalarynyň we ösüşiň geljekki ugurlarynyň derňewini saklaýar. Bu ýerde IKTÖ oblastynda çözüwleri kabul etmekde esasy tehniki we syýasy pikir ýöretmelere hem seredilýär.

Modul 5 – Internedi ulanmagy dolandyrmak

Internet toruny ulanmagy we peýdalanmagy düzgünleşdirýän halkara syýasatynyň we proseduralarynyň mundan buýanky ösüşine seredilýär.

Modul 6 – Informasion-torlaýyn howpsuzlygy we şahsy durmuşyň eldegrilmesizligini üpjün etmek

Informasion howpsuzlyk oblastynda soraglara we tendensiýalara, hem-de bolsa informasion howpsuzlygy üpjün etmek boýunça strategiýany işläp düzmek prosesine seredilýär.

Modul 7 – IKT oblastyndaky taslamalary nazaryýetde we tejribeçilikde dolandyrmak

IKTÖ oblastyndaky taslamalara gatnaşygy bolan taslamalary dolandyrmak konsepsiýalary, şol sanda taslamalary dolandyrmak oblastynda giňden ulanylýan usullar, prosesler we düzgünler hödürlenilýärler.

Modul 8 – Ösüş maksatlary üçin IKT-i maliýeleşdirmegiň wariantlary

IKTÖ we elektron hökümeti oblastynda taslamalary maliýeleşdirmegiň wariantlary öwrenilýärler. Ösýän ýurtlarda maliýeleşdirmegiň has peýdaly warianty hökmünde döwlet-hususy hyzmatdaşlygy şöhlelendirilýär,

Häzirki wagtda modullaryň ähmiýetliligini üpjün etmek we dürli ýurtlarda syýasaty işläp düzüjileriň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin Akademiýanyň milli hyzmatdaşlary tarapyndan ýerli tematiki ylmy barlaglar bilen bu modullaryň üstleri dolduryldy. Bu modullar dürli dillere hem terjime edildi. Ondan başga-da, syýasaty düzüjiler üçin, olaryň aktuallygyny üpjün etmek, hem-de bolsa 21-nji asyryň IKTÖ-ne gönükdirilen täze modullary işläp düzmek maksatlary bilen, modullar regulýar esasda täzelenilip durlar.

IKTÖ AÝOM wirtual Akademiýasy (AVA – http://ava.unapcict.org)

- Akademiýada distansion okatmagyň Internet-platformasy
- Akademiýanyň ähli modullarynyň, şol sanda, wirtual umumy sapaklar, prezentasiýalar we tematiki ylmy barlaglar üçin onlaýn režimde elýeterliligi üpjün etmek işlenilip düzüldi.
- Okaýan şahslara öz seretmegi boýunça materiallary öwrenmäge mümkinçilik berýär.

Bilelikdäki iş üçin IKTÖ-iň elektron merkezi
(e-Co Hub – http://www.unapcict.org/ecohub)

- IKTÖ oblastynda bilimleri alyş-çalyş etmek üçin resurs we torlaýyn portal.
- Modullaryň mazmunyna oňaýly elýeterliligi berýär.
- Ulanyjylar onlaýn režimde diskussiýalara gatnaşyp we e-Co Hub praktikleriniň Internet jemgyýetçiliginiň bölegi bolup bilerler, ol tejribäni alyş-çalyş etmek we IKTÖ oblastynda bilimleriň esasyny giňeltmek üçin gulluk edýär.

AVA we e-Co Hub tarapyndan berilýän hyzmatlardan doly ölçegde peýdalanmak üçin şu salgy boýunça hasaba alnyň: http://www.unapcict.org/join_form

**IKT Akademiýasynyň döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin modullarynyň tapgyry**

Nag Ýeon Li

**Modul 3: Elektron hökümetiň ulanylyşy**

Iňlis dilinden terjime
A.S. Bakenowyň redaksiýasy astynda

Ofset kagyzy. Arial garniturasy
11.39 çap sahypasy. Tiraž: 200 sany

Sahaplama M.Usubaliýewa tarapyndan amala aşyryldy

Dizaýn we belgileme: Scandinavian Publishing Co., Ltd and studio triangle

Gyrgyz Respublikasynyň Informasion tehnologiýalaryň Milli Merkezinde we JÇJ "Zest-Asia" çap edildi.